**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**M.Hudaýýarow**

# Demografiýa we ilatyň geografiýasy

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat 2010**

# M a z m u n y:

1. Ilatyň geografiýasy, demografiýanyň esaslary dersi we öňünde durýan wezipeleri………………………………………………………..3

2.Ýer ýüzünde adamzadyň emele gelşi…………………………….........9

3.Merkezi Aziýada we Türkmenistanda ilkinji adamlaryň ýaşan sebitleri……………………………………………………………..14
4.Ilatyň oturymly hojalygynyň emele gelmegi…………………………18
5.Demografiýanyň we geodemografiýanyň esaslary…………………..25
6.Ilatyň göçmekligi (migrasiýasy)……………………………………..31
7.Dünýäniň ilatynyň ýerleşişi we gürlügi…………………………  36
8.Ilatyň maşgala we jyns düzümi………………………………………38
9.Ilatyň ýaş aýratynlygy……………………………………………… 42
10.Dünýäniň ilatynyň daşky sypatynyň dürlüligi………………………44
11.Ilatyň dil we milli aýratynlygy………………………………………48
12. Ýewropanyň halklary we olaryň ýerleşisi…………………….....55
13. Aziýanyň halklary…………………………………………………..57
14 Afrika materiginiň halklary…………………………………….. ..58
15  Amerika materikleriniň  ilaty…………………………………………59
16. Awstraliýanyň we Ummanystanyň ilaty………………………… ..60
17. Dünýäniň ilatynyň din aýratynlygy……………………………  ..66
18 Dünýäniň şäher we oba ilaty……………………………………….. 69
19. Ilatyň üznüksiz köpelişi......................................................................75
20. Ilatyň köpelişini çäklendiriji demografiki syýasatlar……………. ..80
21.Dünýäniň ilatynyň köpelşine dürli geografiki we demografiki garaýyşlar…………………………………………………………………83

## I. “Ilatyň geografiýasy, demografiýanyň esaslary” dersi, öňünde durýan wezipeleri.

Ilatyň geografiýasy dersi we onuň düzümi.
Dünýäniň we Türkmenistanyň ilatynyň öwrenilişi
Ilat meselelerini öwrenmekligiň derwaýyslygy.
“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli maksatnamasynda ilatyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmak barada.

### Edebiýat

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Aşgabat.
Голубчик М.М., Э.Л. Файвусович, А.М. Носонов, С.В. Макач. Экономическая и социальная география: основы науки: М. Владис, 2003, с. 200-228.

### 1. Ilatyň geografiýasy dersi we onuň düzümi.

“Ilatyň geografiýasy we demografiýanyň esaslary“ dersi geografiýa hünäriň II ýýl talyplary üçin niýetlenilýär. Bu dersde Dünýäniň we Türkmenistanyň ilatynyň öwrenilişi, ýer ýüzünde adamzadyň emele gelişi, ilatyň emele gelşine dini we ylmy garaýyşlar, häzirki zaman adamlaryň ata-babalarymyzyň ilkinji dörän sebitleri, olaryň köpelip köne dünýäni eýeläp başlamagy hakynda maglumatlar berilýär. Soňra Merkezi Aziýada we Türkmenistanda ilkinji adamlaryň ýaşan ýerleri, sebitleri, adamlaryň Ýewropa, Amerika we Awstraliýa aralaşmagy, oturymly ilatyň, onuň hojalygynyň emele gelmegine geografiki şertleriň we baýlyklaryň täsiri barada talyplara gürrüň berilýär.

Adamzadyň tebigata ýetiren täsirleri netijesinde, iýmit gytçylygynyň döremegi, olaryň ekerançylyk we maldarçylyk pudaklary bilen meşgullanmagyna iterji berýär. Şeýlelikde, göçüp-gonup ýören adamlar oturymly hojalygy ýöretmäge mejbur bolýarlar. Olar aw awlanda tutan ýabany haýwanlaryny eldekileşdirip başlaýarlar. Ýawany ösýän däneli, kösükli ösümlikleriň tohumlaryny ekmeklige girişýärler. Netijede, olar ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanyp öz güzeranlaryny görüpdirler. Oba hojalygynyň, hünärmentçiligiň ösmegi bilen zähmet bölünişigi we döwletler döreýärler.

Şeýlelikde ýer togalagynda adamzadyň sany köpelýär. Olaryň tebigy artyşy ylym bilen meşgullanýan hünärmenleriň ünsini özüne çekýär. Netijede, demografiýa ylmyň pudagy hökmünde emele gelýär.

Bu dersde demografiýanyň we geodemografiýanyň esaslary: ilatyň tebigy köpelişi, çaga dogulyşynyň, adam ölüminiň, maşgala düzüminiň, tebigy ösüşiniň görkezijileri, adamyň orta ýaşy hakda bölümçeler bar.

Soňra “Ilatyň göçüp-gonup ýörmekliginiň sebäpleri, häzirki wagtda döwletiň içinde we daşynda ilatyň göçüşi, onuň sebäpleri, göçüşiň görnüşleri hakda bölümçelere giň orun berilýär.

Dünýäniň ilatynyň ýerleşişi, gürligi, maşgala we jyns düzümi, ýaş aýratynlygy, daşky sypatynyň dürlüliginiň sebäpleri, dil we milli aýratynlygy, bilim derejesi we ykdysady işeňňir bölegi, din aýratynlygy, şäher we oba ilaty, ilatyň köpelişine dürli geografiki we demografiki garaýyşlar barada bölümçeler girizilen.

## 2. Dünýäniň we Türkmenistanyň ilatynyň öwrenilişi.

Dünýäniň ähli döwletlerinde diýen ýaly ilat ösüşi bilen bagly meseleler öwrenilýär. Bu meseleler şol döwletleriň çäginde ýaşaýan ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, zähmet baýlyklaryny, gorlaryny işe ýaramly adamlaryň žähmedini) tygşytly peýdalanmak esasy meselele bolup durýär.

Ilat bilen baglanyşykly ähli meseleleri BMG çäginde ýörute “Ilat meseleleri boýunça BMG ýörute fondy”, (Bütündünýä saglygy goraýyş guramasy), BMG ilat boýunça ýörüte bölümi, BMG Azyk we oba hojalyk meseleleri boýunça, ÝUŇESKOnyň statistika instituty we başga-da birnäçe guramalary bar. Bu guramalar dünýäde ýaşaýan ilatyň abadançylygy barada köp işleri amala aşşyrýarlar. BMG ilat bilen baglanyşykly guramalary dürli meseleleri çözmek üçin konferensiýalar, mejlisler (sessiýalar), dürli ýygnaklary geçirip durýarlar. Bu guramalar konferensiýalarynda, ýygnaklarynda ilatyň ösüşi we abadançylygy bilen baglanyşykly dürli meselelere: ilatyň tebigy köpelişi (dogulýanlaryň we ölýänleriň sany), ýaşlar, ýetginjekler (şol sanda gyzlar we oglanlar problemalary), olaryň dürli ýokanç keseller bilen keselleýişleri, mekdep we bilim almak meseleleri, ilatyň saglygyny goramak, ilata edilýän medisina hyzmaty, garrylaryň ykbaly, boşgunlar baradaky, işsizlik, ilaty azyk önümleri bilen üpjün etmek, zenanlar meselesi, dünýäniň döwletlerinde ýaýran häzirki zaman keselleri we başga-da birnäçe meselelere seredilip geçilýär. Bulardan başga-da Monreal şäherinde döredilen Bütündünýä statistiki institut ilata degişli köp meseleleri öwrenýär. Şol barlaglaryň jemi dünýäniň dürli halklarynyň dillerinde kitap, gollanma hökmünde çap edilýär. Dürli döwletlere ýaýradylýar.

Ilat we demografiýa meseleleri dünýäniň ösen döwletleri (ABŞ, Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Hytaý, Germaniýa, Russiýa we beýleki döwletler) tarapyndan köptaraplaýyn öwrenilýär. Olaryň netijeleri halkara, döwletara derejelerinde geçirilýän konferensiýalarynda ara alnyp maslahatlaşylýar.

Bu döwletleriň köpüsinde ilaty öwrenýän ylmy-barlag institutlarda, ýokary okuw mekdeplerde işlär ýaly hünärmenleri (ilat öwrenijileri, demograflary) taýýarlaýarlar. Ösen döwletlerde ýöriteleşen ylmy-barlag institutlarda diňe öz döwletleriniň ilatlaryny öwrenmän, eýsem dünýäniň beýleki döwletleriniň ilatyna degişli dürli meseläniň üstünde hem işleýärler.

Ilat meselesi Türkmenistanda ylmy-barlag institutlarda, ýokary okuw mekdeplerde giňden öwrenilýär. “Türkmenmillihasabat” instituty tarapyndan döwletiň ilatyna degişli ähli maglumatlar toplanýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň ykdysadyýet fakultetinde we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Geografiýa kafedrasynyň mugallymlary tarapyndan hem ilat meseleleri öwrenilýär we ylmy işler edilýär.. Geografiýa bölümiň we Türkmen halk hojalyk institutyň “statistika” hünäriniň talyplaryna “Demografiýadan” we ilatyň geografiýasyndan sapaklar geçilýär. “Geografiýa” hünäriň gutardyş kursunda “Türkmenistanyň ilaty we durmuş geografiýasy” atly ýöriteleşdirilen sapak boýunça okuw okadylýar. TDU-nyň “Geografiýa” kafedrasynda BMG-nyň Türkmenistandaky guramasynyň howandarlyk etmeginde “Ýaş demografyň mekdebi” döredildi. Bu mekdebiň esasy maksady talyplara, mekdeplerdäki geografiýa we taryh derslerini okadýan mugallymlara “Ilatyň geografiýasy we demografiýanyň esaslary” barada respublika we dünýä möçberinde bolup geçýän täzelikler bilen tanyşdyrmakdan ybaratdyr.

**3.Ilat meselelerini öwrenmekligiň derwaýyslygy.**

Ilatyň geografiýasy we demografiýanyň esaslary hakynda Dünýäniň köp döwletleriniň we Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde ykdysady, jemgyýetçilik, tebigy ylymlaryň okadylýan bölümlerinde, fakultetlerinde esasy ders hökmünde talyplara düşünje berilýär. Bu dersiň okadylýanlygynyň birnäçe sebäpleri bar: birinjiden – ýokary mekdeplerde ylym, bilim alýan ýaşlara ilat hakynda umumy düşünjäniň zerurlygy; ikinjiden – ilatyň tebigy artyşyny, geografiki ýerleşişini, işe ukyply raýatlaryň sanyny, kär, jyns, ýaş, din aýratynlygyny, maşgala süzümini, göçýänliginiň sebäplerini bilmezden halk hojalyk we hususy kärhanalary ýerleşdirmek meselelerini çözmek aňsat düşmeýär. Bulardan başga-da her bir dowletiň raýaty öz döwletiniň we dünýäniň beýleki döwletleriniň ilatynyň artyşy, hem-de ilata degişli meseleler bilen gyzyklanýär. Döwletlerde bazar ykdysadyýetiniň höküm sürýän döwründe önümçiligi ýerleşdirmek, dolandyrmak, gowy netijeler gazanmak (öndürijiligini artdyrmak, önümiň hilini gowulandyrmak, öndürilýän önüme bolan islegi kanagatlandyrmak we ş.m.) meseleleri oňyn çözmek üçin ilaty öwrenmekligi tejribe we dumuş talap edýär.

Ilatyň ýerleşişini we onuň geografiýasyny jemgyýetçilik we tebigy ylymlary hem öwrenýärler. Şolaryň arasynda ilaty has içgin, köptaraplaýyn öwrenýän ylym pudaklarynyň biri **demografiýa** hasaplanýar.

Şol bir wagtyň özünde demografiýa “Halk”, “Ilat”, “Jemgyýet” diýilýän adalgalar we düşünjeler bilen hem baglanyşykly. Ol döwletiň “hukukly ilatyny” (юридическое население), ýagny döwletiň raýatlarynyň ilat ýazuwy geçirilen mahaly nirede bolsalar hem tapawudy ýok, olary bar bolan “ähli ilatyň” jeminden tapawutlandyryp bilmekligidir. “Demografiýa” beýleki jemgyýetçilik ylymlaryndan tapawutlylykda ilatyň mukdar häsiýetnamalaryny, olaryň düzüminde kesgitli hünärler boýunçä näçeräk adamlaryň bardygyny, sowatlylaryň sanyny, ilatyň milli (etniki) taraplaryny, tebigy artyşyny, onuň bereketini (migrasiýasyny), ölüm-ýitimini, nesilleriň çalyşyp durmagyny we başga-da birnäçe meseleleri öwrenýär. Demografiýanyň esasy öwrenýän obýekti “adam” hasaplanýar. Onun ýasaýan

döwründe fiziologik aýratynlyklary üýtgeýär. Şonuň bilen birlikde onuň ýaşaýan ýeri, maşgala ýagdaýy, iş ýeri, hünäri, jemgyýetçilik ýagdaýy, bilim derejesi, dil bilişi ýokarlanýar. Ýetginjekleriň nikalaşmagy bilen maşgalaly adamlaryň sany artýar. Şol bir wagtyň özünde sallah gezip ýörenleriň sany azalýär. Nikanyň bozulmagy nikada duran raýatlaryň sanyny kemeltýär. Wagtyň geçmegi bilen deň-duşlar garraýarlar, agtykly-çowlukly bolýarlar. Her bir okuw ýylyň tamamlanmagy bilen sowatly adamlaryň sany köpelýär. Käbir raýatlaryň iş we ýaşaýan ýerlerini üýtgetmegi bilen migrasion hereketler başlanýarlar. XV-XVI asyrlardan tä XIX asyra çenli migrasiýä täze ýerleri (materikleri) özleşdirmekde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Biziň günlerimizde migrasiýa bir etrapda ilatyň azalmagyna, başga bir etrapda bolsa ilatyň sanynyň artmagyna sebäp bolýar. Migrasiýa bir ýurduň çäginde ilatyň umumy sanynyň ýütgemegine täsir edip bilmeýär. Eger-de, ilat bir ýurduň çäginden çykyp başga bir döwlete, ýa-da materige göçüp gitse, onda ilatyň umumy sanyny kemeldýär.

Ilatyň umumy sany dogulýanlaryň we ölýänleriň sany bilen kesgitlenilýär. Eger dogulýanlaryň sany ölýänleriň sanyndan artyk bolsa, onda ol “ilatyň tebigy ösüşini, ýa-da köpelişini” aňladýar. Tersine, ölýänleriň sany dogulýanlardan agdyklyk etse, onda döwletiň ilaty ýylsaýyn azalmak bilen bolýar. Ilat garraýar. Ilatyň tebigy artyşy netijesinde nesil täzelenýär. Ilatyň tebigy köpelmegi sebäpli onuň ýaş we jyns düzümi üýtgeýär. Dogulýänlaryň arasynda belli-bir jynsyň (oglanyň, ýa-da gyzyň) agdyklyk etmegi, ölýänleriň arasynda-da seýle ýagdaýyň saklanmagy döwletiň çäginde haýsynda bolsa bir jynsyň agdyklyk etmegine, beýlekiniň ýetmezçiligine getirýär. Döwletde dogulýan çagalaryň, sany uzak wagt içinde ýaşajak aýallaryň we erkekleriň sanyny bilmeklige mümkinçilik döredýär. Dogulýänlaryň sanyny öwrenmek bilen “demografiýa” ilatyň ösüşiniň hil aýratynlyklaryna hem uns berýär. Ilatyň artyşyny öwrenmek bilen: ilatyň köpelişi nähili: ölüm-ýitimiň ýagdaýy nähili; döwletde ilatyň artyşy ýeterlikmi diýen soraglara jogap berip bolýar. Demografiýada ilat barada anyk maglumatlaryň çeşmesi bolup “Ilatyň hasabaty”, ýa-da “Ilatyň hasabat gullugy” hyzmat edýär. Ilatyň hasabat gullugy-döwletiň çägindäki ilatyň umumy sanyny, düzümini, ýerleşişini, hereketini, jyns, ýaş, din aýratynlyklaryny, bilim, hünär derejesini, oba we şäher ilatyny meýdan-çäklerde ýerleşişi boýunça hasaba alýar. Bu aýdylanlary öwrenmekleik üçin demografiýanyň birňäçe barlag usullary bar.

Ilatyň ösüşine dürli ýagdaýlaryň täsir etmegi bilen, ol mydama hereketde bolýar, ösýär, köptaralaýyn kämilleşýär. Käwagtlar ilatyň ýaşaýan ýerine gözöňüne tutmazdan hakyky ilat ýa-da maşgala demografik taýdan seljerilýär. Meselem: döwlet möçberinde mekdep okuwçylary, mugallymlary, ýa-da beýleki kärdäki raýatlaryň sany. Munyň tersine käbir meýdan-çäklerde erkek we aýal adamlaryň, belli-bir ýaşdaky adamlaryň sany, oba ilaty, şäher ilaty, fiziki zähmet bilen meşgullanýänlar we beýlekiler. Bular hem dürli usu;;ar bilen öwrenilýär we demografiýada käbir kanunalaýyklyklary anyklamaga hyzmat edýär.

Demografiýanyň ösmegine esasy täsir edýän zat “nesiliň emele gelmegi” hasaplanýar. Nesliň demografik manysy belli bir döwür we wagt içinde dogulan ilatyň jemi. Bir döwürde, wagt içinde dörän nesil, şol döwrüň taryhy we durmuş

wakalaryny başdan geçirýärler: bir döwürde bilim alýanlar; durmuşa çykýarlar, öýlenýärler; nesil öndürýärler; işe ýerleşýärler; dynçalyşa çykýarlar; garraýarlar we wepat bolýarlar. Şu ýagdaýlaryň amala aşyrylyşy döwrün wakalary bilen deňeşdirilip seljermegi mümkin. Deňeşdirilip seljerilende şol döwürde nesil çalşylanda öňki döwürlerdäki demografik wakalar hem göz öňünde tutulsa gowy netijeleri berýär.

Demografiýa – sözi grekçe “demos” – halk, “grafiýa” – ýazgy bermek diýmekdir. Başga-de ýene bir adalga “demologiýa” hem bar. Bu sözde “logos” ylym diýen manyny berýär. Adamzada biologiki jandarlaryň ýokary wekili hökmünde “populýasiýa” diýen adalga hem ulanylýar. Bu söz hem grekçe “halk” diýen manyny berýär. Köplenç köp edebiýatlarda ilat hakda ýazylan ylmy işlerde hem “demografiýa” adalga giň gerim bilen ulanylýar.

Demografiýa boýunça ilkinji bolup, iňlis alymy Jon Graunt 1662-nji ýylda London ýaşaýyjylarynyň adam ömrüniň ortaça dowamlylygyň (AÖOD) tablisasyny düzüpdir. Onuň çap eden kitabynda demografiýanyň dersi, barlag usullary, maksady beýan edilipdir. Onuň pikirine görä “Ilatyň umumy sanyny, döwletiň – ülkäniň çäginde näçe aýal – erkekleriň barlygyny, olardan näçesi nikada durýanlary, nikada dälleri anyklamak, aýallaryň arasynda nesil öndürmäge ukyplylaryny seljermek, ýedi hem-de on ýaşly çagalaryň sanyny, patyşalygyň ähli ýerleriniň meýdanyny, olarda ýaşaýan adamlary jynsy, maşgalasy, ýasy, dini-adaty saklaýşy boýunça, harby çinini bilmek döwlet ähmiýetli iş hasaplanýar” diýip belläpdir.

Ilat meselelerini ykdysadyýet bilen baglanyşdyryp U. Petti, G. King (Beýik Britaniýa), A. Deparsýe (Fransiýa) öwrenipdirler. XVIII asyrda bu meseleleri matematiki usullary peýdalanyp W. Kersebom (Gollandiýa), P.W. Wargentin (Şwesiýa), L. Eýler (Russiýa) we beýlekiler birnäçe ylmy ýazgylar galdyrypdyrlar.

Dini taglymatlara garaşsyz ilatyň tebigy artyşynyň kanunalaýyklaryny ilkinjileriň hatarynda Germaniýaly Zýusmilh tarapyndan öwrenilýär. XIX asyrda J. Taunsendiň (Beýik Britaniýa), B. Frankliniň işleri edebiýatda bellidir. Şol ýyllarda ýazylan “Ilat kanunynyň tejribesi” T.R. Maltusyň (Beýik Britaniýa) işi okyjylar köpçüligine bellidir.

1855-nji ýylda fransuz alymy A. Giýaryň ilat hakda ýazan ylmy işlerinde ilkinji gezek “demografiýa” adalgasy getirilýär. Onuň pikirine görä “demografiýa – adamzat nesliniň tebigy we sosial taryhy” diýen kesgitnama berýär. Soňra demografiýa degişli G. Spenseriň (Beýik Britaniýa), W. Zombartyň ( Germaniýa), A.Dýumonyň (Fransiýa), R.Perliň (ABŞ), W.Bortkewiçiň we R.Kuçinskiniň (Germaniýa), A.Lotkoýyň (ABŞ) ylmy işleri çap edilipdir, Russiýada ilkinji demografik işler adamlaryň ölüm-ýitimine, nikalaşmak meselelerine degişli ylmy işler peýda bolýar. Olardan D.Bernulliniň işleri bellemäge mynasypdyr. Ilatyň ösüşine we syýasatyna degişli çuňňur taglymat esaslary M.W.Lomonosowyň, I.F.Germanyň, W.M.Grebenşikowyň, W.Ýa. Bunýakowskiniň, A.Bebeliň, G.W.Plehanowyň, W.I.Leniniň ylmy işlerinde beýan edilýar.

Demografiýanyň ösmegine rus alymlary B.S.Urlanisiň, A.G.Wolkowyň, A.Ýa. Boýarskiniň, D.Y.Walenteýiň, A.Ýa.Kwaşanyň, S.I.Brukyň, A.W.Akimowyň, A.Ýe.Slukanyň we beýlekileriň bitiren işleri bellemäge mynasypdyrlar.

4. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli maksatnamalarynda ilatyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmak barada.

2004-nji ýylda “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli baş ugry” Milli maksatnamasynda ilatyň maddy-hal ýagdaýyny dowulandyrmak barada meseleler kabul edildi.

Durmuş toplumynda täze hassahanalaryň, saglyk öýleriniň, anyklaýyş merkezleriniň gurulmagynyň hasabyna,saglygy goraýşyň derejesi dünýä ülňüleriniň derejesine ýetiriler.

Mekdepleriň kuwwatlylygynyň işe girijilişi 21 essä golaý artar, mekdebe çenli çagalar edaralaryndaky orunlaryň sanynyň işe girijilmegi 24 esse köpeler. Ilatyň medeni derejesini ýokarlandyrmaga kitaphanalaryň, teatrlaryň, kinotetrlaryň sanynyň artmagy ýardam eder.

Ýaşaýyş jaý syýasatynyň baş ugrunyň maksady-1 adama düşýän ýaşaýyş ölçeglerini Ýewropa ülňülerine laýyk getirmek şeýle hem howa şertlerini göz öňune, tutup amatly şertleri döretmek bilen ilatyň ýaşaýyş jaý bilen upjünçiligini gazanmak bolup dürýär. Giň gerimli ýaşaýyş jaý gurluşygy 2020-nji ýylda hil taýdan täze ýaşaýyş jaýlaryny emele getirmäge mümkinçilik berer.. Ilatyň ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligini 2020-nji ýyla çenli 35 $m^2$ çenli ýetirmek maksat edinilýar.

Ilatyň girdejileriniň artmagy , ýaşaýyş jaýyny gurmak we satyn almak üçin uzak möhletli bank karzlarynyň berilmegi hususy ýaşaýyş jaýlarynyň ösmegine ýardam eder. Umumy ýaşaýyş jaýlarynda onuň paýy 96,5% deň bolar.

2020-nji ýyla çenli döwletiň durmuş-ykdysady ösüşi, ilatyň girdejileriniň mundan beýlägem artmagy her bir maşgala üçin köp dürli jemagat we durmuş hyzmatlary bolan has amatly ýaşaýyş jaýyny saýlap almaga esas we mümkinçilik döreder.

2020-nji ýyla çenli Türkmenistanyň durmuş-ykdysady syýasatynda raýatlaryň girdeji almaklary üçin amatly şertleri we deň mümkinçilikleri döretmegi, girdejileriň esasy çeşmeleriniň ýokarlanmagyny we ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýa derejesine ýetirmegi göz önünde tutýan ugry saklanyp galar.

Ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak üçin,öňi bilen ilatyň girdejilerini ýokarlandyrmak we zähmet çekmek üçin höwesi güýçlendirmek, iş hakyny işgäriň we onuň maşgalasynyň gurply ýaşaýsyny üpjün edýan ygtybarly we esasy çeşmä öwrenmek göz önunde tutulýar.

Ilatyň girdejileri babatdaky syýasatyny kämileşdirmekligiň çäklerinde iş hakyny düýpli ýokarlandyrmak baş wezipe bolar. Onuň möçberleriniň artdyrylmagy žähmetiň netijeliligini we onuň abraýyny ýokarlandyrar.

Sundan ugur almak bilen, žähmede hak tölemek ulgamyny özgertmek, işgärleriň hünär derejesi, zähmetiniň hili bilen hak tölemegiň arasyndaky ykdysady arabaglanyşygy güýçlendirmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmek ileri tutulýan ugur bolar.

2005-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda zähmet haky 2003-nji ýyla garanyňda 50% ýokarlanar. Iş haky söňraky her bäş ýylda 2 esse ýokarlanar we ol 2020-nji ýylda 2003-nji ýyla garanyňda 12 esse köpeler. Bu bolsa

önümçiligi ösdürmediň, dünýä ülňülerine laýyk gelýan ýokary hilli önümleriň öndürilişini, önümleriň daşary ýurtlara çykarylyşyny artdyrmagyň netijesinde üpjün etmekde döwlet baş kepil bolmagynda galar. “Türkmenistanyň ilatyny elektrik energiýasy, gaz, suw we duz bilen mugt üpjün etmek hakyndaky” kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň ilatynyň elektrik energiýasy, gaz, suw we duz bilen mugt üpjün etilmegi 2020-nji ýyla çenli uzaldyldy. 2020-nji ýylda şu maksatlar üçin döwlet tarapyndan berilýan serişdeler 2000-nji ýyl, bilen deňeşdirilende 5,3 esse köpeler. Ýaşaýyş üçin möhüm bolan bu hyzmatlaryň bahasy maşgala býüjetiniň 60%-ni tutýandygyny belläp geçmek gerek.

Ýerli häkimetiň garamagyndaky ýaşaýyş jaýlarynyň öý üçin töleglere döwlet tarapyndan nyrh ýeňillikleri saklanyp galar. Hususy ýaşaýyş jaýlary üçin mündany beýläk hem salgytlar salynmaz. Şonuň netijesinde, Türkmenistanda ýaşaýyş jaý-jemagat hyzmatlary üçin çykdajylar ilatyň sarp ediş çykdajylarynyň iň az bölegine den bolar.Jemgyýetçilik ulanyşdaky ulaglardan peýdalanmakda, telefon aragatnaşyk üçin ilatyň tölegleri boýunça Türkmenistanyň ýaýyjylary üçin nyrh ýeňillikleri saklanar.

## II. Ýer ýuzünde adamzadyň emele gelişi.

**1. Ilatyň emele gelişine dini we ylmy garaýyşlar.**

1. **Häzirki zaman adamlaryň atababalarynyň ilkinji dörän sebitleri.**
2. **Ilatyň köpelip köne dünýäni eýeläp baslamagy.**

## E d e b i ý a t

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Машбиц Я.Г., Покшишевский В.В., Н.Н. Чебоксаров Происхождение человека и заселение Земли. В кн.; Страны и народы. Земля и человечество. М. Мысль 1978. с.91-101
Рогинский Я.Я. Проблемы антропогенеза. М., «Высшая школа» 1977
Атагаррыев И.А., Бердиев О. Первобытно-общинный строй на территории Туркменистана. В кн.: Туркменская ССР. Ашхабад,1984

## 1. Ilatyň emele gelişine dini we ylmy garaýyşlar.

Adamzadyň emele gelişine iki hili garaýyş bar. Olaryň biri dini goraýyş. Dini garaýyşlara görä adamzadyň köki. Adamata we Howeneden başlaýar. Hudaý adamzadyň asly Adamatany ilki ýasap, ony uçmahda ýasadypdyr. Soňra onuň içi gysyp tukat gezenligi sebäpli Howenäni döredipmişin. Howene seýtanyň gepine gidip uçmahy hapalany üçin, ony we Adamatany uçmahdan çykarypdyr. Howenäni Arabystan Yarym ada Jidda şäheriň golaýynda çöle oklapdyrlar. Adamatany bolsa häzirki Seýlon (Şri-Lanka) adasyna eltipdirler. Adamatany ýerde içi gysyp Howenani küýseýär, gözleýär. Oňa Jewraýyl perişde kömek edýär. Seýlon adadan Hindistana tarap geçýär. Howene hem öz gezeginde Adamatany gözläp bäslaýar.Häzirki Mekge şäheriniň golaýyndaky Ararat dagyndaky çeşmeden ýokaryk çykyp gözleýär. Seretse Adamata sekilinde şeýtan gelýar. Onuň şeýtandygyny gözlerinden tanaýar. Adamata seýlelik-de 200 ýyldan soň Howenä duşýär. Bulardan nesil önüp , adamzat nesli emele gelipdir.

Biologiýa, antropologiýa, demografiýa ylymlaryň wekilleriniň tassyklamaklaryna görä häzirki zaman adamlaryň ata-babalary haýwanat dünýäniň iň ýokary wekili adama meňzeş maýmynlardan (antropoidlerden) emele gelipdirler. Olar primatlar otrýada (süýtemdirijileriň ýokary otrýady oňa maýmynlar, adama meňzeş maýmynlar we häzirki zaman adamlar) degişli edilýär.1871-nji ýylda Çarlz Darwiniň "Proishoždeniýe çeloweka i polowoý otbor" kitabynyň çykmaklygy janly tebigatyň ewolýusion ösüşini şol sanda adamzadyň ewolýusion ösüşini bütindünýäniň alymlary ykrar etdiler.

Antropologiýa, demografiýa, biologiýa ylymlaryň irkilleriniň tassyklamalaryna görä häzirki zaman adamlaryň ata-babalary **driopitekler** (agaçlarda ýaşan adama meňzeş maýmynlar) bolupdyrlar. Olary biologiýada "gominidler" (homo-adam)mäsgalasyna degişli edýärler. Biologiýasy boýunça **antropoidleri** (gorilla we şimpanze) hem ýakyn hasaplanýar. Agaçlarda ýaşan adama meňzeş maýmynlaryň (driopitekleriň) galyndylary (süňkleri) Köne dünýäniň birnäçe sebitlerinde arheologlar, antropologlar tarapyndan tapylypdyr. Olar 27-12 million ýyl ozal.Afroýewroaziýanyň tropiki tokaýlarynda ýaşapdyrlar. Olardan nesil

hökmünde, biologik taýdan has kämilleşen ramapitekler 14-8 million ýyl oň ýaşap geçiripdirler. Gadymy hindi mifiki "Ramaýana" poemasynyň gahrymany, şazada Ramanyň adyny ebedileşdirmek we Demirgazyk Hindistanda tapylanlygy üçin ramapitekler diýip atlandyrypdyrlar. Ramapitekleriň galyndy sünkleri Afrikada gazuw-agtaryş işleri geçirilende Keniýada hem tapylypdyr.

Köp alymlaryň pikirlerine görä adam şekilli maýmynda (pongidler) bilen gominidleriň (adamlaryň) düýbi bir agaç bolup ramapitekler olaryň aýrylyşýan şahasy hökmünde seredýärler. Ramapitekler tretik döwrüniň ahyrynda klimatyň gurak we kontinentallaşan döwründe ýaşapdyrlar. Tropiki tokaýlar seýrekleşip olaryn meýdanlary azalyp ugraýar.

Alymlaryň pikirlerine göra ramapitekler köplenç ýagaýda iki aýagynyň üstünde ýöremäni başarypdyrlar. Olar aw awlanda haýwan süňklerinden,ýaşalan gurallardan daşlardan agaçdan edilen taýaklardan peýdalanypdyrlar. Ramapitekleriň süňk galyndylary, alymlaryň çaklaýşy ýaly Aziýanyň we Afrikanyň yssy guşaklyklarynda tapylypdyr.

**Awstralopitikler** we **habilisler** ramapitekleriň nesilleri hasaplanýarlar.

## 2. Häzirki zaman adamlaryň ata-babalarynyň ilkinji dörän sebitleri.

Awstralopitekleriň dürli süňk galyndylary häzirki. Afrika döwletleriniň çäklerinden tapylypdyr (Tanzaniýa, Efiopiýa, Çad, GoAR). Olar tretik döwrüň ahyrynda çetwertik zamanyň başynda 5,%-1,5 mln ýyl mundan ozal ýaşap geçiripdirler.

Olar açyk giňişliklerde iki aýagynyň üstünde arkaýyn ýoremäni başarypdyrlar.

Olaryň kelle beýnisiniň göwrümi 500-600 kub santimetr bolup, häzirki zaman adamlarynyňkydan (1100-1800 kub.sm.) 2-3 esse kiçi bolupdyr. Keniyada, Efiopiýada tapylan sünklerinin ýany bilen çagyl daşdan ýasalan dürli žähmet gurallary hem tapylypdyr. Olaryň ýaşyny 2,1-2,6 mln ýyl diýýärler.

1960-njy ýylda belli iňlis arheology Lüis Liki Tanzaniýada Oldowaý derýasynyň julgesinde awstralopitegiň süňklerini tapypdyr. Onuň ýaşyny radioizotop usuly bilen kesgitleseler 2 mln ýyla golaý bolupdyr. Onuň aýagynyň penje süňkleri göni ýörändigini subut edýär. Beýnisiniň göwrümi 650 kub.Sm-e barabar diýip kesgitlenipdir. Bu ýagdaý awstralopiteklere garanda has ösenligi sebäpli oňa Homo hamilis (başarjan adam) ýagny onuň ýany bilen daşdan ýasan ýönekeýje zahmet gurallary tapylypdyr.

1972-nji ýylda Luis Likiniň ogly Riçard Keniýada Rudolf kölüniň golaýynda, Oldowaý derýanyň julgesinde wulkanikituf gatlagynda gadymy adamyň süňk galyndylaryny tapypdyr. Bu galyndy has ösen gominidlere degişli, ýagny, kelle beýnisiniň çanagynyň göwrümi 800 kub sm-e deň bölüpdyr. Olar öňki ata-babalaryna garanda has ösen, adamzat jemgyýetini, medeniýetini we dilini emele getiripdirler. Olaryň iki aýagynyň üstünde ýöremegi, ewolýusiýasynda aýgytlaýjy pursat bolupdyr giýip bellenilýär. Elleriniň ýöremekden boşamagy, dürli gurallary tutmaga we olar bilen žähmet çekmäge mümkinçilik beren bolmaly. Iýmitleniş düzgünleri hem üýtgäpdir. Olaryň hemme zatlary iýip başlan bolmaklary mümkin.

Habilisleriň ösümlik önümlerinden et iýmeklige geçmekligi olaryň ösüşinde uly özgerişliklere getiren bolmagy mümlin. Aw awlamak üçin olaryň jemlenişmegi gerek bolupdyr.

XIX asyryň ahyrynda XX-asyryň birinji ýarymynda antropologlary, arheologlary esasy gyzyklandyran zat häzirki zaman adamlaryň ata-babalarynyň ilkinji emele gelen sebitleri nirede bolup biler diýen mesele.

Alymlar adamzadyň emele gelen sebitini Merkezi we Günorta-Gündogar Aziýadyr diýip pikir ýoredýärdiler. Ol ýerlerde tapylan adam süňklerini iň gadymydyr diýip pikir edýardiler. Käbir alymlar adamzadyň ata-babalary we Awstraliýada emele gelendirler diýip çaklaýardylar. Şoňky atlary tutulan gury ýer böleklerde entek şu wagta çenli gadymy adamlaryň sünkleri we žähmet gurallary tapylmandyr. Muňa garamazdan häzirki zaman adamlaryň ata-babalary dürli sebitlerde birbada emele delendirler diýip, käbir antropologlar pikir edýardiler.

### 3. Ilatyň köpelip köne dünýäni eýeläp başlamagy.

Öň belläp geçişimiz ýaly Awstralopitekler, habilişler Afrikada we Aziýada bir döwürde emele gelipdirler. Alymlaryň käbiriniň pikir ermegine görä gominidler birbada Afrikada emele gelip, ýuwaş-ýuwaşdan Aziýa we soňra günorta Ýewropa ýaýrandyr diýip pikir ýöredýärler. Ewolýusion taglymat boýunça habilisleriň nesilleri-gadymy adamlar- arhantroplar bolupdyrlar. Olar afroýewroaziýada takmynan 800-300 müň ýyl mundan ozal ýaşapdyrlar. Gözleg-gazuw işleri geçirilende olaryň sünkleri Gündogar, Günorta , Demirgazyk –Günbatar Afrikada , Günorta-Günbatar we Gündogar Aziýada, Ýewropada, ilkibada häzirki Germaniýanyň, soňra Fransiýanyň, Ispaniýanyň, Wengriýanyň çäklerinde tapylypdyr. Bu gominidler klimatyň uly öwrülişik ýyllarynda, haçanda ýyly, aram gurak göwürler sowuk klimat bilenç alyşan wagtlary tropik zonalarda ýadyşly demirgazyk giňişliklerde buzlanma emele gelipdir.

Irki arhantroplar häzirki Tanzaniýanyň, Günorta Afrika respublikasynyň, Ýawa adasynyň çäklerinde 600-650 müň ýyl mundan ozal ýaşap geçipdirler. Arhantroplaryň soňky nesilleri pitekantroplar birinji gýuns-mindel buzlanmalarynyň aralygynda 550-500 müň ýyl mundan öň ýasapdyrlar. Olaryň sünkleri 1891-nji ýylda gollandiýaly alym E.Dýubua, soň 1960-njy ýylda Liliki belli Oldowaý kelle süňküni tapypdyr.

Ýawa adasyndaky we gündogar Afrikadaky maýmyn şekilli adamlar has irki sinantroplaryň nesilleri bolan bolmagy mümkin, olaryň süňk galyndylary 1963-1965-nji ýyllarda Demirgazyk Hytaýda Lantýanda tapylypdyr. Bu arhantroplaryň nesilleri sinantroplaryň soňky populýasiýasydyr diýilýar.Olaryň süňk galyndylary 50 sany görnüşe gabat gelýarler. Sünk galyndylary Pekin şäheriň golaýynda tapylypdyr. Olaryň ýasan döwri ikinji Mindel ( Alp daglaryndaky) buzlanma ( 500-350 müň ýyl mundan öň) gabat gelýar. Şol döwürlerde Aziýanyň gündogarynda Sowuk we ýagysly ýyllar bolupdyr. Mindel buzlanmasy döwründe Demirgazyk – Günbatar Afrikada ýasan atlantroplar hem gabat gelýarler. Olaryň süňkleri Aljiriň köl çökündilerinden 1954-1956-njy ýyllarda tapylypdyr.

500 müň ýyl içinde arhantroplar köne dünýäniň dürli klimat: tropikden sowuk guşaklyklara çenli ýaşap morfologik taýdan dürli hili bolupdyrlar. Olaryň daşky

sypatlary awstralopiteklerden we habilislerden tapawutlanyp soňky çetwertik döwrüniň adamlaryna meňzeş bolupdyrlar. Arhantroplaryň boýy 165-170 sm. bolup, özleriniň irki we soňky çetwertik döwürdeşlerine garanda häzirki zaman adamlara has ýakyn ekenler. Pitekantroplaryň beýnisiniň göwrümi 750-1000, sinantroplarky bolsa 900-1200 kub. sm ýetipdir. Bularda ata-babalaryna garanda akyl ösen bolupdyr.

## III. Merkezi Aziýada we Türkmenistanda ilkinji

**adamlaryň ýaşan sebitleri.**

1. Merkezi Aziýada we Türkmenistanda ilkinji adamlaryň ýaşan ýerleri.
2. Adamlaryň Ýewropa, Amerika we Awstraliýa aralaşmagy.
3. Oturymly ilatyň, onuň hojalygynyň emele gelmegine geografiki şertleriň we baýlyklaryň täsiri.

**E d e b i ý a t**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Машбиц Я.Г., Покшишевский В.В., Н.Н. Чебоксаров Происхождение человека и заселение Земли. В кн.; Страны и народы. Земля и человечество. М. Мысль 1978. С.91-101
Рогинский Я.Я. Проблемы антропогенеза. М., «Высшая школа» 1977
Атагаррыев И.А., Бердиев О. Первобытно-общинный строй на территории Туркменистана. В кн.: Туркменская ССР. Ашхабад,1984

## 1. Merkezi Aziýada we Türkmenistanda ilkinji adamlaryň ýaşan sebitleri.

Merkezi Aziýa taryhçylaryň antropologlarynyň pikirlerine görä bu sebitlerde ilkinji adamlar aşaky paleolit döwründen (300 müň ýyl mundan öň) bäri ýaşapdyrlar. Şol döwürlerde ýaşan adamlaryň medeniýetiniň galyndylary 1949-njy ýylda gurnalan Günorta Türkmenistan koptaraplaýyn arheologik ekspedisiýasy Türkmenbaşy şäheriniň, gündogarynda Ýangaja we Gara-Tengir demir ýol duralgalarynyň aralygynda belentliklerde tapylypdyr. Tapylan daş gurallary, özleriniň ýaşalyş aýratynlygy boýunça Aşel medeniýetine degişli edilýär. Uzboýyň ugrunda Uly Balkan eteklerinde dagymy adamlaryň duran duralgalarynda pil sünkleri, dişleri, Çeleken ýarym adasynda sugun suňklri tapylypdyr. Bu zatlaryň tapylmagy Günbatar Türkmenistanda şol döwürlerde ýaşan adamlar ýabany haýwanlary awlamak bilen meşgullanypdyrlar.

Y. Atagarryýewiň, O.Berdiýewiň (1984) berýan maglumatlaryna görä Günbatar Türkmenistanda ýaşan gadymy adamlaryň aw awlamak üçin ýasan gurallary tehniki taýdan has kämilleşen bolupdyr.Olaryň ýasan gurallary mustýer medeniýetine degişli edilip’’orta paleolit döwrüne (100 müň ýyl mundan öň) gabat gelýär. Mustýer adamlaryň ýaşan ýerleri Türkmenbaşy şäherine golaý Gara-Tengir demir ýol duralgasynyň golaýynda bolupdyr. Mustýer adamlary Uzboýyň ugrunda Kesgir-Bulakda we Zaýrykda hem ýaşapdyrlar. Şol göwrürlerde ilkidurmuş adamzat sürilerinden uruglar emele gelip başlapdyr.

Ýokary we soňky paleolit döwründe (50 müň ýyl mundan ozal) häzirki zaman adamlaryň ata-babalary kromanyonlar emele geli[dirler. Olaryň zähmet gurallarynyň köpüsi kremniden ýasalany üçin şeýle atlandyrypdyrlar. Kremniden dürli hili zähmet gurallary ýasalypdyr.

Kronanyonlardan urug-taýpa emele gelip, ýabany haýwanlary eldikileşdirmeklik we olary köpeltmeklik başlanylýar. Sebäbli, aw edilýän ýabany haýwanlarynyň sany azalanbolmagy mümkin. Şol sebäpli adamlar ýabany haýwanlary köpeltmeklige girişen bolmaklary ähtimal.

Damdamçeşme we Kaýlýu (Balkanabat we Türkmenbaşy şäherleriň golaýynda) gowaklarlardan tapylan galyndylaryň arasynda balyk tutar ýaly çeňňekler, dürli balyklaryň we haýwanlaryň sünkleri, däne üwär ýaly daşlar tapylypdyr. Däne üwelýän degirmenjigiň tapylmagy olaryň eýýam ekerançylyk bilen meşgullanandygynyň subutnamasydyr. Damdamçeşme gowagynda (Balkanabadyň golaýynda) tapylan süňkden ýasalan iňňe adamlaryň eşik tikip geýendiginden habar berýär. Şol döwürlerde aýallaryň dürli saýlary, monjuklary dakynandygyna gowaklardan tapylan zatlar güwä geçýärler.

Adamlaryň arasynda şol wagtlardan eýýäm zähmet bolunişigi başlanypdyr. Aýallar bilen hojalyk işi we ekerançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar.Erkeke adamlar aw awlapdyrlar. Ýokary paleolit we mezolit döwürlerde Türkmenistanyň çäginde has kämilleşen urug-taýpa jemgyýetçilik toparlary döräpdir.

Gadymy neolit döwründe Türkmenistanyň köp ýerlerinde oturymly ilat,siwilizasiýa merkezleri emele gelýar 8-9 müň ýyllyklarda Zeýtun şäheri dörapdir. Kopetdagdan akyp gelýan dag çeşme suwlaryny ekerançylykda we maldarçylykda peýdalanypdyrlar (Atagarryýew, Berdiýew, 1984, s. 86-87).

Türkmenistanyň çäginde keramika işleri ýola goýlup başlanýar. Bişrlen toýundan her hili gap-çanaklar, küýzeler, suw geçiriji turbalar hem ýasalypdyr.

## 2. Adamlaryň Ýewropa, Amerika we Awstraliýa aralaşmagy.

1856-njy ýylda Neandertal jülgesinde (Germaniň Dýusseldorf şäheriniň golaýy gazuw-agtaryş işleri geçirilende paleoantroplaryň nesilleriniň kelle çanagy we sünkleri tapylypdyr. Olary tapylan ýeriniň adyna görä Neandertal adamlarynyň zähmet gurallary Afrikanyň, Ýewropanyň, Aziýanyň, şol sanda GDA döwletleriň köpüsiniň çäklerinde tapylypdyr 1938-nji ýylda ýaş alym, soňra akademik A.P.Okladnikow Ozbegistanda 8-9 ýasly neandertal çagasynyň sünklerini tapypdyr. Neandertallar hem paleoantroplaryň nesilleri hasaplanýar. Irki paleoantroplar 250-70 müň ozal ýasapdyrlar. Olaryň nesilleri Wýurm buzlanmasynyň birinji ýarymynda, çen bilen 70-45 müň ýyl ozal Ýewropa gelipdirler. Olaryň boýlary 170-178 sm, erkek adamlaryň kelle çanaklary 1500-1600 kub.sm, aýallaryňky- 1300-1500 kub sm bolupdyr.

Neandertal adamlaryň sünkleri Çehoslowakiýada, Krymda hem tapylypdyr. Häzirki zaman adamlary Ya.Ya.Roginskiniň (1977) gelen netijesine görä Günorta-Günbatar Aziýada, Demirgazyk-Gündogar Afrikada. Günorta Ýewropada, Kawkazda, Günorta – Günbatar we Gündogar Aziýada ýaşapdyrlar. Wýurm buzlanmasy (40-14 müň ýyl mundan ozal) gutarandan sön, söňky paleolit döwrüniň adamlary Ýewropanyň Demirgazyk sebitlerine, Indoneziýa, Filipinlere, Täze Gwineýa, Ýaponiýa we Sahaline (sol döwürlerde, olar gury ýer bilen bir bolanlar) çenli ýaýrapdyrlar.

Alymlaryň pikirlerine görä (Maşbis we beýlekiler; 1978) 30 müň ýyl mundan ozal häzirki Beringow bozagyň ornunda Ýewroaziýadan Amerika gury ýer geçelgesi

bolup, gadymy adamlar mamontlary awlamak maksady bilen Amerika gury ýer bölegine aralasypdyrlar. Aw awlamak bilen mesgullanyp gadymy adamlar 10 mün ýyl mundan ozal olar Otly ýer adalaryna çenli barypdyrlar.

Şol döwurlerde (18-8 müň ýyl mundan ozal) gadymy adamlar Awstraliýa hem aralaşyypdyrlar. Muňa Indoneziýa, Hindi-Hytaýda, Awstraliýada tapylan daşdan we sünkden ýasalan gurallaryň meňzeşligi güwä geçýärler.Ýa.G.Maşbisiň we beýlekileriň (1978) pikirlerine görä 11 müň ýyl mundan ozal neoantroplar gury ýer bölegi arkaly Awstraliýadan Tasmaniýa çenli aralaşypdyrlar. Şeýlelikde, soňky paleolit (12-10 müň ýyl mundan öň) döwründe häzirki adamlaryň ata-babalary Antarktikadan beýleki ähli gury ýer böleklerinde ýaşapdyrlar.

## 3.Oturymly ilatyň, onuň hojalygynyň emele gelmegine geografiki şertleriň we baýlyklaryň täsiri.

Adamzadyň irki döwürlerdäki hereketi (migrasiýasy) iýmit ýetmezçiligi bilen baglanyşykly. Iýmit ýetmežçiligi urugda ilat sanynyň kopelmegi bilen baglanyşykly bolupdyr.Iýmitiň azlygy käýyllarda gurakçylyk we beýleki tebigy betbagtçylyklar ( aw awlanýan haýwanlaryň gyrylmagy) bilen hem baglanyşykly bolmagy mümkin.Ilki durmuş adamlaryň migrasion hereketleri has oňaýly, aw awlar ýaly, ekin eker ýaly, mal saklar ýaly gowy ýerleri gözlemek bilen hem bagly. Soňra adamlaryň , urug-taýpalaryň arasynda zähmet bölünişiginiň emele gelmegi bilen käbir urug-taýpalar maldarçylyk, ekerançylyk, hünärmentçilik bilen mesgullanyp özleri üçin amatly ýerleri gözläpdirler. Käbir ilat toparlary deňiz, derýa-kölleriň-gyralarynda, käbirleri daglyk, tokaýlyk ýerlerde mesgen tutupdyrlar. Zähmet bölünişigi netijesinde hojalyklaryny ýoretmek üçin daşky gurşawyň, tebigatyň şertlerinden we baýlyklarynda peýdalanmagy başarypdyrlar.

Gadymy adamlaryň täze geografiki giňişlikleri özl;eşdirmekligine oduň ýaşaýşynda ulanylmagy, okýaýyň ýasalmagy, ýawany haýwanlaryň eldekileşdirilmegi, suwda ýüzmekligiň täriniň tapylmagy (agaçlary bir-birine daňyp üstüne ýük ýuklemek, gämi ýasamak) deňizlerdäki, ummanlardaky adalary özleşdirmeklige, olara göçüp barmaklyga mümkinçilik döredi.

Öň belleýşimiz ýaly gadymy adamlaryň ýer togalagynyň täze ýerlerini özleşdirmekligine ekerançylygyň we maldarçylygyň döremegi sebäp boldy. Muňa edebiýatda “neolitik rewolýusiýa” (neo-täze, litýer) diýilýär. Adamzadyň ýaşaýşynda küýzegärçilik sungatyň döremegi taryhy ösüşleriň biri hasaplanýar. Soňra zähmet bölünişigi has kämilleşip dokmaçylyk (ýüň, ýüpek, ösümlik sapaklaryndan mata dokalmagy) sungaty döreýär. Soňra metallurgiýanyň döremegi adamzadyň hojalygynyň ösüşinde uly üstünliklere getirýar. Şu hojalyk ösüşleriň astynda öž döwründe mahsus bolan ylmy, amaly açyşlar ýatyr. Adamlarda akyl zähmedi emele gelip başlaýar. Şu mesele bilen bahlanyşykly Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň “Ruhnama ” (2-nji kitap) eserinde seýle belleýär: Kulli janly-jandarlaryň içinde Allanyň adamzada beren artykmaçlygy akyldyr. Adam akyly bilen adamdyr. Akyl oňa özge jandarlaryňkydan ýaşaýşyny amal etmäge mümkinçilik berýar” (sah.303)

## IV. Ilatyň oturymly hojalygynyň emele gelmegi.

1. **Maşgalanyň we urugyň döremegi.**
2. **Zähmet bölünişiginiň we ilkinji döwletleriniň emele gelmegi.**

### 3. Döwletlerde ilat ýazuwynyň geçirilip başlanmagy.

**E d e b i ý a t**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Машбиц Я.Г., Покшишевский В.В., Н.Н. Чебоксаров Происхождение человека и заселение Земли. В кн.; Страны и народы. Земля и человечество. М. Мысль 1978. С.91-101
Рогинский Я.Я. Проблемы антропогенеза. М., «Высшая школа» 1977
**Юсупов Х.** Страницы истории Туркменистана с древнейших времен до арабского завоевания . М., Ориент-Пресс, 1997

### 1. Maşgalanyň we urugyň döremegi.

Adamzat uzak ýyllaryň dowamynda süri bolup ýaşap bilmändir. Olaryň arasynda maşgala, garyndaşlyk, tire, urug emele gelmegine ilatyň tebigy ösüşi sebäp bolupdyr. Taryhy maglumatlaryň görkezmegine görä fiziki taýdan güýçli adamlaryň birnäçe aýaly bolup olardan nesil köp önüpdir. Olar göcüp baran ýerlerinde ýer ýagdaýyna baglylykda bir-birlerine ýakyn, golaý ýaşapdyrlar. Olar uly ýabany haýwanlary köpçliklweýin bolup awlap, olaryň suňklerinden we hamlaryndan öý gurmaklygy başarypdyrlar. Şolar ýaly öýleri gurmaklygy gadymy adamlar mundan 200-müň ýyl ozal endik edinipdirler.

Neandertal adamlary döränden soň olaryň arasynda biziň pikirimizçe maşgala garyndaşlyk, tire, ulag gatnaşyklary emele gelen bolmagy mümkin. Sebäbi olar geplemäni, otdan peýdalanmany, kömür, agaç ýokmany, awlan haýwanlarynyň derisinden eşik tikmäni başarypdyrlar. Diýmek, şol döwürde olaryň arasynda maşgala, tire, urug gatnaşyklary dörän bolmaly.Kromanýonlar döwründen (biziň döwrümizden 40-14 müň ýyl ozal) oduň kömegi bilen küýzegärçilik sungaty ösüp başlaýar.Adamlaryň arasynda zähmet bölünişiginiň ilkinji alamatlary peýda bolýar. Maşgala, garyndaşlyk, tire ugur emele gelmesi, gury ýeriň hemme ýerlerinde bir döwürde emele gelendir diuýip bolmaz. Sebäbi, adamzadyň ýaşan, gury ýeri eýelän ýerlerinde ilkindurmuş adamlaryň aňynyň, medeniýetiniň, hojalyk dikeldişiniň birmeňzeşdälligi belli zat.

Maşgala- erkeke bilen aň birleşip ýasap nesil öndürmeginde emele gelýar. Dşgalalaryň bir-birlerine maşgala berip garyndaşlyk açmagy netijesinde garyndaşlyk gatnaşyklary döreýärler. Birnäçe maşgala belli—bir wagtyň geçmegi bilen tire, ugur emele getirmegi mümkin.

### 2. Zähmet bölünişiginiň we ilkinji döwletleriň döremegi.

Zähmet bölünişigi gadymy adamlaryň arasynda ir döwürlerden başlapdyr. Maşgalada erkek adamlar aw awlamak, ýönekeýje öý gurmak, balyk tutmak bilen, aýallar şol döwrüň ýönekeýje hojalygyna çeretmek bilen meşgullanypdyrlar. Ondan

irki döwürler-de (2,5-3 million ýyl öň-paleolit döwri-akragyl döwrüň başy) adamlar aw awlamaga başlamagynyň esasy sebäbi klimat guraklaşyp başlaýar.

Adamlar öňküsi ýaly ösümlik miweleri, kökleri bilen iýmitlenip bilmeýärler. Iýmit ýetmezçilik edip başlaýar. Şonuň üçin aw awlamaga, däneli ekinleri enmeklige tebigat olary mejbur edýär. Döwresi uly haýwanlary awlamak üçin her hili daşdan, süňkden, agaçdan ýaraglary ýasapdyrlar. Aw awlap et iýmek bilen bir hatarda olar ösümlik miwelerini hem ýygnapdyrlar.

Öň belläp geçişimiz ýaly gadymky adamlar et ýip başlanlaryndan soň olaryň beýni çapagynyň ulalmagy olaryň ýaşaýşynda uly üstünliklere alyp barypdyr. Adamzadyň sany artyp Afrikanyň hemme-ýerine, öňi Aziýany, Ýewropany eýeläpdirler.

Aziň gadymy adamlaryň ýaşan ýeri Amyderýanyň ýokary akymynda Güldara daryndadyr.Apşeronyň ahyrynda (800 müň ýyl ozal) bu ýerde adamlar ýaşapdyrlar.

Gadymy aw awlanýan ýaraglar ( her hili daşlar) Günbatar Kopetdagda, Sumbar, Çendir, Keşefrud derýalaryň ( Eýran) julgelerinde tapylypdyr. Günorta Türkmenistan H.Ýusupowyň (1997, ş.g.) ýazmagyna görä gadymy adamlaryň ýaşan ýerleri gasaplanýar.

Gadymy döwürlerde Amederýa ulgamy Peslik Garagum boýunň Tejen, Mirgap, Köpetdag derýalary onuň goşantlary bolupdyrlar. Köpetdag etegi boça gadymy adamlaryň hereket etmegine uly mümkinçilikler açylypdyr.

Buzlanma döwründe Günbatar Sibirde Ob we Ýeniseý derýalary Turgaý derýasy arkaly Arala-Kaspiý basseýne akypdyrlar. Ol dern suwlary Uzboý boýunça Kaspä çenli gelipdir.

Amyderýa we Uzboýyň ugry bilen adamlar demirgazyga tarap göçüp başlaýarlar. Demirgazykda buzlanma bolsa-da, olar eşil geýip, oda aýdanyny etdirýanligi we inde öý gurup bilýanligi sebäpli, bir-birleri bilen arkaýyn gürleşip düşünişip bilýänligi üçin tebigatyň ýowuzlyklaryna garşy durmany başarypdyrlar.Bu wakalar 500 müň ýyl ozal bolup geçipdir.

Wagtyň geçmegi bilen adamlaryň täze görnuşleri “Homo erektus” dogry, iki aýagymyň üstünde ýoremäni başarýan adamlar peýda bolýarlar. Olar Merkezi Aziýa we Tukmenistana “aşel medeniýetini” getirýärler. Olaryň aw awlamak üçin ulanýan ýaraglary has kämilleşen, iki taraplaýyn işlenilen bolupdyr. H.Yusupowyň (1997, s.10) ýazmagyna görä bu medeniýet Türkmenistana Kawkazyň üstü bilen Öňi Aziýadan gelipdir. Soňra Gündogar we Günbatar Ýewropa ýaýrapdyr. Emma Orta Aziýanyň gündogarynda, Sibirde, Günorta Aziýada çagyl dasş medeniýeti bolupdyr.

“Aşel medeniýetiniň” ýaraglary Krasnowodsk ýarym adasynda tapyldy. Aşeliň Orta Aziýa aralaşan döwrüni 220 müň ýyl diýip ýazýarlar. Emma ondan has gadymy bolmaly. Aşel medeniýetini getiren adamlar dern kenarlarynda ýaşap aw awlamak bilen meşgullanypdyrlar. Olar has ii tokaý we sähra haýwanlaryny ( pil, kerk, sugunlary, ýabany atlary, gulaklary) awlamaklygy ýola goýupdyrlar.

“Aşel medeniýeti” Orta Aziýada Mikulin buzlanmasy döwrüne çenli höküm sürüpdir.Ol Aziýada “Mustýer medeniýeti” başlaýar. Ony bu ýere Neadertal adamlary getiripdirler. Mustýer medeniýetiniň ýadygärlikleri. Orta Aziýada we Türkmenistanda köp ýerlerde tapylypdyr. Aşel medeniýa-da duralgasy bolan ilat

mesgenlerinde şol ýadygärliklere duş gelinýär. Türkmenistanda Krasnowodsk tekiz daglyk Merkezi we Gündogar Köpetdag, Köýtendag, uly Balkan, Badhyz gowaklarynda, Uzboýyň, Etregiň boýlarynda mustýer medeniýetiniň gurallary duş gelýar. Neadertallar, daş görnüşi boýunça Ýewropalylara meňzeş bolupdyrlar. Olar esasan derýlarynda ýaşap tur, gulan, buhar suguny, pil ýabany atlary, kerkleri awlapdyrlar.

H.Ýusupow (1997, s. 11) ýazmagyna görä 140 müň ýyl ozal Amederýa Garagum çölüniň häzirki çägine akman, demirgazyga Horezm pesligine tarap, akypdyr. Neadertal adamlar kromanýonlar bilen bir döwürde ýasapdyrlar diýen pikir hem bar. 32-27 müň ýyl mündan ozal şoňky paleolit döwrüniň adamlary aw awlamakda ok-ýaý ulanypdyrlar. Türkmenistanyň çäginde horasan we uzboý-amyderýa kromanýonlary ýaşap, olaryň urug gatnaşyklary, garyndaşlygy ene tarapy boýunça kesgitlenipdir.

Kromanýonlar soňky buzlanma döwrüň kynçylyklryna başdan geçiripdirler. Erbet sowuklar bolup, biziň giňişliklerimizde uzak wagtly gurak, salkyn howa bolupdyr. Howa şertleriň agyr bolanlygy sebäpli, käbir derýa boýlarynda ilat galan bolmasa, Hindistandan Orta Ýer deňize çenli adam galmandyr. Şonuň üçin soňky paleolit döwrüniň ýagygarlikleri örän az saklanyp galypdyr. Olardan diňe Krasnowodsk ýarym ada-da Ýangaja- 2 ýerli kremniden her hili gurallary ýasaýan ussahana saklanypdyr.

13-12 müň ýyl mundan ozal buzluklar ereýär. Orta Aziýada klimat önküsine garanda çyglaşýär. Şol wagtlarda Kaspiniň günorta we günorta-gundogar kenarlarynda şol döwruň adamlary dag gowaklarynda ýaşaýarlar. Uly Balkanyň gündogarynda Damdamçeşme I we II-de ýaşan adamlar ýabany geçini, keýigi, gulany awlapdyrlar. Uzboý derýada şazan, bekre balyklary tutupdyrlar.

Türkmenistanyň çäklerinde 12-müň ýyllyklarda täze eýýäm-mezolit-daş asyry başlanýar. Pleýstosen buzlanmasy yza çekilýär. Klimat yssy bolup, guraklaşýär. Gurakçylyga çydap bilmän köp agaçlar, ösümlikler guraýarlar. Uly haýwanlar ýok bolýarlar. Aw awlamak üçin haýwanlar azalandan soň adamlar hem göçmäge mejbur bolýarlar.Ýaşamaga galan adamlar az sanly galan ýabany haýwanlary awlamak üçin önki aw gurallary üýtgetmeli bolýarlar. Aw awlamaklygyň esasy ýaragy hökmünde ok-ýaý orta çykýar. Şol döwürlerde adamlar itleri öý haýwany hökmünde eldekileşdirýärler. Adamlar indi uzak aralyklara gidip aw etmeli bolýarlar. Uly haýwanlar azalansoň adamlar guşlary we suwdaky balyklary awlamaga başlaýarlar.

Daş asyry adamlarynyň ýaşap galdyran galyndylary Günbatar Türkmenistanda Zebeliň, Balkanabagyň golaýlarynda Damdamçeşmede, Kaýlýuda, Hojasuda, Seňgrajyda, Garaalatda duş gelýarler ( H.Ýusupow, 1997, s.14). Kaýlýuda ölen adamyň jaýlanan mazary tapylypdyr.

Iýimit kynçylygy ýene-de ýüze çykyp başlaýar. Ýaşamak kynlaşýar. Adamlar ýabany haýwanlary eldekileşdirmäge, däneli we kösükli ekinleri ekmeklige mejbur bolýarlar. Biziň eýýämimizden 11-10 müň ýyl ozal Zagros (Eýran) daglarynyň eteklerinde we Kaspiýaniň günorta we Günorta-Gündogar kenarlarynda ýabany goýun-geçilere eldekileşdiripdirler. Dane owradyjy gurallar ýetleşdirilen bugdaýyň arpanyň, köükli ösümlikleriň däneleriniň tapylmagy adamlaryň ekerançylyk bilen

mesgullanandygyna subutnamadyr (Yusupow, 1997, s. 14-15). Kaspiý etegindäki dag gowaklarynda öý mallaryň surat şekilleriniň çekilmegi maldarçylygynyň hem oba hojalygyň pudagy bolandygyny subut edýär. Mundan 9 müň ýyl ozal adamlaryň ýasan dag gowaklarynda öý haýwanlary: sygryň, goýun-geçiniň süňkleri tapylýar. Diýmek, maldarçylygyň ösmegine Türkmenistanyň tebigy şerleriniň amatlylygy hem uly täsir edipdir.

Daş asyryň soňky "NEOLIT" döwründe Orta Aziýa çöllerinde klimat ýyly we çygly bolup başlaýar. Bu giňişlige Atlantik ummanyň howa akymlary köp gelip, öňki döwre garanda çygly bolýar. Çöl ýerler ösümlik bilen örtülýär. Daglarda tokaýlar emele gelýärler.

Köpetdag etegi düzlükde ilkinji gadymy ekerançylaryň we maldarlaryň merkezi- "Jeýtun medeniýeti" döreýär.

Jeýtun Aşgabatdan 28 km demirgazyk-günbatarda ýerleşýär. Jeýtuny has oňat öwrenen alym W. Masson hasaplanýar. Jeýtun Orta Aziýada we dünýäde iň gadymy ekerançylygyň hem-de maldarçylygyň ösen ýeri hasaplanýar. Ol ýerde ýer ýüzünde ilkinjileriň hatarynda küýzegärçilikgiň medeniýeti döräpdir. Her dürli küýzeler ýasalypdyr. Jeýtunlylar oturymly ekerançylar bolup, bugdaý, arpa, bugdaýyň ýumşak tohum berýän görnüşlerini ekipdirler. Klimat çygly bolansoñ düme ekin ekmäni hem basarypdyrlar. Bugdaýyň, arpanyň hasyly ýetişenden soň, ilki olaryň başyny aýratyn ýygyp alyp däne uweýän daşlaryň kömegi bilen un we kepek öndüripdirler. Sypalyndan mallar iýer ýaly bede taýýarlapdyrlar.Olar ilki ownuk mal (goýun-geçi) saklapdyrlar. Jaý salmakdan gowy baş çykarypdyrlar. Olar jaýlary saman garylan palçykdan kerpiç guýup örüpdirler. Oturylýan jaýlaryň poluny samanly laý bilen suwapdyrlar. Jaýlarynyñ içki diwarlaryny hek bilen agardypdyrlar. Jeýtun medeniýeti biziň eýýämimizden öň VI müň ýyllyga degişli edýärler. Bu medeniýet 1000 ýyl ýaşap soňra, biziñ eýýämimizden öñ 5 müň ýyllykda klimat ýene-de guraklaşandan soň, ol ýere Köpetdagdan akyp baran derýanyň suwunyň azalmagy zerarly ilat göçmeli bolupdyr.

Jeýtuň ýadygarlikleri Kopetdag etegi düzlükde günbatarda Bamy, gündogarda Mänä çenli ýaýran. Olar Tejeniň Göksüýri deltasyny hem özleşdiripdirler.

**Neolit** döwrüniň başlanmagy bilen adamzat ösüşinde uly özgerişlikler bolup geçýär. Käbir adamzat toparlary (jemgyýet) öz döwrüniň öňde baryjy ykdysadyýetine ekerançylyga maldarçylyga, oturymly hojalyga dürli-dürli wagtlarda geçýärler. Käbir adamzat toparlary şol öňki ýaşaýşyny saklap gelipdirler. Aw awlamak, balyk tutup güzeran görmeklerini dowam etdiripdirler. Neolit döwründen başlap Köpetdag eteginde, Tejen derýasynyň aşak we orta akymlarynda, soňra Murgapda ekarançylar we maldarlar ýaşapdyrlar. Önde baryjy ekerançylar we maldarlar hojalygyny ösdürmek maksady bilen "metal asyryna" geçip başlaýarlar. Awçylar we miwe ýygnaýjylar öňki ösüşini dowam etdirýärler. Biziň eýýamimizden öň üçmüňinji ýyllarda ekerançylar "bürünç asyryna" geçýärler.

Köpetdag etegi we Türkmen-Horasan daglarynda ýaşaýan halky jeýtunlylar gysyp çykarýarlar. A.A.Maruşenkonyň pikirine görä olaryň medeniýeti Uzboýyň ugrunda Kurtyş guýydan Jeýtunyň 40 km demirgazygynda ýerleşen Garrygul guýysyna çenli ýaýrapdyr.

Tutuş Demirgazyk –günbatar we Demirgazyk Türkmenistanda Kelteminar medeniýeti dowam edipdir. Bu medeniýet Gazagystanyň günortasynda, Gyzylgumda, Zerewşanyň aşak akymlarynda ýaýrapdyr.

Ustýurdyň çäklerinde **mezolit** döwrüniň ýerli medemiýeti agdyklyk edipdir.

Horezmde Kelteminar duralgalarynda oragyň daşky gabyna, öý haýwanlaryň süňklerine, şol sanda itiň sünkine hem duş gelinmeýär. Kelteminar medeniýetiň ösüşiniň soňky döwürlerinde Zerawşanda gazuw işleri geçirilende oragyň daşky gaby, öý haýwanlaryň suňkleri tapylypdyr.

Aşak Amyderýada günorta sebitlere seredinde ekerançylyga giç geçilmeginiň sebäbi şol ýerde ýaşan adamlara iýmitiň eterlik bolmagydyr.

Arheologlar neolit döwrüni 3 zamana: irki, orta we giçki neolite bölýarler. Paleogeografiki işlerde şol zamanlary Atlantik ummanyň çyglanmasy bilen baglanyşdyryp şeýleräk netijä gelýärler: Jeýtun (VI müň ýyl biziň e.öň), eneolit (biziň e.öň IV müň ýyllygyň birinji ýarymy), irki bürünç döwri (biziň e.öň III müň ýyllygyň ortasy we ikinji ýarymy).Bu eýýämlerde tebigy şertler hojalygy ösdürmek üçin has amatly bolupdyr. Ilatyň sany artypdyr. Çölüň içki böleklerinde mal bakmaga, guýy gazmaga mümkinçilik döräpdir.

5-4-3-müň ýyllyklaryň ortalarynda gurakçylyk döwürleri hem bölüpdyr. Çölüň içki böleklerini özleşdirmeklige mumkinçilik bolmandyr. Emma ilat hojalykda ulanynýan gurallaryny kämilleşdirmeli bolupdyrlar.

Ilatyň ýaşamagy üçin amatly şertler Uzboýyň ugrunda emele gelipdir. Şol döwürlerde ol dolup akypdyr. Onuň ähli kenarynda Kelteminar medeniýeti gülläp ösüpdir. Onuň kenarlarynda ýokary paleolit we mezolit döwürlerinde, ýagny onuň doly suwly bolup akan wagtlarynda ilat hemişe ýaşapdyr.

Klimatyň has amatly wagty biziň e.öň 6 müň ýyllykda Uzboýyň ugrunda ýaşan ilat çöllük ýerleri 1 km inlilikde özleşdiripdir. 5000-nji ýylda bolan gurakçylyk ilatyň azalmagyna getiripdir. Soňra ýene biziň e.öň 4000-nji ýylyň birinji ýarymynda oňat klimat şertler bolupdyr. Emma 4000-nji ýylyň aýagynda, 3000-nji ýylyň başynda Uzboýyň suwy kesilipdir. Sebäbi, Amyderýa demirgazyga ugruny üýtgedipdir.

Neolit döwründe Orta Murgapda A.A.Maruşenkonyň maglumatlaryna göra 5600 ýýl b. e.öň, Tagtabazaryň ýanynda adamlaryň ýaşan mesgeni bolupdyr. Murgabyň suwuna ekin ekipdirler, sebäbi däneli ekinleri ormak üçin orak sekilli, un uweýän daş gurallary tapylypdyr. Ol ýerlerde ýaşan ilkinji adamlar Garabil belentliginiň günorta-günbatar eňňitlerinde daglary köwüp ýaşar ýaly öýleri gurupdyrlar. Gowak görnüşli öýler biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyrlar.

Amyderýanyň orta akymynda neolit döwrüniň medeniýetine degişli arheologiki galyndylar bar. Ol ýerlerden tapylan arheologik galyndylar Deryasaý we Zerawşan ýaşaýjylarynyň medeniýetine meňzeş.

Adamzadyň ilkinji ulanan metaly mis bolupdyr. Mis magdany ilkinji gezek Tigr we Ýewfrat derýalaryň aralygynda, soňra Kiçi Aziýada (Anadoly daglarynda), Türkmenistanyň çäginde ýaşan adamlar ondan her hili hojalyga gerek zatlary ýasapdyrlar. Şol döwre eneolit, ýa-da daş-mis asyrlary hem diýýärler. H.Yusupowyň (1997, s.24) ýazmagyna görä Kiçi Aziýada misi VIII müňýyllygyň (b.e.öň) aýagyndan, VII muň ýyllygyň başyna çenli ulanypdyrlar.

Ony Änewde we Günorta Türkmenistanda V münüňji ýylyň ortasyndan II müňýyllyk aralygynda muşýak bilen garyp, soň galaýy bilen goşup bürünç (bronza) ýasapdyrlar. Ol esasan berkligi bilen tapawutlanypdyr.

Änewde, Çagyllydepede (Baharly etrabynda), Çakmaklydepede (Çäçaniň golaýynda), Monjuklydepe (Mänäniň golaýy) ýaşan adamlar jaýlaryny pashadan däl-de çig kerpiçden salypdyrlar. Bu atlary agzalan medeniýet merkezlerinde küýzegärçilik ösüpdir. Her hili daş gaplary ýasamany başarypdyrlar.Ýaşan jaýlarynyň diwarlaryny, pollaryny ak, gara we gyzyl reňk bilen reňkläpdirler.

Irki eneolit döwründe Orta Aziýada uly şäherleriň biri Namazga I tapawutlanypdyr. Ol şäherçe (Kaka şäherçäniň günbatarynda) 50 ga ýeri eýeläpdir. Şol şäheriň töwereklerinde topragyň medeni gatlagy 30 metre ýetýär. Bu şäherçe b.e.öň IV müňünji we II müňünji ýyllaryň ahyryna çenli güllap ösüpdir.

Änew, Namazga, Göksüýri, Cyzylarbat aralyklarynda ýaşan adamlar ekerançylykda ýer sürmekde bürünçden (bronza) edilen azallary, omaçlary ýaşamagy başarypdyrlar. Ýerleri sürmekde azallary ulanyp, öküz goşup zähmet öndürijiligi we ekerançylygyň medeniýetini galdyrypdyrlar.

Eýrandan getirilen metalyň, bezeg daşlaryň ýerine ilkibada azyk önümlerini, soňra metaldan ýasalan azallara, gap-çanaklara, dürli keramiki önümlere, deri we mata çalşypdyrlar. Sebäbi biziň sebitlerimizde metal gazylyp alynýan ýerler bolmandyr.

Türkmenistanyň çäginde ýaşan adamlar esasy ünsi ekerançylyga, maldarçulyga, metal işläp bejermäge, küýzegärçilige, keramika, gelin-gyzlar üçin dürli şaý-bezegleri, ýaraglary ýasap esasy ünsi hünärmentçilige beripdirler.

Namazda II-de gazuw işleri geçirilende demirden ýasalan tigir (koleso) tapylypdyr. Diýmek, H.Ýusupowyň (1997, s.34) ýazmagyna görä tigir ulag maksatlary üçin ulanylan bolmaly. Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Ruhnamada" görkezişi ýaly ilkinji arbanyň şu ýerde oýlanyp tapylan bolmagy mümkindir. Ony ýöretmek üçin güýeleriň, atlaryň, öküzleriň žähmedinden peýdalanylan bolmagy ähtimaldyr.

Göksüýride (Tejeniň gündogary) şol döwürlerde metal işläp bejerýän ussahanalaryň bolandygy ykrar edildi. Metaly Eýranda Nişapur-Enarekden we Maşadyň golaýyndan getiripdirler. Metal, gymmat bahaly daşlar, biryüza, malahit, mermer Masat we Nisapurdan, Kopetdag etegine, hem-de beýleki gerek ýerlerine Masat-Kuçan-Gowdan geçelgesi arkaly getirilipdir.

Murgabyň, Tejeniň, Kopetdag etegiň, Horezmiň çäklerinde irrigasiýa ösüpdir. Dürli ýaplar, kanallar, kärizler gazylypdyr. Ýaplarda agaçdan, daşdan bentler gurulypdyr.

Ekerançylygyň, maldarçylygyň ösmeginde atyň eldekileşdirilmeginiň uly ähmiýeti bolupdyr. Orta Aziýanyň ekerançylary we maldarlary üçin atyn eldekileşdirilmeginiň uly bähbitli zatdygyna hemmeler düsünýän bolsa gerek.

Neolit döwründen (VI müň ýýl b.e.öň) burunç eýýämine (b.e.öň II müň ýyllygyň ortasyna) çenli uzyn kelleli, uzyn at ýüzli sypatyny—daş keşbini gadymy ekerançylar saklapdyrlar. Umuman, olar daş keşbi boýunça ýewropeoidleriň

gündogar ortaýer deňiz sahasyna degişli bolupdyr. Häzirki wagtda hem, Türkmenistanyň ilatynyň esasy bölegi ýewropeoidlere degişli edilýar.

Ilkidurmuş obşina döwründe entek döwletler emele gelmändir. Öndüriji güýçleriň ösmegi, hususy eýeçiliginiň döremegi, zähmet bölünişiginiň has kämilleşmegi we synpy deňsizligiň emele gelmegi bilen döwletler döräp ugraýar. Gul eýeçilik döwrüniň döremegi bilen döwletler emele gelip başlaýar. Şol döwürde Pireneý ýarym adasyndan Ýuwaş ummana çenli Tigr, Ýewfrat, Nil, Hindi, Huanhe derýalarynyň jülgelerinde köp ilat ýaşanlygy sebäpli ilkinji döwletler peýda bolup başlaýarlar.

Şol döwürlerde adamzadyň taryhy ösüşine, öndüriji güýçleriň, ylmyň, sungatyň ösmegine Merkezi Aziýa, Gadymy Gresiýa, Gadymy Rim, Wawiloniýa döwletleri özleriniň goşantlaryny goşupdyrlar.

Türkmenistanyň çäginde biziň eýýämimizden öň 2000-nji ýylyň ikinji ýarymy 1000 ýyllygyň başlarynda demir asyry başlanýar. Sol ýyllarda ekerançy taýpalaryň güýçli ösen döwri bolup, olar Powoljýeni, Gazagystanyň we Orta Aziýanyň köp çäklerini basyp alypdyrlar. Hünärmentçilik ösüp ilkinji ýönekeý Baktriýa, Margiana, Parfiýa döwletleri emele gelipdir.

Biziň eýýämimizden öň 522-nji ýyldan 486-njy ýyla çenli Dariý 1-nji Persiýa, Elam, Wawiloniýa, Assiriýa, Arabystan, Müsür, deňiz ýakasyndaky (Lidiýa, Midiýa. Ermenistan, Karrodokiýa, Parfiýa, Drangiýana, Areýa, Horezm, Baktriýa, Sogdiana, Gandara, Skifiýa, Sattagigiýa, Arohoziýat Auramazdanyň emri bilen berildi. Men olaryň patyşasy boldum diýilýän ýazgy galdyrylypdyr. “Heniz men wawilonda bolup ýorkäm şu welaýatlar: Persiýa, Elam, Midiýa, Assiriýa, Müsür, Parfiýa, Margiana, Sattagidiýa, Skifiýa, menden aýrylypdyrlar”

Biziň eýýämimizden öň 545-539 ýyllarda Kir II Cirkaniýany, Parfiýany, Margianany, Drangianany, Baktriýany, Ariýany, Sogdy basyp alypdyr. Olary massagetler Horezme göýbermandirler. Massagetler sol döwürlerde Uzboýyň ugrunda ýaşapdyrlar.

## V. Demografiýanyň we geodemografiýanyň esaslary.

1. **Dünýäde ilatyň dogulyşynyň umumy häsiýetnamasy.**
2. **Ýaşaýşyň dowamlylygy we ilatyň ýogalyşy.**
3. **Ilatyň köpelişi.**
4. **Dünýäniň dürli döwletlerinde alnyp barylýan demografik syýasat.**

## E d e b i ý a t

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Машбиц Я.Г., Покшишевский В.В., Н.Н. Чебоксаров Происхождение человека и заселение Земли. В кн.; Страны и народы. Земля и человечество. М. Мысль 1978. с.91-101
Народонаселение стран мира М., статистика, 1978, с.67-116, 160-184
Население мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989, с.195-239
Internet maglumatlary.

Adamlaryň nesiliniň dyngysyz çalşyp durmak prosesine ilatyň tebigy köpelişi diýilýar.

Her bir jemgyýetçilik ykdysady formasiýa üçin häsiýetli demografik hadysalar bar.

Demografiýada ilatyň tebigy köpelişiniň birnäçe görkezijileri işläp düzülen. Şol görkezijilere brutto-koeffisiýent girýär. Brutto-koeffisiýent- bir aýalyň (15-49 ýaş aralygynda) nikada bolan döwründe dogrup biljek gyzlarynyň sanyna aýdylýar. Demografiýada " fiziologiki köpelşi döwrüniň çägi" diýen düşünje bar. Ol döwür-zenan 15 ýaşdan soň durmuşa çykyp, 50 ýaşa çenli nikada bolup, şol wagt içinde çaga dogmagynyň garşysyna hiç hili çäre ulanmasa-şoňa "fiziologik köpeliş döwrüniň çägi" diýilýär, şeýle ýagdaýda zenan 10 çaga dogrup bilýar, şonuň hem ýarysy gyz bolsa, teoretiki taýdan brutto-koeffisiýentiň maksimum möçberi 5-e golaý diýip hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde zenanlar 15 ýaşdan ýokarda durmuşa çykýarlar. Şeýle ýagdaýda "fiziologiki köpeliş döwrünn çägi" peselýär. Şonuň üçin brutto-koeffisiýentiň maksimal uzunlygy 4-e golaý bolýar.Eger-de brutto-koeffisiýentiň möçberi 2-den ýokary bolsa ol ýurtda (şäherde obada) maşgalada dogulýan çagalaryň sanyny çäklendirmek meselesi ýok.

**Brutto-koeffisiýent-** diňe zenanlaryň çäga dogurmak mümkinçiligini görkezýär. Sebäbi bolýan çagalaryň hemmesi adamlaryň köpeliş ýagdaýyna gatnaşyp bilmeýarler, käbiriniň ömri gysça bolýar.

Ilatyň tebigy köpeliş mümkinçiligini kesgitlemek üçin doglan gyzlaryň sanyndan,eneleriniň ýarpy ýaşyna ýetmän ölen gyzlarynyň sanyny aýyrmak gerek. Şeýle hasaplama ilatyň köpelişiniň **netto-koeffisiýenti** diýilýär. Eger netto-koeffisiýentiň möçberi birden ýokary bolsa(gyzlaryň sany eneleriň sanyndan köp bolsa), onda ilatyň tebigy köpelişi-giňeldilen tipe, birden az bolsa-çäklendirilen tipe, bire deň bolsa-ýönekeý tipe degişlidir.

Ilatyň tebigy köpelişiniň brutto-koeffisiýentini hasaplamak üçin dogulýan çagalaryň ýaşy boýunça koeffisiýentini anyklamak zerur. Netto-koeffisiýenti hasaplamak üçin diri galanlaryň sanyny bilmek zerur.Munuň üçin döwletlerde statistika doly we dogry ýola goýulan bolmaly. Afrika, Latyn Amerikasy,Aziýa ýaly ýurtlarda bular ýaly maglumatlary statistika bermeýär. Şonuň üçin BMG-nyň çaklama maglymatlary ulanylýar.

Bilşiňiz ýaly dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlarynda we öňki SSSR-iň(häzirki GDA) döwletleriniň hemmesine häsiýetli zat ilatyň tebigy köpelişi azalýar. Merkezi Aziýa döwletlerinde ilatyň tebigy köpelişi 2 %–den ýokary.
Brutto we netto-koeffisiýente ilatyň migrasiýasy täsir etmeýär.
Ikinji jahan urşy gutarandan soňra dünýäniň köp döwletlerinde ilatyň ösüşi ýokary boldy. 1960 ýyllaryň ortasynda Ýer şarynda ilatyň örtaça ösüşi 2% bolan bolsa. Merkezi we G.O.Amerika, Afrika, Aziýa döwletlerinde ol görkeziji 34-e ýetindir. Şeýlelikde köp ýurtlarda ilat 1950-1983 ýyllar aralygynda 2 esse köpelipdir. Şol dowur içinde dünýäniň 16 döwletinde ilat 3 esse we ondan hem köp, 27 döwletde 2,5-3 esse, 70 döwletde- 2-2,5 esse artypdyr. Netijede 113 döwletde ilat 2 esse ösüpdir.

Bu ýagdaýa dünýäniň demograflary “Demografik partalaýyş” diýip at erdiler.

XX-asyryň aýaklarynda ilatyň tebigy köpelişi dünýä boýunça 17,3‰ deň.Emma Afrika,Aziýa,Latyn Amerikasy döwletlerde ilatyň artyşy ýokarylygynda dalýar (jedwel).

Dýnýäniň ýurtlary ilatyň tebigy köpeliş derejesi boýunça 4 tapgyra bölünýär:
1.Ilatyň tebigy köpeliş derejesi ýokary(2,0%-den köp)bolan ýurtlar.Muňa Afrika,Merkezi we Günorta Amerika,Aziýa ýurtlary girýärler.
2.Ilatyň tebigy köpeliş derejesi göwne laýyk derejede (1%-2% aralygynda) bolan ýurtlar.Muňa GDA, Ispaniýa,Yaponiýa, Çili, Argentina we beýlekiler degişli.
3.Ilatyň tebigy köpeliş derejesi haýallan (0,5%-1%-e) ýurtlar. Bu ýurtlara Ýewropa ýurtlarynyň köpüsi, Kanada, ABŞ, Awstraliýa, Täze Zelandiýa girýärler.
4.Dogýandan ölýäni kän (0,5%-den az) ýurtlar. Bu topara GFR,Niderlandiýany mysal almak bolar.

**Jedwel 1**

**1995-1998-nji ýyllar aralygynda dünýäniň ilatynyň artyşy.**

| | Dogulýan-lar, ‰ | Ölýänler, ‰ | Tebigy köpelişi, ‰ | Ýylda ortaça köpelişi |
|---|---|---|---|---|
| Dünýä boýunça | 27,1 | 9,8 | 17,3 | 1,7 |
| GDA döwletleri | 16,8 | 10,3 | 6,5 | 0,5 |
| **ÝEWROPA:** | 12,9 | 10,7 | 2,2 | 0,3 |
| Gündogar | 14,6 | 11,3 | 3,3 | 0,3 |
| Günorta | 12,0 | 9,5 | 2,5 | 0,2 |
| Demirgazyk | 13,4 | 11,5 | 1,9 | 0,3 |
| **AZIÝA:** | 27,8 | 9,0 | 18,8 | 1,9 |
| Günorta-gündogar | 29,6 | 8,9 | 20,7 | 2,1 |
| Gündogar | 20,1 | 6,7 | 13,4 | 1,3 |
| Günorta | 34,8 | 11,8 | 23,0 | 2,3 |
| Günbatar | 36,1 | 8,5 | 27,6 | 2,8 |
| **A F R I K A :** | 44,7 | 14,7 | 30,0 | 3,0 |
| Demirgazyk | 37,0 | 10,8 | 26,2 | 2,6 |
| Gündogar | 48,5 | 16,4 | 32,1 | 3,2 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| Merkezi | 45,9 | 15,9 | 30,0 | 3,0 |
| Günbatar | 48,3 | 16,5 | 31,8 | 3,2 |
| Günorta | 33,7 | 10,2 | 23,5 | 2,4 |
| Demirgazyk Amerika | 15,0 | 8,7 | 6,3 | 0,8 |
| **LATYN AMERIKA** | 28,7 | 7,4 | 21,3 | 2,1 |
| Karib d. | 25,3 | 8.0 | 17.3 | 1,5 |
| Merkezi bölegi | 31,1 | 6,5 | 24,8 | 2,3 |
| Günorta bölegi | 28,2 | 7,8 | 20,4 | 2.0 |
| Awstraliýa-Ummanistan | 19,4 | 8,1 | 11,3 | 1,5 |
| Awstraliýa-Taze Zelandiýa | 15,2 | 7,6 | 7,6 | 1,3 |
| Melaneziýa | 33,7 | 10,5 | 23,2 | 2,3 |
| Mikroneziýa | 26,7 | 7,1 | 19,6 | 1,9 |
| Polineziýa | 34,1 | 4,9 | 29,2 | 2,9 |

Ýer şarynda 1999-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 12-de ilatyň sany 6 mlrd-a etdi. Umuman gije-gündüziň dowamynda 250 müň adam artýar.

Ilatyň köpelişi her müň adama görä hasaplanylýar (ölçeg birligi $^{1}/_{1000}$ ýa-da promil) 1990-nji ýylyň başyna çenli dünýäniň orta demografik görkeziji şeýleräk:

1) dogulýanlar (D)- $^{26}/_{1000}$ ýa-da 26 promille,
2) ölýänleriň sany (Ö)- $^{9}/_{1000}$ ýa-da 9 promille,
3) Tebigy ösüş (To = D-Ö) – $^{17}/_{1000}$ ýa-da (17promille)

**Dünýaniň köp ilatly döwletleri (2006 ý)**

Hytaý – 1323,6 mln.adam, Hindistan- 1119,5 mln.adam, ABŞ - 301,0 mln.adam, Indoneziýa – 225,5 mln.adam, Braziliýa - 188,9 mln.adam, Pakistan -161,2 mln. adam, Russiýa - 142,5 mln.adam, Ýaponiýa - 128,2 mln.adam, Bangladeş – 144,4 mln.adam, Higeriýa – 134,4 mln.adam, Meksika – 108,3 mln.adam, GFR – 82,7 mln.adam, Wýetnam – 85,3 mln.adam, Filippinler – 84,5 mln.adam, Iran – 70,3 mln.adam, Turkiýe – 74,2 mln.adam, Taýland – 64,8 mln.adam, Beýikbritaniýa – 59,8 mln.adam, Fransiýa – 60,7 mln.adam, Italiýa – 58,1 mln.adam

**Dünýäniň ilatynyň ýaş aýratynlyklygy (1998),* %**

| **Sebitler** | **Ýaş toparlary** | | |
|---|---|---|---|
| | **0-14 ýaş** | **15-64 ýaş** | **65-den ulular** |
| Dünýä boýunça | 32 | 62 | 6 |
| GDA | 25 | 65 | 10 |
| Daşary Ýewropa | 20 | 67 | 13 |
| Daşary Aziýa | 33 | 62 | 5 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Afrika | 45 | 52 | 3 |
| Dg Amerika | 21 | 66 | 12 |
| Latyn Amerikasy | 36 | 59 | 5 |
| Awstraliýa we Ummanystan | 27 | 64 | 9 |

*

**Maglumatlar internetden alyndy.**

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýaş ösdürimleriň sany soňky ýyllarda azalýar. Sebäbi ýetginjekler giç öýlenýärler, zenanlar hem giç durmuşa çykýarlar. Şol sebäpli ilatyň tebigy artyşy örän pes ýagdaýda bolmagynda galýar. Munuň tersine bu döwletlerde gartaşan adamlaryň sany her ýyl artýar. Olaryň içinde saglygy gowular işleýärler. Saglygy mümkinçilik bermeýänlere döwlet tarapyndan ykdysady we medisina kömegi amala aşyrylýar. Şeýlelikde olaryň sany soňky ýyllarda köpelýär. Ýaşynyň dowamlylygy boýunça iň köp adamlar Ýewropa we Dg Amerika degişlidir. Olarda jemi ilatynyň 13-12% 65 ýaşdan ulylar tutýarlar. Olardan soňraky üçünji orun GDA döwletlerine degişli bolýar. Olaryň ilatynyň 10% gartaşan adamlardyr.

Ilatyň arasynda ýogalýanlaryň sany dünýä boýunça 1998-nji ýylda 9,8%-ä deň bolupdyr. Emma bu mesele boýunça hem Gd, Merkezi, Gb-Afrika döwletleri, Go Aziýa ýurtlary ýokary görkezijileri boýunça tapawutlanýarlar. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ölüm-ýitimiň sany azalýar. Olarda ilata medisina hyzmaty ýokary derejede alnyp barylýar. Ýöne ýaşlaryň arasynda neşe, spid keselleri bilen keselläp ýogalýanlaryň sany boýunça tapawutlanýarlar. Latyn Amerikasy, Dg Amerika, Awstraliýa we Ummanystanda umumy ilatyň arasynda ölýänleriň sany has az (jetwel).

## 3. Ilatyň tebigy köpelişi barada dünýäniň dürli döwletlerinde alnyş barylýan demografik syýasat.

Ilatyň tebigy köpelişini, migrasiýasyny kadalaşdyrmak maksady bilen dünýäniň köp döwletlerinde demografik syýasat alnyp barylýar. Administratiw, ýuridiki, sosial, ykdysady we propoganda ryçaglaryň üsti bilen adamlaryň ölüm-ýitimini azaltmak, çagalaryň dogulyşyny kadalaşdyrmak, migrasiýany çäklendirmek demografik syýasatyň esasy özeni bolup durýar. Kanuny ýol bilen nikalaşmak wagtyny anyklamak, aborta garşy göreşmek we oňa ýol açmak, perzentsizlige töleg girizmek, köp çagaly maşgalalara kömek puly, her hili ýeňillikler bermek, ýaşaýyş jaýy paýlanylanda we oňa töleg tölenende ýeňillik bermek, köp çagaly maşgalalary radio, telewideniýe we metbugat arkaly goldamak we ş.m. çäreler demografik syýasatyň çeşmeleri bolup durýarlar.

Islendik döwletde halk hojalygy ösdürmek, şol sanda döwletiň ykdysady-syýasaty, bilim, saglygy saklaýyş, halkyň durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý gurluşygy ýaly çäreler demografik hadysalara gönüden-göni täsir edýärler. Bu hili hojalyk çäreleri döwletiň demografik syýasaty bilen utgaşyp hereket etmese özüniň gowy netijelerini bermeýär.

Häzirki zamanda köp döwletleriň hökümeti demografik programmalary adaty döwlet syýasatyna öwürýärler. 135 döwletiň gatnaşmagynda 1974-nji ýylda Buharestde (Rumyniýa) BMG ilatyň tebigy ösüşi barada Bütündünýä konferensiýany geçirdi. Bu konferensiýa "Ilatyň tebigy ösüşi barada bütündüňýä boýunça edilmeli işleriň planyny" kabul etdi. Halk hojalygy ösdürmekligiň döwlet plany demografik syýasat bilen utgaşdyrylyp alnyp barylsa şonda gowy netije gazanyp bolar diýlip konferensiýanyň maglumatlarynda görkezildi. Konferensiýada ösýän döwletlere uly üns berilmelidigi beýan edilipdir. Esasan hem ölýänleriň sanyny azaltmak we ilatyň ortaça ýaşyny 1985-nji ýyla çenli 62-ä 2000-nji ýyla çenli 74 ýaşa ýetirmek göz öňüne tutulypdyr. Körpe ýaşlylaryň we çagalaryň ölüm-ýitimini azaltmak, önüp-öselgesizlige (бесплодие) gizlin edilýän abortlara, her hili kesellere we adamlara iýmit ýetmezçiligine garşy göreşmeklik esasy demografik syýasata öwrülmeli diýlip konwensiýada aýdylypdyr.

Käbir ösen döwletlerde ilatyň garramak, ýaşlaryň we etgiňjekleriň azalmak, urbanizasiýa içki we daşky ilat migrasiýasy ýaly problemara hem seredilipdir. Bu meseleler boýunça halkara hyzmatdaşlygy guramak meselesine hem garalypdyr. Demografik proseslere hemişelik gözegçiligi dowam etdirmeklik meselesi BMG-na we onuň degişli guramalaryna tabşyrylypdyr. 1977-nji ýyldan başlap, her iki ýyldan şol tendensiýalara baha bermek, 1979-njy ýyldan soň her bäş ýyldan şol problemalar boýunça edilen işlere BMG doly we anyk baha bermeli edilipdir.

Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletlerinde çagaly enelere eňillikler berilýär. Dünýäniň köp döwletlerinde demografik syýasat döwlet masştabynda amala aşyrylýär.

17 sany Aziýa döwletleri-Hindistan (1952), Pakistan- 1960-dan, Go Koreýa-1961-den, Kytaý HR – 1962-den, Singapur (1965), Türkiýe-1965, Şri-Lanka-1965, Malaýziýa-1966, Hepal-1966, Eýran-1967, Indoneziýa-1968, Taýwan-1968, Filippinler-1970, Taýland-1970, Bahgladeş-1971, Laos-1972, Sýangan-1973 ýyldan bäri dogulýan çagalaryň sanyny azaltmak maksady bilen " Maşgalany planlaşdyrmak" syýasatyny alyp barýarlar. Bu syýasata bu döwletlerde "Saglygy saklaýyş institutlary" ýolbaşçylyk edýärler.

**Afrika materiginde** Botswana-1970, Gana-1969, Ýegipet – 1965, Keniýa-1966, Mawrikiýa-1965, Marokko-1968, Tunis-1964

**Latyn Amerikasynda:** Barbados-1967, Gwatemala-1975, Dominikan Respublikasy-1968, Kolumbiýa-1970, Meksika-1974, Puerto-Riko-1970. Salwador-1974, Trinidad we Tabago-1976, Ýamaýka-1966;

**Okeaniýada:** Gilberta we Tuwalu-1970, Fidji-1962 ýyllarda " maşgalany planlaşdyrmak" demografik syýasata goşuldylar. Şeýlelikde bu döwletlerde ilatyň tebigy ösüşi soňky ýyllarda ýuwaş-ýuwaş kadalaşýar.

## VI. Ilatyň migrasiýasy.

1. Migrasiýanyň sebäpleri, jemgiýetiň ýaşaýşynda onuň ähmiýeti.
2. Häzirki zaman içki we daşky migrasiýanyň döreýşi onuň durmuş-ykdysady şertlere edýän täsiri.
3. Migrasiýanyň görnüşleri we halkara migrasion hereketleriň esasy ugurlary.

## Edebiýat.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999.

## 1.Migrasiýanyň sebäpleri, jemgiýetiň ýaşaýşynda onuň ähmiýeti.

Dünýäde ilatyň endigan ýerleşmegi üçin migrasiýa zerur zat hasaplanylýar. Has irki döwürlerde migrasiýa täze ir-iýmişli ýerleri gözlemek we ilatyň öňki ýerleşen ýerlerinde tebigy şertleriň üýtgemegi bilen baglanyşykly. Buzluk we buzlukara döwürlerde ilat göçmäge mejbur bolupdyrlar. Diýmek irki döwürlerde ilatyň göçmekligi tebigy şertleriň üýtgemegi we öň ýaşalan ýerlerde ilatyň sanynyň artmagy bilen baglanyşykly bolupdyr.

Ilatyň göçmekligine mal bakar ýaly öri meýdanlaryň ýetmezçiligi bilen bagly,öňki öri meýdanlarda çägeleriň göçmegi, olarda mal köp bakylyp üstüniň torg edilmegi bilen (Sahara, Arabystan çölleri) baglanyşykly. Ilatyň öň ýaşap oturan ýerlerinden göçmekligi has güýçli garşydaşlarynyň döremegi bilen hem baglanyşykly bolupdyr.

Gadymy migrasion ýörüşleriň biri Aziýadan mongoloid taýpalaryň Beringow bogazynyň üsti bilen Amerika aralaşmagy. Olar Dg.Amerika, soňra günorta süýşüp Amerikanyň köp ýerini özleşdiripdirler. Bu döwür takmynan 30 müň ýyl mundan ozal bolup geçipdir. Şol döwürde GO-GD Aziýadan ilatyň Awstraliýa we Okeaniýa göçmegi bolupdyr. Bu migrasiýa parahatçylykly bolup geçipdir, sebäbi ol ýerlerde öň ilat ýaşamandyr. Ilki durmuş obşina döwri ilatyň sanynyň ýuwaş-ýuwaş artmagy bilen migrasiýa başgarak häsiýete eýe bolupdyr. Öndüriji güýçler ösüp ilatly ýerlerde tebigy resurslaryň çäklenmegi, garyplaşmagy bilen bagly bolupdyr. Çarwa maldarçylyk bilen meşgullanan taýpalar başga goňşy ýerlere süýşüp ol ýerlerde çaknyşyklara, uruşlara sezewar bolupdyrlar. Şoňa mysal: semitleriň b.e.öň III müň ýyllykda Tigr we Ýefrat derýalarynyň arasyna gelmegi, b.e.öň VII müň ýyllygyň aýagynda ariýalylaryň Hindistana barmaklary, XVIII asyrda (b.e.öň) giksoslaryň Ýegipete gelmegi, grekleriň ata-babalarynyň Dg.Gd Orta ýer deňiz kenarlaryna aralaşmagy, olaryň biziň e. öň I müňünji ýyllaryň başynda Italiýa göçüp gelmegi, biziň eramyzdan öň V-IV asyrlarda keltleriň Gb we Go Gd Ýewropa barmagy we olar b.e.öň III asyrda Kiçi Aziýa girmekleri bolup geçipdir.

Biziň eramyzyň III-VII asyrlarynda ilatyň beýik göçüşligi başlanýar. Germanlaryň we sarmatlaryň täze öri meýdan we eker ýaly ýer gözläp Aziýadan Gd Ýewropa, Gb we Go Ýewropa, Dg. Afrika, Go Gb Aziýa aralaşmagy Rim imperiýasynyň ýykylmagyna getiripdir. Bolgarlar VII asyrda Balkan ýarym adasyna, ugorlar-madýarlar Orta Dunaýa (IX asyr) göçüp barýarlar.

I müňýyllykda (biziň eramyzyň) toparlaýyn migrasiýa Indoneziýadan Madagaskar adasyna Melaneziýalylar we polineziýalylar Ýuwaş okean adalaryna, Beringow deňziniň töwereginde ýaşan eskimoslar Dg Amerikanyň gündogarynda göçýärler.
Amerikan kotinentiniň içinde indeýsler-irokezler XIII asyrda uly migrasiýa edýärler. Astekler şol döwürde Meksika gelýärler. Arawaklar bolsa Antil arhipelagyna göçüp barýarlar.
Kapitalizm döwründe has iri migrasiýa negrleriň gul edilip Afrikadan Amerika getirilmegi başlaýar. 10- larça million adamlar göçürilýär. Şeýlelikde Afrikanyň XVIII asyrda ilaty azalýar.

Beýik geografiki açyşlar döwründe (XV-XVI asyrlarda) Ýewropadan ep-esli ilat okeanyň aňyrsynda göçüp başlaýar. Ilki göçen adamlar diňe gurply – baý adamlar bolupdyr. Kapitalistik önümçilik gatnaşyklaryna ir girişen baý adamlar özleriniň kapitalyny täze iş ýerlerine goýmak maksady bilen göçüp gidýärler.

XVI asyrdan başlap ispanlar bilen portugallar Merkezi we GO Amerika köp möçberde göçýärler. XVII asyrda Dg. Amerika frasuzlar, gollandlar, iňlisler, irlandlar, şotlandlar göçüp başlaýarlar. Olar göçüp baryp Amerikanyň ýerli ilatyny daglyk, çöllük ýerlere göçmäge mejbur edýärler.

XVIII asyryň 2-nji ýarymynda Ýewropadan Amerika 1 mln töweregi ilat göçýär. Olaryň 2/3 bölegi Beýik Britaniýadan çykyp gidenler hasaplanylýar. Olarda kapitalistik jemgyýet çalt ösüp işçi güýji agdyklyk edip göçmäge mejbur bolýarlar. Şol döwürde Awstraliýa materigine günäkär adamlary göçürmek däbe öwrülipdir. Soňra adaty kolonizasiýa başlanyp, köpüsi öz erkine göçýärler. Göçüp baryp ýerli ilaty awstraliýalylary daglyk, çöllük ýerlere kowýarlar.

Gollandiýadan migrasiýa tolkuny Go Afrika (burlar göçüp) barandan soň Afrikanyň ýerli ilatynyň elinden gowy hasyl berýän ýerleri basyp alýarlar.

XV-XVIII asyrlarda migrasiýa GD Ýewropada hem bolup geçýär. Ruslar Powolžýe Ural töweregine, Sibire, ukrainler Gara deňiz kenarlaryna, mordwalar, tatarlar Powoljýeniň beýleki ýerli halklary merkezi raýonlardan Go-Gd-a göçýärler.

Ýewropadan uly migrasiýalar XIX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlaýar. Şol asyryň ortasynda her ýylda 300 müň adam töweregi Atlantik ummanyň aňyrsyna göçýär.

XIX asyryň aýaklarynda kapitalizm ösüşine giç başlan Go Ýewropadan emigrasiýa edýänleriň sany ýylda 1 mln adama ýetipdir.

Köpçülikleýin migrasiýa 1-nji Jahan urşuň başlanmagy bilen togtaýar. XIX asyryň başyndan I-jahan urşuna çenli Ýewropadan gidenleriň sany 50 mln adama golaý bolandyr diýip çaklaýarlar. Şolaryň 2/3 bölegi baran ýerlerinde galyp 1/3 bölegi yzlaryna gaýdyp gelýärler.

XIX asyryň aýagynda XX asyryň başynda hytaýlylar Go Gd Aziýa, hindiler-Seýlona, Birma, Malaýziýa, Gd we Go Afrika, ýaponlar Gawaý adalara, ABŞ-a, Koreýa göçüp gidýärler.

Birinji jahan urşundan soň ýene-de Ýewropadan Amerika emigrasiýa başlanýar. Go Ýewropadan gidýänler esasan Go Amerika barýarlar.

Germaniýada, Italiýada döwlet başyna faşistleriň gelmegi bilen syýasy migrasion hereketler başlanýar. Şol ýyllar ortaça Ýewropadan ýylda 600 müň adam göçüp gidýär.

Syýasy migrasiýa bilen baglanyşykly ýewreýler Germaniýadan, Italiýadan iňlisleriň arka durmagy bilen Palestina göçürilýär.

I-II jahan uruşlarynyň aralygynda Ýewropadan 9 mln adam göçüp gidipdir. Şolaryň ýarysy ABŞ-da galýarlar.

II-jahan urşunyň başlanmagy uly migrasiýa getirýär. 1,3 mln gaçgaklar Gd we Go Gd Ýewropadan ABŞ-a, Kanada, Aziýadan 6 mln ýaponlar (Hytaýdan) öz ýurduna göçüp barýarlar.

1947-nji ýylda Hindistandan Pakistana 8 mln adam, Pakistandan Hindistana 8,5 mln adam göçýär. Ýewropa we Aziýa ýurtlarynda 2 mln ýewreý Palestina, Izraile göçüp gelýärler.

II jahan urşundan soň Italiýadan Beýik Britaniýadan, Ispaniýadan 7 mln adam ABŞ-a, Kanada, Awstraliýa göçýärler.

Afrikada, Aziýada döwletler öz garaşsyzlygyny alanlygy sebäpli Ýewropalylar yzlaryna gaýdyp gitmeli bolýarlar.

## 2.Häzirki zaman içki we daşky migrasiýanyň döreýşi, onuň durmuş-ykdysady şertlere edýän täsiri.

Migrasiýa iki hili bolýar. Olaryň biri ýurduň içinde bolup geçýär. Ilatyň obadan şähere, ýa-da şäherden oba göçmegine içki migrasiýa diýilýär. Ilatyň belli-bir bölegi ýurdy terk edip başga döwlete göçüp gitse, oňa daşky migrasiýa diýip aýdylýar. Adamlaryň öz ýurdundan başga ýurda hemişelik ýaşamaga gitmegine emigrasiýa, yzyna, öz ýurduna gaýdyp gelenlere-immigrasiýa diýýärler.

Ilatyň göçmeginiň dürli hili sebäpleri bolup biler. Göçmeklik iş, okuw, goşun gullugy we başga sebäpler bilen baglanyşykly bolmagy mümkin. Döwletiň içindäki ilatyň göçmekligi iş meselesi bilen baglanyşykly bolýar. Mysal üçin haýsydyr-bir ýerde magdan käni açylsa, ýa-da uly zawod gurulsa, şoňa döwletiň dürli ýerlerinden hünärmeler, işçiler işe barmagy mümkin. Ilatyň göçmekligi täze ýerleriň özleşdirilmegi bilen hem baglanyşykly. Bu döwletiň ykdysady – durmuş meselesine oňaýly täsir edýär.

Zähmet bölünişiginiň kadalaşmagyna kömek edýär. Göçýän adamlar durmuşda, jemgiýetde öz ornuny tapýan wagtlary köp bolýar.

## 3.Migrasiýanyň görnüşleri.

Öň belläp geçişimiz ýaly migrasiýnyň dürli sebäpleri bar. Ilatyň bir ýerden başga ýere göçmekligi meýletin we zorluk bilen amala aşyrylýar.

Zorluk bilen amala aşyrylan migrasiýany şu sapagyň birinji soragynda seredip geçdik.

Migrasiýanyň esasy sebäpleriniň biri ykdysady şertler bilen baglanyşykly bolan görnüşidir. Mysal: Dg we Go Amerikanyň täze ýerlerini açmak üçin Gb Ýewropadan 20 mln adam göçürilip äkidilipdir. Häzirki wagtda, 1990-njy ýyllardan başlap, şertnama boýunça ösýän döwletlerinden Aziýadan we Afrikadan 25 mln işçiler Gb Ýewropa döwletlerinden işleýärler. Şolaryň ýarysyndan gowragy (13 mln) Ýewropa ykdysady guramasy ýurtlarda zähmet çekýärler. Bu ýagdaý şol döwletlerde işe ýaramly adamlarynyň sanynyň azalmagy bilen baglanyşykly, hem-de ösýän ýurtlardan gelip şertnama boýunça işleýän işçiler ykdysady taýdan öz işçilerine garanda has arzan düşýär.

Käbir döwletlerde ykdysady şertleriň we ýagdaýlaryň ýaramazlaşmagy bilen "Akylly adamlar" ýaşaýan ýurdundan ykdysady taýdan ösen döwletlere göçüp gidýärler. Sebäbi, göçüp gidýän döwletlerinde olara öz ýaşaýan döwletine garanda aýlyk köp tölenýär we ýaşaýyş gowy.

**Syýasy migrasiýa.** Käbir raýatlar öz ýurdunda alnyp barylýan syýasat bilen ylalaşmaýar. Rugsat edilmedik partiýanyň agzalary hem şol döwletiň çäginden çykyp gitmeli bolýarlar. Bu ýagdaý köp döwletlere mahsus zat. Meselem: SSSR döwründe kompartiýanyň syýasaty bilen ylalaşmaýan raýatlar ýurdy terk edip, Gb Ýewropa ýa-da Amerika döwletlerine göçüp gidipdiler.

**Kolonial imperiýanyň dargamagy bilen baglanyşykly migrasiýa**, 1950-1970-nji ýyllar üçin häsiýetli. Iňlisler şol ýyllarda Hindistandan, Pakistandan beýleki koloniýalaryndan; fransuzlar-Aljirden, Tunisden, Marokkadan; italýanlar-Liwiýadan, Efiopiýadan; portugallar-Angoladan, Mozambikden öz döwletlerine gaýdyp bardylar. 1949-njy ýylda Hindistan bilen Pakistanyň aýratyn döwlet bolmaklary sebäpli, soňra GD Pakistanyň Bangladeş döwletini emele getirmegi netijesinde takmynan her haýsyndan 9 mln adam göçhä-göçlige sezewar bolupdyrlar. Induslar Hindistana, musulmanlar Pakistana we Bangladeşe göçüpdirler.

**Milletleriň öz döwletine migrasiýasy.** 1990-njy ýylyň oktýabrynda GFR bilen GDR-nyň birleşmegi (Germaniýa federatiw respublikasy) netijeside GD Ýewropa, Aziýa döwletlerinde ýaşaýan nemesler öz watanlaryna göçmäge başladylar. Bu ýagdaý henize çenli dowam edýär.

1990-1991-nji ýyllardan bäri öňki SSSR-e giren respublikalardan ruslar Russiýa Federasiýasyna hemişelik ýaşamaga barýarlar. Beýleki respublikalarda ýaşan milletleriň wekilleri öz ýurduna göçüp gelýärler.

**Ekologiki migrasiýa.** Ilatyň öň ýaşap oturan ýerlerinden ekologik ýagdaýyň ýaramazlaşmagy sebäpli adamlar başga ýerlere göçýärler. Meselem: Aral deňziniň kenarýaka sebitleri, Çernobyl atom elektrik stansiýasynda heläkçiligiň bolmagy, Gazagystandaky atom poligonyň çäginden we ş.m. ýerlerden ilat başga sebitlere göçüp gidýärler.

"Açlyk we garyplyk" zerarly hem ilat göçmäge mejbur bolýar. "Gaçgaklar" özboluşly migrasiýa hasaplanýar. Bu esasan halkara we sebitara uruşlar sebäpli ýüze çykýar. Gaçgaklar akymy dürli ýyllarda Owganystanda, Mýanmada, Hindistanda, Şri-Lankada, Eýranda, Yrakda, Liwanda, Kiprde, Angolada, Çadda, Efiopiýada we beýleki Afrika döwletlerinde, Latyn Amerikada (Gwatemala, Gonduras, Nikaragua,

Peru) bolup geçdi. Häzirki günlerde gaçgaklar Owganystandan köp möçberde ilat goňşy döwletlerde we Gb Ýewropada ýaşaýarlar. “Gaçgaklar” açlyk, garyplyk tebigy betbagtçylyk (suw joşmagy, ýer yranmagy, ýangyn zerarly hem bolup bilýärler. Dünýäde 1995-nji ýylda 27 mln adam gaçgak halda ýaşapdyr.

Göçýän adamlaryň köpüsi Ýewropanyň, Dg Amerikanyň has ösen döwletlerine barýarlar. Sebäbi ol döwletlerde ilatyň tebigy ösüşiniň azlygy, iş ýerleriniň we durmuş şertleriniň ýokary bolmagy zerarly ilat göçüp barýar.

## VII. Dünýäniň ilatynyň ýerleşişi we gürlügi.

1. Ýeriň beýikligine baglylykda ilatyň ýerleşişi.
2. Ilatyň ýerleşişiniň we gürlüginiň geografiki şertlere, hem-de hojalygyň geografiýasyna baglylygy.

3. Dünýäniň ilatynyň gürlügi.

## Edebiýat.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999.

## 1.Ýeriň beýikligine baglylykda ilatyň ýerleşişi.

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda adamzat ýaşaýyş üçin ýaramly ýerleri özleşdiripdir. Olaryň zähmet gurallarynyň üýtgemegi, täze, öň ýaramsyz hasap edilen ýerleriň hem özleşdirilmegine getiripdir.

Ilatyň ýerleşişi Ýer togalagy boýunça deň däl. Bar kwadrat kilometr ýerde 1000 adamdan geçýän ýerler hem bar. Şonuň ýaly-da, asla adam ýaşamaýan ýerler hem bar. Şolar ýaly ýerler Ýer togalagynyň 15 %-ini tutýar. Oňa polýar tegelegine golaý ýerleşen ýerler, hem-de beýik daglyk ülkeler (5000 meyrden ýokary ýerler) degişlidir. Tibet daglarynda we Peru döwletinde obalaryň käbiri 5000 metrden ýokarda hem duş gelýärler. Ilat Merkezi we Günbatar Aziýa, Dg Afrika çöllerinde hem ýaşamaýar. Şonuň bilen birlikde ilatyň gür ýaşaýan 7 % ýerinde dünýäniň ilatynyň 70-%-i ýerleşen.

Ilatyň aglaba bölegi (80 %-i) pesliklerde we beýikligi 500 m-e çenli belentliklerde ýaşaýarlar. Şolar ýaly ýerler Ýer togalagynyň 27,8 %-ini eýeleýär. Ýokarda görkezilen beýikliklerde Ýewropanyň, Awstraliýa bilen Okeaniýanyň 90 % ilaty ýaşaýar. 500 we 1500 m beýikliklerde Afrikanyň 35 %, GO Amerikanyň 28 % ilaty ýerleşýär. Ýer üstüniň gurluşyna, klimat aýratynlyklaryna baglylykda Boliwaýanyň 90 % ilaty deňiz derejesinden 1000 m beýiklikde, şonuň ýaly Peruwyň, Meksikanyň, Owganystanyň, Efiopiýanyň ilatynyň esasy bölegi beýik ýerlerde ýaşamaly bolýarlar. Munuň tersine Niderlandiýanyň, Polşanyň, Fransiýanyň, Ýaponiýanyň, ABŞ-nyň ilatynyň esasy bölegi 500 m çenli beýikliklerde mesgen tutupdyrlar. Niderlandiýada ilatynyň 40 %-i deňiz suwundan gaçy bilen goralan ýerlerde, ýagny deňiz derejesinden aşakda ýaşaýar.

Ilatyň şeýle biendigan ýerleşmegine belli-bir derejede ýer üstüniň gurluşy täsir edýän bolmagy-da mümkin. Meselem: Aziýanyň ortaça beýikligi 950 m, DG Amerika – 720 m, Afrika-750 m, Ýewropanyň beýikligi –300 m.

Muňa garamazdan Aziýada ilatyň esasy bölegi pesliklerde ýerleşen. Ýaponiýanyň ýeriniň köp bölegini daglar tutýanam bolsa, ilatynyň aglaba bölegi 200 we 500 m beýikliklerde ýaşaýar.

## 2.Ilatyň ýerleşişiniň we gürlüginiň geografiki şertlere, hem-de hojalygyň geografiýasyna baglylygy.

Ilatyň geografiki ýerleşişine ser salsaň tebigy şertleriň täsir edýändigini bilmek kyn däl. Öň belläp geçişimiz ýaly, olar klimat taýdan amatly ýerlerde ir döwürlerden bäri tutupdyrlar. Ýene bir bellemeli zat, olar ähli gury ýer böleklerinde ummanlara we olaryň deňizlerine, aýlaglaryna golaý ýerleşipdirler. Dünýäniň ilatynyň 60 %-ine golaýy ummanlaryň suw giňişliklerinden 200 km aralykda ýaşaýarlar. Kenarýaka (0-50 km) sebitlerde ilatyň gürlügi ortaça gury ýerdäki ilatyň gürlüginden 2 esse, 50-200 km aralygy alanyňda bolsa 1,5 esse ýokary. Dünýä ummanlarynyň bölekleriniň kenarýaka sebitlerinde, olara guýýan derýalaryň boýlarynda şäherleriň esasy bölegi 50-60 % ýerleşýär. Ilatyň geografiki ýerleşişide ýene bir bellemeli zat hojalyk kärhanalarynyň ýerleşiş aýratynlyklary esasy orun tutýarlar. Bu meselede şäher we oba ilatynyň bir-birine bolan gatnaşygy hem öz ornuny tapýar. Käbir döwletlerde şäher ilatynyň agdyklyk etmegi sebäpli ilatyň gürlügini kesgitlemek kynçylyk döredýär. Beýle ýagdaýda ilat döwlet boýunça endigan ýerleşmän, diňe şäherlerde jemlenen bolýar. Oba hojalyk işleri bilen kiçi şäherleriň we şäherçeleriň sähelçe ilaty meşgullaýarlar. Netije-de, ilatyň umumy sanyny döwletiň meýdanyna paýlasaň ilatyň hakyky ýerleşiş ýagdaýyny görkezmeýär. Şonuň üçin köp halatlarda oba ilatynyň we şäher ilatynyň gürlügini aýratynlykda görkezýärler. Bu ýagdaýda oba ilatynyň sanyny ekilýän ýerleriň meýdanyna, ýa-da oba hojalykda ulanylýan ýerleriň meýdanyna görä hasaplaýarlar. Şäheriňkii tutýan meýdanyna görä hasaplaýarlar. Ilatyň ýerleşişi we gürlügi adamlaryň hojalyk işi bile gönüden-göni baglanyşykly. Ilatyň ýaşaýan we mesgen tutan ýerlerinde hojalyk işleri alnyp barylýar.

## 3.Dünýäniň ilatynyň gürlügi.

Dünýäniň sanynyň artmagy bilen onuň ortaça gürlügi hem artýar. Mysal: ilatyň ýaşaýan ýerinde onuň ortaça gürlügi 1920-nji ýylda 1 inedördil kilometr ýerde-13 adam, 1950-18, 1983-34, 2000-44,5 adama (eger Anntarktikany hasap etmäniňde) deňdir.

Şäher ilatynyň gügi, şäheriň arhitekturasyna we tutýan meýdanyna bagly. Şäherlerde ortaça 1 inedördil kilometrde 5-10 müň adam, oba ýerlerde, Nil derýasynyň jülgesinde-1300 adamdan hem köp ýaşaýar.

Dünýäde ilatyň has köp ýygnanan ýerleri:

1. GD Aziýa (Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa, KHDR) – 1,5 mlrd adam ýaşaýar.
2. GO Aziýa (Hindistan, Bangladeş, Şri-Lanka, Pakistan, Nepal) – 1 mlrd-dan hem köp.
3. GO-GD Aziýa (Indoneziýa, Filippinler, Tailand, Malaýziýa we beýlekiler) – 500 mln-dan gowrak.
4. Ýewropa (600 mln-a golaý)
5. DG Amerikanyň Atlantika kenary.

**Dünýäniň ilatynda gury ýer bölekleriniň tutýan orny (% hasabynda)**

| | 1970 | 1990 | 2025 |
|---|---|---|---|
| Afrika | 9,8 | 12,1 | 18,8 |
| Latyn Amerikasy | 7,7 | 8,5 | 8,9 |
| Dg Amerika | 6,1 | 5,2 | 3,9 |
| Ýewraziýa | 69,3 | 68,2 | 63,9 |
| Awstraliýa we Ummaystan | 0,5 | 0 ,5 | 0,5 |

Gury ýer bölekleriniň arasynda ilatyň köp ýaşaýan ýeri Ýewraziýa, Afrika hasaplanylýar. Dünýäde ilatyň has gür ýaşaýan döwleti Bangladeş (meýdany 144 müň inedördil km, ilaty 124 mln adam-1998 ýyl) – 861 adam ýaşaýar.

## VIII. Ilatyň maşgala we jyns düzümi.

1. Ilatyň jyns boýunça düzümi.
2. Dünýäniň käbir sebitlerinde aýallaryň we erkekleriň agdyklyk etmekliginiň sebäpleri.
3. Dünýäniň ilatynyň maşgala düzümi.
4. Nika, ilatyň nikada durmagy we nikanyň bozulmagy.

## Edebiýat.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999.

## 1.Ilatyň jyns boýunça düzümi.

Her bir döwletiň çäginde ýaşaýan raýatlarynyň jyns aýratynlygyny, düzümini kesgitlemek diňe bir demografiýa üçin zerur bolman, onuň durmuş-ykdysady ähmiýeti ulydyr. Sebäbi, döwletde senagat, durmuş hyzmaty, bilim, ylym sungat we beýleki pudaklaryň ösüşi göz öňüne tutulanda ilatyň jyns aýratynlygy nazara alynýar.

Ilatyň jynsy we ýaşy boýunça düzümi dogulýanlaryň, ölýänlerişykly. Eger döwletiň çäginden göçüp gidýän ilat barbolsa, ol hem ilatyň jyns we ýaş düzümine täsir edýär. Ilatyň ýaş we jyns aýratynlygy zähmet baýlyklara öz täsirini ýetirýär.

Ilatyň jyns aýratynlygy boýunça düzümi ilkibada dogulýanlaryň say boýunça kesgitlenilýär. Dünýäde, ortaça 100 sany dogulýan gyz çaga 104-107 oglan çaga degişli bolýar. Dogulýanlaryň arasynda oglanlaryň agdyklyk etmegi wagtyň geçmegi bilen olaryň deňleşmegine, soňra sanynyň kemelmegine getirýär. Bu ýagdaý käbir döwletlerde 15-59 ýaş aralygynda olaryň (erkekleriň) sanynyň azalmagy, zenanlaryň durmuşa çykmak meselesini kynlaşdyrýar. 60 ýaşdan ulularyň arasynda döwletleriň köpüsinde zenanlar agdyklyk edýärler.

Birleşen Milletler Guramasynyň 1985-nji ýylda berýän maglumatlaryna görä Ýer ýüzünde 22 mln erkek adam aýallaryň sanyndan köp bolupdyr. Gury ýer bölekleriň arasynda Aziýada we Ummanystanda erkek adamlar agdyklyk edýär. Galanlarynda ilatyň umumy sanynda zenanlar köp.

0-14 ýaşlylaryň arasynda gury ýer bň hemmesinde oglanlaryň sany köp. Emma 15-64 ýaş aralygynda Aziýa bilen Ummanystanda erkek adamlar köp, galanlarynda zenanlar köplük edýär.

## 2.Dünýäniň käbir sebitlerinde aýallaryň we erkekleriň agdyklyk etmekliginiň sebäpleri.

Ýewropada 1980-1990-nji ýyllar aralygynda 15-64 ýaşlylaryň arasynda aýallar bilen erkekleriň sany deňiräk gelýär. Ikinji jahan urşundan Ýewropa köp erkek adamlary ýitirenem bolsa, soňky ýyllarda işlemäge gelýänleriň hasabyna erkek adamlaryň sany aýallaryň sany bilen deňleşýär.

65 ýaşdan ýokary ýaşlylaryň arasynda Ýer ýüzi boýunça aýallar agdyklyk edýär. Ýewropada şu ýaşdaky adamlaryň sany beýleki gury ýer bölekleri bilen deňeşdirende has ýokary hasaplanýar. 1970-nji ýyllardan başlap dünýä boýunça 15-64 ýaşlylaryň arasynda erkek adamlar agdyklyk etse, 65 we ondan ýokary ýaşlylaryň arasynda zenanlaryň sany köp.

Merkezi Aziýa döwletlerinde erkek adamlar 30 ýaşa çenli aralykda zenanlara garanda köp hem bolsa 60 ýaşdan aňyrda aýallaryň sany örän agdyklyk edýär.

Aziýa döwletleriniň ilatynyň umumy sanynda aýallaryň sany artyk gelýär. Hytaýda, Sýanganda 60-64 ýaşa çenli erkek adamlar köp bolup, soňra, aýallaryň sany artýar.

Tutuş Afrikada BMG-nyň berýän maglumatyna görä (1985 ýyl) ilatyň umumy sanynda 4mln aýal artyk bolupdyr.

Afrikada BMG-nyň berýän habaryna görä (1985) Karib basseýni döwletlerde aýallaryň sany köp, emma Kuba döwletinde tersine, erkekler köp. Kanada-da we ABŞ-da aýallaryň sany köp.

Awstraliýa bilen Ummanystanyň ilatynyň düzüminde erkek adamlar agdyklyk edýär. Ilatyň umumy sanynda aýallaryň ýa-da erkek adamlaryň sanynyň dürli bolmaklygynyň sebäbini köp halatlarda düşündirmek kyn.

### 3.Dünýäniň ilatynyň maşgala düzümi.

“Maşgala” düşünjesi dürli taryhy döwürlerde, döwletlerde, ilatly toparlarda her hili seredilýär. Ösen döwletlerde maşgalara oglan öýlense aýratyn maşgala hasaplanýar. Tersine Norwegiýada nikada durmaýan erkek adam, ýa-da zenan 20 ýaşdan geçen we aýry ýaşaýan bolsa ilat ýazuwynda aýratyn maşgala hökmünde garalýar. Eger olar ene-atasy bilen ýaşaýan hem bolsa aýratyn maşgala hökmünde hasaba alynýar. Dünýäniň köp döwletlerinde ýetişen ogul we gyz nikada durman ene-atalary bilen bilelikde ýaşaýan bolsalar şol maşgalanyň agzasy hökmünde seredilýär. Eger-de nikada bolup, aýrylyşyp ene-atasynyň öýüne gelen bolsalar statistika olary aýratyn maşgala, ýa-da ýekelikde ýaşaýan adamlar hökmünde garaýar.

“Maşgala” – munuň özi bile ýaşaýan garyndaş adamlara olaryň maşgala çykdajysy (býudjeti) bir bolsa şoňa aýdylýar.

### 4.Nika, ilatyň nikada durmagy we nikanyň bozulmagy.

Ilatyň tebigy köpelmegine nikalaşmak, aýrylyşmak we maşgala gurmak gönüden-göni täsir edýär. Bu problemanyň parametrleri demografik görkezojilere: dogulýanlaryň, ölýänleriň sanyna, ilatyň ýaş we jyns düzümine, sosial-ykdysady şertlere, urup-adatlara hem bagly bolýar.

Adamzat durmuşynyň taryhynda nikanyň we maşgalanyň dürli görnüşleri bolupdyr. Olaryň käbir görnüşleri ýitipdir. Dünýäniň ilatynyň köpüsi häzirki wagtda

ýeke-täk maşgalada (monogamnaýa semýa) ýaşaýarlar. Şol wagtyň özünde Afrikada we Aziýada (esasan musulmann döwletlerde) köpaýalylyk (poliginiýa) höküm sürýär. GO Hindistanyň, Nepalyň käbir halklarynda we Merkezi Amerikanyň garibbleri (garifleri) köpärlilik (poliandriýa) şertlerinde ýaşaýarlar. Nepalda bu ýagdaý döwlet tarapyndan gadagan edilipdir.

1950-nji ýyllaryň ahyrynda Afrika döwletlerinde (Zair, MAR, Gwineýa) köpaýallylyk (poliginiýa) meselesini öwrenmek maksady bilen 734 müň maşgalanyň 490 müňi (66,8 %) ýekeaýally (monogamymi), 23,4 % maşgalada iki aýallylyk, 6,8 %-inde 3 aýal we 3 % -inde – 4 we ondan hem köp aýal bolupdyr. Şeýlelikde Gwineýa respublikasyda 38,2 % galan iki döwlede 27 % maşgalada köp aýallylyk höküm sürüpdir.

Togo döwletinde 1970 ýyl ilat ýazuwyna görä 46 % erkekler 50-54 ýaş aralygyndakylar 2 we ondan hem köp aýally bolupdyr. Tropiki Afrika ýurtlarynyň 100 sany öýlenen erkek kişilere 150 durmuşa çykan aýallar degişli. Oba ýerlerinde 15 ýaşly we ýokary ýaşly öýlenen ýigitleriň her üçünjisiniň 2-3 aýaly bar.

Dünýäniň ýurtlary boýunça erkek kişiler 25-29 ýaşda, aýallar 20-24 ýaşda nikalaşýarlar.

Nika ýaşy dünýäniň köp döwletlerinde kanuna salnan. Käbir döwletlerede, Ispaniýada Latyn Amerikasynyň käbir döwletlerinde erkek kişiler-14 ýaşda, Merkezi we Dg Ýewropa döwletlerinde, Awstraliýada - 21 ýaşda öýlenip.

Gyzlar Ispaniýada, käbir Latyn Amerikan döwletlerde 12 ýaşda, Ýewropa we Aziýa döwletlerinde 18 ýaşda durmuşa çykmaga rugsat edilýär.

1931-ýylda Hindistanda takmynan gyzlaryň ýarysy 14 ýaşyna çenli durmuş guran bolsalar, 1971 ýylda 12 %, 1961 ýylda şol ýaşlylar Pakistanda-22,5 % (1968 – ýylda 0,7 %). 1961 ýylyň maglumatyna görä Pakistanda 15-19 ýaş aralygyndaky gyzlaryň 53 % Hindistanda bolsa – 71 %, Bangladeşde - 89,5 % nikadan bolupdyrlar.

Bu mesele dünýäniň köp döwletlerinde demografik ýagdaýa görä kanuna salynýar. Ýogsam her hili ýagdaý bolýar.

Aýrylyşmak, nika bozulma meselesi dürli ýerlerde, döwletlerde, halklarda dürli hili. Aýrylyşýanlaryň sany Ýewropada, Amerikada beýleki ýerlere garanda köpräk. Şonuň üçin olara nikalaşman bile ýaşaşmak mahsus. Emma tersine musulman döwletlerde nikanyň bozulmagy çäkli.

# IX. Ilatyň ýaş aýratynlygy.

1. Ilatyň ýaş düzüminiň aýratynlyklary.
2. Ilatyň käbir toparlarynyň ýaş düzüminiň aýratynlyklary"Demografik agram".
3. Ilatyň garramagy "Demografik garrylyk".
4. Uzak ýaşamaklyk.

## E d e b i ý a t:

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999.

## 1. Ilatyň ýaş düzüminiň aýratynlyklary.

Ilatyň ýaş düzümi esasy demografik we ykdysady görkeziji hasaplanýar. Ilatyň ýaş aýratynlyklarynyň sanyna baglylykda işe ýaramly, ykdysady işewür ilaty, zähmet ätiýaçlyklary her bir döwletde kesgitläp bolýar. Ilatyň ýaş düzümi ilatyň önüp-ösmegine hem täsir edýär. Eger döwletde ýaşlaryň sany köp bolsa ol döwletde ilatyň artyşyna ýa-da tebigy ösüşine garaşmak bolýar.

Ilatyň umumy sanynda 15-50 ýaşly zenanlaryň agdyklyk etmegi, bolmagy doguljak çagalaryň sanyna ýa-da ilatyň tebigy ösüşine täsir edip biler. Döwletiň harby howpsuzlygy hem belli bir ýagdaýlarda ilatyň ýaş aýratynlygyna bagly bolýar. Eger-de ilatyň ýaş düzüminde ýaşlaryň sany az bolup, garrylaryň möçberi köp bolsa onda döwletiň öňünde "goranmak meselesi" çylyşyrymlaşýar.

Ilatyň ýaş düzümini bilmek ykdysady we medeni taýdan döwlet üçin bähbitli. Sebäbi, önümçiligi, önümçilik däl kärhanalary, durmuş hyzmaty gullugyň işini düzgünleşdirmek we maksatnama düzmek üçin hökmany ýagdaýda ilatyň ýaş aýratynlygy hakynda doly, anyk maglumatlar gerek bolýar. Bu maglumatlar döwletiň ykdysadyýetini, medeniýetini ösdürmek üçin zerur. Ýaşlaryň sanyny bilmän çagalar bagyny, medepleri, ýokary we ýörite okuw jaýlary gurmak meselesi kyn bolýar. Senagat kärhanalarynda öndürilýän harytlar, azyk önümleri hem ilatyň sanyna, ýaş aýratynlygyna hasaplanylýar.

Ilatyň ýaş aýratynlyklary hasaba alynsa ilatyň tebigy ösüş, keselleýiş, ölüm bilen baglanyşykly kanunalaýyklyklary hem öwrenip bolýar. Ilatyň ösüşini çaklap, şoňa görä, ykdysady, medeni we durmuş çäreleri hem kesgitläp bolýar.

Ilatyň ýaşy boýunça düzümi ilatyň tebigy ösüşi we mehaniki hereketi bilen baglanyşykly. Ondan başga-da:

## 2.Ilatyň käbir toparlarynyň ýaş düzüminiň aýratynlyklary "Demografik agram"

1897-nji ýylyň ilat ýazuwyna görä, Russiýada 0-14 ýaşly çagalar onuň ilatynyň 40%-ini tutýan ekeni. Bu ýagdaý häzirki GO Aziýa döwletleriniňkä meňzeş eken.

Häzirki GDA döwletlerinde ilatyň ýaş düzüminiň aýratynlyklary çagalaryň sanynyň azlygy bilen häsiýetlendirilýär.Oňa belli-bir derejede Ikinji jahan urşy täsir etdi.

1939-njy ýyldan bäri häzirki günlere çenli Gruziýanyň, Ermenistanyň we beýleki döwletleriň ilatynyň umumy sanynda 0-14 ýaşly çagalaryň sany azalýar. Ýewropanyň, Amerikanyň ösen döwletlerinde hem ýagdaý şeýleräk.

Aziýanyň,Afrikanyň,Latyn Amerikanyň ösýän döwletlerinde ilatyň tebigy ösüşi ýokary. Şonuň bilen baglylykda ölýänleriň hem sany köp. Ol döwletleriň köpüsinde çagalaryň (0-14 ýaş), gartaşan we garry adamalryň (60 ýaşdan ýokary) sany işe ýaramly (15-59 ýaş) adamlaryň sanyndan köp. Şol döwletleriň köpüsinde ýaşlaryň sany bütin ýurdyň ilatynyň 40-45% eýeleýär. Döwletleriň ykdysady ösüşiniň pes ýagdaýynda ýaş çagalara, nähoş çagalara we garry adamlara köp medisina hyzmaty, ol hem öz gezeginde çykdajyny köp talap edýär.

Çagalary terbiýelemek, okatmak, olaryň saglygyna seretmek üçin döwlet we hususy hojalyklar köp çykdajy sarp edýärler. Şu ýagdaýa demografiýada "Demografik agram" diýip aýdylýar.

## 3.Ilatyň garramagy "Demografik garrylyk"

Ykdysady we medeni taýdan ösen döwletlerde ilatyň umumy sanynda 60 ýaşdan geçen adamlaryň sany köpelýär. Bu ýagdaý esasan hem dogulýan çagalaryň sanynyň azalmagy bilen, adamlaryň sany köpelýär. Çaga az dogulýanlygy sebäpli ilat barha garraýar. XX asyryň ortalarynda bu ýagdaýa Ikinji jahan urşy öz güýçli täsirini ýetirdi. Ondan soňky ýyllarda-da her hili sebäplere görä çaganyň dogulyşy azalýar.

Soňky ýyllarda "Demografik garrylyk" (eger-de 60 ýaşdan uly adamlar ähli ilatyň 15%-inden köpüsini tutýan bolsa) ösen döwletler (GB Ýewropa, ABŞ,Yaponiýa,Awstraliýa) üçin häsiýetli, Demograflaryň çaklaşmalaryna görä XXI asyrda 60 ýaşdan geçen garrylaryň sany ähli ilatyň 20% -inden gowragyny tutar. Bu hem belli-bir derejede döwletleri uly alada goýýar. Uzagynda iş orunlar boşap işe ukyply, adamlaryň sany azalýar. Döwlet olar hakda hem alada etmeli bolýar.

## 4. Uzak ýaşamaklyk.

Uzak ýaşamaklyga köp zatlar:genetiki aýratynlyk, arkaýyn, bolelin, rahat durmuş,gowy iýmit we ýaşaýyş şertleri, ýurduň ykdysady we medeni derejesi we

ş.m. täsir edýärler. Uzak ýaşamaklygy maşgala durmuşy,işde rahatlyk, gowy medesina hyzmaty, geografiki şertler hem öz täsirini ýetirýän bolmaly.

Adam näçe garrasa-da belli-bir derejede fiziki güýjüni, akyl-paýhasyny (eger-de merkezi nerw ulgamy kesellemese)tä soňky günlerine çenli saklap bilýär.

1960-1993-nji ýyllar aralygynda ösýän ýurtlarda orta ýaş 46 bolanlygynda 62-ä ýetipdir. Ösýän döwletleriň 30 sanysynda häzir adamlaryň orta ýaşy 70-e ýetýär.

Afrika materiginde Sahara çölünde günortada ýerleşen döwletlerde adamlaryň ortaça ýaşy 51 ýyl.

24 sany ösen döwletlerde adamlaryň orta ýaşy 75 we ondan hem ýokary. Ösen döwletlerde (1993 ý) 150 mln adam 65 ýaşdan ýokary, bu şol döwletleriň ilatynyň 13%-ini tutýar. Olaryň içinde 80 ýaşdan ýokary adamlaryň sany 30 mln-dan hem köp.

Ösýän döwletlerde medisina hyzmatynyň gowulanmagy zerarly çaga ölümi azalýar.

# X. Dünýäniň ilatynyň daşky sypatynyň dürlüligi.

1. Adamzadyň daşky sypatynyň aýratynlygynyň emele gelmegi.
2. Uly, kiçi we aralyk daşky sypatly ynsanlaryň ýaýraýşy.
3. Sypatparazlyk syýasatyna garşy göreşmek.

## Edebiýat.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999.

## 1.Adamzadyň daşky sypatynyň aýratynlygynyň emele gelmegi.

Köp sanly antropologlaryň kesgitlemegine görä, gadymy adamlar ahyrky paleolit (40-14 müň ýyl b.e.öň) döwründe Ýeriň gury ýer böleginiň hemme ýerlerine ýaýrapdyrlar. Sowet döwrüniň alymlarynyň pikirlerine görä adamzadyň daşky sypaty dürli görnüşli adamlara (rasalara) bölünmegi bir merkezden (takmynan GO-GB Aziýadan, GO Ýewropadan, Dg we GD Afrikadan) başlanypdyr.

Paleolit döwrüniň ahyrynda adamlaryň daşky sypaty boýunça aýratynlyklarynyň emele gelmekliginiň iki sany ojagy: **günbatar** (Afrikanyň Dg-Gd-y, Aziýanyň Go-Gb-y), gündogar (Aziýanyň GD-y we GO-GD) hasaplanylýar. Soňra, adamzat ýer togalagynyň dürli ýerlerine ýaýrap, bir-birleri bilen garyşmagy netijesinde häzirki zaman daş görnüşi boýunça dürli (rassa) aýratynlyklary emele getiripdirler.

Geçirilen arheologiýa, antropologiýa barlaglara görä gadymy daş asyryň arasynda daş görnüşi, antropologik sypatlary boýunça 3 dürli topary bölýärler. Derisiniň reňki boýunça hem 3 topara bölünýär: gara, ak, sary. Käýagdaýlarda erkek adamlaryň ýüzünde, kellesinde saçlarynyň uzynlygy, döşündäki, arkasyndaky tüýleri boýunça, soňky ýyllarda ganynyopar gurluşy, tagam bilişi, dişiniň gurluş aýratynlygy boýunça toparlara bölýarler. Adamzadyň ösüş taryhynda **ýewropoid, mongoloid we negro-awstraloid, ýa-da ekwatorial** daşky sypatlylaryň bolandygy anyklanyldy. Soňky ýyllarda barlagçylar ekwatorial jynslaryň arasynda iki özbaşdak –negroid we awstraloid sypatlylary bölýärler. Käbir alymlaryň çaklamalaryna görä, ýene-de adamzadyň iki sany daşky görnüşleri boýunça tapawutlanýanlary: **1. Günbatar, ýa-da Atlanto-orta ýer deňiz we 2. Gündogar, ýa-da Ýuwaş okean şahasyny** belleýärler. Olaryň birinjisine ýewropoid we negroidleri, ikinjä-mongoloid bilen awstraloidleri degişli edýärler. Käbir alymlar günbatar şaha

awstraloidleri degişli edip gündogar şaha diňe mongoloidler degişli diýip ýazýarlar. Käbir antropologlar amerikanoidleri (indeýsleri) daşky görnüşi boýunça aýratyn sypatly ynsanlar hökmünde görkezýärler.

Daşky sypaty boýunça birmeňzeş adamlaryň sanynyň köp bolan toparlaryň beýleki daşky sypaty boýunça tapawutlanýan toparlara golaý ýaşaýan ýerlerinde geçiş we garyşyk toparlaryň aýratynlyklary bar. Olaryň hem emele gelişiniň özboluşly taryhy bar. Daşky sypaty boýunça garyşyk toparlary gadym zamanlarda dörän hem bolsa, olar häzir hem emele gelýärler. Geçiş jynslara Afrikanyň gündogarynda efiop görnüşli, Günorta-gündogar Aziýada Günorta Aziýa görnüşli bir-birinden tapawutlanýan daşky sypatlylar degişli. Garyşyk toparlara (rasalara) Amerikanyň metisleri we mulatlary girýärler.

## 2.Uly, kiçi we aralyk jynslaryň ýaýraýşy.

**Negroid** sypatly toparyň adamlaryna buýra saçly, derisi gara tegmilli, goýun gözlülik, ýetişenleriniň bedeninde az tüýlülik, çekge süňkleriň çykyşy aram ýagdaýda, eňek sünkleri öňe çykyp duran, ýasy burunly, küti dodaklylyk häsiýetlidir. Negrleriň derisiniň garalygy, melanin pigmentleriň bolmagy bilen düşündirilýär. Ekwatorial zonada deriniň garalygy olary günüň ultramalewşe şöhlelerinden goraýar. Negroid sypatlar Afrikanyň Sahara çölünden günortada ýaşaýan halklar üçin häsiýetli. Olara pes boýly Merkezi Afrika pigmeýleri, ýa-da negrilliler, GO Afrika buşmenleri, gottentotlary degişli.

**Ýewropeoidler** tolkun şekilli ýumşak saçlary, ýagty we güberçek derileri, bedeni tüýlek (sakgaly, murty), çekke we eňek süňkleriniň çalaja çykýanlygy, inçe kiçi burunlary ýuka we orta galyňlykdaky dodaklary bilen tapawutlanýarlar. Bulary iki topara bölýärler. **Demirgazyk ýewropeoidlere** Skandinawiýalylar we olara goňşy halklar degişli bolup saçlarynyň we gözleriniň reňkleri bilen tapawutlanýarlar. Olaryň **günortada** ýaşaýanlarynyň derileri garaýagyz, gara saçly, goýun gözli bolýarlar. Günorta şahasyna degişliler Afrikanyň demirgazygynda Günorta-Günbatar, Orta we Günorta Aziýada ýaşaýarlar.

Demirgazyk ýewropeoidleriň arasynda **Atlanto-altiýa, Akdeňiz-Baltika** toparlar, geçiş görnüşleri (alp, orta Ýewropa, güdogar Ýewropa), **günorta şahasynda-ortaýerdeňiz, hindiowgan, adriatik (dinar), öňiaziýa (ermeni), pamir-owgan** toparlary bölýärler. Olar hem özleriniň daşky sypatlary boýunça tapawutlanýarlar.

**Mongoloig** sypatlylara degişliler gara ýognas saçlary, bedenleriniň az tüýlüligi, sary reňkli derileri, goýun gözlülügi, çekge süňkleriniň çykyp durmagy, gysga we orta uzynlykdaky burunlary häsiýetlidir. Mongoloid sypatlylaryň gözleriniň kiçi açylmagy(epikantus), ony tozandan, ýellerden (sähralaryň, ýarym çölleriň) goramak üçin emele gelipdir. Aziýanyň **mongoloidy kontinental we ýuwaş umman topara** bölünýär. **Kontinental mongoloidler** ýuwaş okean topardan daýawlygy, ýüzüniň ululygy we başga-da käbir aýratynlyklary bilen çäklenýärler. Olar ýüzüniň(kelle süňkünüň) ululygy we boýlarynyň pesligi bilen tapawutlanýarlar. Dg-Gd

Aziýa ýaşaýjylary çukjalar, koryaklar, eskimoslar antropologik emele gelişi boýunça aralyk ýagdaýy eýeleýärler. Olaryñ burun deşikleri beýlekilere garanda has kiçidir.

**Arktiki topara degişli mongoloidleri** iki toparyñ hem häsiýetlerini özünde jemleýän gysga burunlary bilen tapawutlandyryp bolýar. **Ýuwaş okean** mongoloidlerden günortada **günorta Aziýa** topary ýaşaýar. Olar üçin tolkun şekilli saç, uzyn sakal, derisiniň garalygy, galyňrak dodakly uzyn burunlary häsiýetlidir. Şonuň üçin olary ýaponlar we Gd Indoneziýanyň halklary bilen awstraloidleriň garyşmagy netijesinde **uly mongoloid** we **uly awstroloid** toparlaryň aralygynda durýan topar hökmünde garaýarlar. Mongoloidleriñ amerikan şahasyna indeýsler girýärler. Olar käbir sypatlary boýunça ýewropalylara hem meñzeş.

**Awstraloidler** derisiniň reňkiniň garalygy, giň burunlary, galyň dodaklary, bedenleriniň tüýlekligi (esasan hem awstraliýalylar) bilen beýlekilerden üýtgeşikdirler. Awstraloidleriň käbir toparlary (papuaslar, melaneziýalylar, weddoidler, negritoslar, aýnylar) beýleki sypatlylara meňzemeýärler. Derisiniň garalygy boýunça negroidlere, tüýlekliligi boýunça ýewropeoidlere meňzeýärler. Amerika göçüp gelenler ýewropalylaryñ indeýsler bilen nikalaşmagy netijesinde **mulatlar** emele gelipdirler. Gelen ýewropalylaryñ afrikadan getirilen negrler bilen nikalaşmagy sebäpli **mulatlar,** getirilen negrler bilen indeýsleriñ nikalaşmagy sebäpli **sambo** topary döräpdir.

## 3.Sypatparazlyk syýasatyna garşy göreşmek.

Dünýäniň ynsanlary daşky görnüşleriniň dürlüligine garamazdan morfologiki, fiziologiki we psihologiki sypatlary boýunça bir-birlerinden tapawutlanmaýarlar. Daşky görnüşleriniň dürlüligi adamzadyň biologiki, medisina taýdan bütewidigine päsgel berip bilmeýär. Olardan bolýan nesiller akyl, ýaşaýşa ukyplylygy boýunça hem bir-birlerinden tapawutlanmaýarlar. Olaryň daş görnüşleriniň, bedenleriniň üýtgeşik bolmagyna ýaşan ýerleri we taryhy döwürler sebäp bolupdyrlar. Ýer ýüzünde ýaşaýan halklaryň hemmesi diýen ýaly bir-birleri bilen gatyşan. Aralyk sypatlylar köp ýerlerde agdyklyk edýärler. Şonuň üçin käbir döwletlerde jynsparazlyk syýasaty düýbünden ýalňyşdyr. Sypatparazlyk syýasata dünýäniň köp döwletlerinde we biziň döwletimizde hem garşy göreşilýär.

# XI. Ilatyň dil we milli düzümi.

1. Etnogeneziň mazmuny we etniki umumylyk.
2. Metaetniki we etnografiki toparlar.
3. Dünýäniň halklarynyň etolingwistika toparlary. Esasy maşgala we dil toparlary.

## Edebiýat.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999.

## 1.Etnogeneziň mazmuny we etniki umumylyk.

Käbir maglumatlara görä Ýer ýüzünde 3-4 müň sany halk ýaşaýar. Bu maglumat heniz doly anyklanylmadyk hasap edilýär. Has anyk maglumatlara görä ýer ýüzünde 2000-den gowrak dilde gepleýän halk bar diýýärler.

“Halk” diýilýän adalga şeýleräk kesgitleme berilýär. Halk-taryhy döwürlerden bäri belli bir çäkde ýaşap gelýän, umumy, durnukly aýratyn medeniýeti we dili, gylyk-häsiýeti, dünýägaraýşy bilen tapawutlanýan, hem-de özleriniň emele gelişiniň ýene-täkdigine düşünýän adamlar toplumyna aýdylýar.

Şu aýdylanlar bilen baglanyşykly ilatyň geografiýasy (demografiýa) ylym pudagynda “etnos” diýen adalga ýygy-ýygydan ulanylýar.

“Etnos”-gadymy grek sözi bolup halk, taýpa diýmekdir.

Köp sanly we uly giňişliklerde ýaşaýan halklar üçin subetnoslar, hem-de subetniki toparlar häsiýetlidir. Olar emele gelşi we döreýşi boýunça dürli bolup bilerler. Olar köplenç ýagdaýda uly halkdan bölünip, özbaşdak giňişliklere düşmegi, beýleki halkyýetler, taýpalar bilen garyşyp ýetişmedik toparlardyr (meselem: udmurtlaryň arasynda besermýanlar, ruslaryň arasynda kazaklar, liwan araplarynyň arasynda druzlar we maronitler, ABŞ-daky afro-amerikanlar we başgalar).

## 2.Metaetniki we etnografiki toparlar.

Metaetniki toparlar (umumy dünýägaraýşy, medeniýeti bolan halk toparlary) öz emele gelşi we döreýşi boýunça tapawutlanýarlar. Olaryň käbirleri genezisy (emele gelişi), dil-medeni ýakynlygy (meselem: gündogar slawýan halklary, latyn amerikan halklary), bir taryhy – etnnografiki oblastda ýaşap uzak wagtyň içinde medeni taýdan bir-birine täsir edýärler.

Etniki emele gelişiň dürli taksonomik basgançaklary (metaetnos, etnos, subetnos) çylşyrymly sistemany emele getirýär. Şol bir adam özüni slawýanin, turk (metaetnos), rus, türk, türkmen (etnos) we pomor (deňiz kenarynda ýaşaýan ruslar),

çarwa türkmenler (Garagumda ýaşaýan)-subetnos-taksonomik basgançaklary döredýär. Bbir halkyň wekilleri dürli döwletlerde ýaşaýan bolsalar (wengerler-Wengriýada, Rumyniýada, ABŞ-da; türkmenler-Türkmenistanda, Eýranda, Yrakda, Pakistanda) olar etnosy emele getirmän etniki toparlary aňladýar. Şol etniki toparlar kähalatlarda syýasy özbaşdaklygy talap edip awtonomiýa, ýa-da aýratyn döwlet bolmak hakda göreşýärler.

Ilaty 10 mlndan ýokary bolan dünýäde 75 sany etnikos bar. Şolardan 21 etnikosyň 99 %-i bir döwletiň çäginde ýaşaýarlar. Olar: ruslar, Yrak arablary, parslar, hindistalylar, marathiler, kannara (Hindistan), malaýali, telugu, oriýa, singallar, ýawanlylar, sundylar (Indoneziýa), tagallar. (Indoneziýa, bisaýýalar (Filipiny), çjualar, ýegipet araplary, amhara (efiopiýa), igbo (Nigeriýa), ABŞ amerikalylar, braziliýalylar, peruanlylar).

Etnoslar sany, dini garaýşy, dünýägaraýşy, ýerleşişi boýunça tapawutlanýarlar. 100 mln-dan gowrak adamlary birleşdirýän etnoslardan başga-da (ruslar, ABŞ amerikanlary, braziliýalylar, bengallar, hytaýlylar, ýaponlar), 1000, 100, kähalatlarda onlarça adamlary özünde jemleýän etnoslar hem bar.

Adat boýunça etnosyň 3 görnüşini taýpa, halkyýet, halk) bilýäris. Şolardan urug, taýpa, tire adamzat ösüşiniň taryhynda ilkidurmuş jemgiýetinde dörän toparlar hasaplanylýar. Ir wagtlarda olaryň ady, ýaşan ýerleri, dili we şiwe dili (dialekti), medeni-durmuş aýratynlyklary bolup, ýeke-täk dolandyryş hökümetleri bolmandyrlar. Feodalizme gadam basyp halkyýet emele gelipdir. Olaryň ýokarky aýdylan aýratynlyklaryndan başga dolandyryş sistemasy, döwleti bolupdyr.

Häzirki wagtda tire, taýpa hökmünde saklanan toparlar köp: awstraliýanyň ýerli ýaşaýjylary (aborigenleri), buşmenler (Namibiýada, Botswanada, Angalada-100 müň adam) gottentotlar (Namibiýa, GAR, Botswana) we başgalar.

Häzirki wagtda dünýäniň ähli döwletlerinde etnoslaryň (halklaryň) jebisleşmegi (konsolizasiýa) güýçlenýär. Ýurduň ykdysady-durmuş, medeni, tehniki-tehologiki ösüş aýratynlyklaryna görä jebisleşmek prosesi amala aşyrylýar. Halklaryň wekilleriniň meýletin nikalaşmaklary sebäpli halklar garyşýarlar. Biri-biriniň gowy däplerini, medeniýetini, dilini öwrenýärler, ýuwaş-ýuwaş kabul edýärler.

Halklaryň biri-birine ýakynlaşmagyna, antegrasiýasyna din hem uly täsir edýär. Şeýle ýagdaýyň döremegine köp halatlarda jynslar (rasalar) hem sebäp bolýar.

Etnosyň döremegine diliň umumy bolmaklygy uly rol oýnaýar. Köp milletli döwletlerde döwlet dili hökmünde bir ýa-da iki dil ulanylýar. Mysal: iňlis dili, diňe Angliýada däl, eýsem dünýäniň köp döwletlerinde ulanylýar. Ispan dili ispanlaryň ene dili hem bolsa, Latyn Amerikasy döwletleriň köpüsiniň döwlet dili hasaplanylýar.

**Iňlis dili:** Angliýa (Welikobritaniýa mülki), Antigua we Barbuda, Bagam adalary, Barbados, Beliz, Bermud adalary, Wirgin Britan adalary, Gaýana, Grenada, Kanada, Puerto-Riko, SŞA, Trinidad Tabago, Folklend (Malwin) adalary, Ýamaýka, Awstraliýa, Wostoçnoýe i Zapadoýe Samoa, Kiribata, Indoneziýa,, Nowaýa Zelandiýa, Neuru, Polgua-Nowaýa Gwineýa, Solomonowy ostrawa, Fuji, Botswana, Gambiýa, Gana, Zambiýa we Kamerun, Keniýa, Lesoto, Liberiýa, Malawi, Nigeriýa, Swazilend, Swerra-Leond, Uganda, ÝuAR.

**Niderland dili:** Antel adalary we Afuba adasy, Surinoýa

**Ispan dili:** Argetina, Boliwiýa, Wenesuela, Gwetemala, Gonduras, Dominikan respub-sy, Kolumbiýa, Kosta-Rika, Kuba, Meksika, Nikaragua, Panama, Paragwaý, Peru, Puerto-Riko, Salwador, Urugwaý, Çili, Ekwador, Ekw. Gwineýa.

**Portugal dili:** Braziliýa, Angola, Gwineýa-Bisaz, Nabo-Werus, Mozambik.

**Fransuz dili:** Gaiti, Gwadelupa, Gwiana, Kanada, Martinika, Sen-Pýer i Mikelen, Nowaýa Kaledoniýa, Polaneziýa, NRBenin Burkino Faso, Burundi, Gabon, Gwineýa (Konapri), Djeýuti, Zair, Kamerun, Kamor adalary, Kongo (Brazzawil), Kot-d Iwuar (Bereg slon.hosti), Madagaskar, Mali, Niger, Seýşel adalary, inegal, Togo, Sent. Afr-aýa respublika, Çad

## 3.Dünýäniň halklarynyň etnolingwistika toparlary. Esasy maşgala we dil toparlary.

Alymlaryň köpüsi ýer şarynda 3-4 müň dilde gepleýän halk bar diýýärler. Şolardan has anyklanany 2000 dilli halk diýilýär.

Halklaryň dillerini dil ýakynlygy, emele geliş taryhy aýratynlyklaryny göz öňüne tutup toparlara, olara öz gezeginde maşgalalara bölýärler.

Halklaryň dilleriniň lingwistik aýratynlyklaryny göz öňüne tutup Ýer şary boýunça 15 dil maşgalany bölýärler: Hindi-Ýewropa, Semito—Hamit, Kawkaz, Drawid, Ural, Altaý, Çokotka-Kamçatka, Kongo (nigero)-kordofan, Nilosahara, koýsan, hytaý-tebet, taý, awstroaziýa, awstroneziýa, eskimos-aleut.

Gowşak öwrenilen, entek doly klassifikasiýa edilmedik diller andamanlar, papuaslar, awstraliýa aborigenleri, indeýsler we ş.m., maşgala hökmünde seredilýär.

### I Hindi-ýewropa maşgalasy.

Häzirki wagtda gowy öwrenilen we giň ýaýran dil maşgala hasaplanylýar. Dünýäniň ilatynyň ýarysyna golaýy şu maşgala degişli. Bu maşgala birnäçe toparlar girýär.

**1.Slawýan** topary: esasy 3 sany kiçi topara bölünýär. Gündogar, günbatar we günorta.

**a)Gd slawýan** kiçi topara 3 sany ýakyn garyndaş halklar-ruslar, ukrainler we beloruslar girýärler. Bu halklar Gd Ýewropa düzlüginde ýaşaýarlar. Ruslar Sibirde, Gd Sibirde we Uzak Gd-da we goňşy döwletlerde hem ýaşaýarlar.

Bu halklaryň düzüminde etnografik toparlar (medeniýetiniň, durmuşynyň dürlüligi) bar. Rus halkynyň arasynda polýurlar, kerjaklar, kazaklar (don, kuban, ural), kamçadallar we beýlekiler girýärler.

**b)Gb slawýan** halklaryna – polýaklar (mazurlar, kaşublar), çehler, slowaklar degişli.

**d)Go slowýanlar**-bolgarlar, makedonlylar, serbler, çernogoriýalylar, bosniýalylar, horwatlar, slowenler.

Serbler, horwatlar, bosniýalylar, çernogoriýalylar Ýugoslawiýanyň çäginde ýaşap serbohorwat dilinde gürleýärler. Bulardan diňe bosniýalylar musulman.

**2.Baltika** topary: latyşlar we litwalylar degişli.

**3.German** topary iki sany kiçi topara bünýär.

**a)Günbatar** german-nemesler, awstriýalylar, şweýsarlar, lýuksemburglylar, elzaslylar, flamandlylar, gollandlar

**b)Dg german** kiçi topara-daniýalylar, şwedler, norwegiýalylar, islandlar, farerler degişli.

**4.Roman** topary: italýanlar, ispanlar, kataloniýalylar, portugallar, fransuzlar, frankokanadlar, rumylar, maldawalar, Amerika göçüp gidenler: meksikanlylar, argentinalylar, weesuelalylar, kubalylar, braziliýalylar.

**5.Kelt** dil topary - irlandlylar, uelslylar, şotlandlar. Bular häzirki döwürde iňlisler, fransuzlar bilen garyşyp gidipdirler.

**6.Eýran** dil topary-persler, owganlylar, puştunlar, osetinler, mazaderanlar, gilýanlar, täjikler, buluçlar, kürtler, lurlar, bahtiýarlar, hazarlylar, talyşlar.

**7.Indoariýa** topar-Dg Hindistan: bengallar, assamlar, oriýa, baharlar, hindistanlylar, rajasthanlar, penjablylar, gudjaratlylar, lahyda, bhily, theru, gurihi, pahara, gudjary, sinuhi, kaşmirliler, syganlar, ýewreýler.

**8.Grek** topary-grekler.

**9.Alban** topary-albanlylar.

**10.Ermeni** topary-ermenliler.

**II Kawkaz maşgalasy.**

**1.Nah-dagystan** topary:

çeçenler, awarlar, lezginler, darginler, iguşlar, laklar, tabasaralar, rutullar, sahurlar, agullar, udinler we beýlekiler.

**2.Abhaz-adyg** topary:

Kabardinnler, adygeýler, abhozlar, çerkesler, abazinler.

**III Afraziýa, ýa-da Semito-hamit maşgalasy.**

Gb Aziýada we Dg. Afrikada ýaýran 4 sany topara bölünýär.

**1.Semit** topary. Araplar (Saud Arabystany, Siriýa, Ýegipet).

**2.Kuşit** topary-Go Efiopiýa we Somali halklary-galla, somali, sidamo, beja.

**3.Berber** topary-kabiller, rifler, tomazigtler, şlýohler, tuaregler-Magrib ýurtlarynda ýaşaýarlar.

**4.Çad** topary-Dg. Nigeriýa we goňşy döwletleriň halklary-hausa, bade, bbura, kotoko.

**IV Kongo-Kordofan maşgalasy.**

**1.Niger-kongo** topary Gb Atlantika kenarýaka halklary-mande, gur, kwa, benue-kongo gündogar adamu.

**Fulbe**-aýratyn topar hökmünde Sahara çölünden GO ýerleşen döwletleriň hemmesinde diýen ýaly ýaşaýarlar.

**Mande** halky Senegal we Niger derýalarynyň ýokary akymlaryndan mesgen tutupdyrlar. Gurlar (mosi, lobo,bobo, dogon, senufo)-Ýokary Woltada, Gana we beýleki döwletlerde ýaşaýarlar.

**Kwa-Gwineýa** aý-ň kenarýaka döwletlerinde (Nigeriýa, Gana) mesgen tutupdyrlar.

**Benue-Kongo, bantu** halklary Tropiki Afrika döwletlerinde (Zair, Angola, Tanganiýa, Mozambik,, Rodeziýa) döwletlerinde ýaşaýar.

**2.Kordofan** toparyna degişliler (koalib, tumtum, tegali, talfi, katla) Sudan döwletinde ýerleşýärler.

**V Nilsahara maşgalasy.**

Songan, Sahara, Şari-nil toparlary bar. Songailer Niger derýasynyň orta akymynda, Sahara toparyndan kanuri, tubu, zagawa Çad kölüniň töwereginde Merkezi Saharada, şari-nil toparyna Gd Sudan halklary (dinna, nuer, luo, bari, lotuko, masai, nuba [nubiýalylar] degişli.

**VI Koýsan maşgalasy.**

Go-Gb Afrikanyň az sanly-buşmenler, gottentotlar, daglyk damaralary degişli. Kalahari çölünde we Wiktoriýa kölüniň golaýynda ýaşaýarlar.

**VII Ural maşgalasy.**

1.Fin-ugor topary – finler, kareller, estonlar, wepsler, saamlar (lopariler), mordwalylar (erzýu, mokşu), mariýalylar (gadymy ady-çeremisler), udmurtlar (köne ady-wotýaki), komi/komi-zyrýan, komi-permýaklar), wengerler (madýarler),

2.Samodiý toparyna – nemesler, nganasanlar, selkuplar rus düzlügiň dg-da ýaşaýarlar.

**VIII Altaý maşgalasy.**

Kiçi Aziýadan tä Dg-Gd Sibir aralygynda ýaýraýar.

1.Türk toparyna – çuwaşlar, türkler, gagauzlar, azerbaýjanlar, afşarlar, kaşkaýlar, türkmenler, tatarlar, gazaklar, garagalpaklar, nogaýlar, gumyklar, garaçaýlylar, balkarlar, karaýmlar, özbekler, uýgurlar, tuwalar, tofalarlar degişli.

2.Mongol toparyna- halka-mongollar, hytaý mongollary, oýratlar, dunsýanlar, galmyklar, buryatlar degişli.

3.Tungus-mançjur toparyna-maçjurlar (Dg Gd Hytaýda) ewenekler, ewennler, nanaýlar, ulçiler girýärler.

**IX Çukotka-Kamçatka maşgalasy.**

Çukçalar, koryaklar, itelmenler, ýukagirler, kawkiler. Ýenniseýiň orta akymynda ýaşaýan ketleri hem şu maşgala girizýärler.

**X Drawidiýa maşgalasy.**

Hindistanyň GO-da giň ýaýran (200 mln gowrak adam girýär). GO toparyna – tamillar, malaýali we kannaralar degişli. GO-Gd toparyna – telugu (köp sanly we giň ýaýran halk), Gondwa toparyna- gondlar, faolar aýratyn topar bolup Merkezi Hindistan tekiz daglygynda ýaşaýarlar. Dg-Gb toparyna-braguiler (lakistanda we Go Owganystanda buluçlar bilen garyşyp ýaşaýarlar).

**XI Hytaý-Tibet maşgalasy, (ýa-da Sino-Tibet).**

Hindiýewropa maşgalasyndan soň sany boýunça ikinji orunda durýar. Muňa 1 mlrd-dan gowrak adam degişli.

1.Onuň Hytaý toparyna-hytaýlylar, hueýler (dunganlar) girýär. Hytaýlylar (hanlar) Hytaýyň gd-da jebis ýaşaýarlar. Hytaýlylar Malaýziýada, Tailandda, Indoneziýada,

Wýetnamda, Filippinlerde, Afrikanyň gd-da, Amerika materiginde we beýleki ýerlerde ýaşaýarlar.

Kueýler-dili boýunça hytaýlylardan uly bir tapawutlanmaýarlar. Emma hojalyk-durmuş, dini aýratynlyklary boýunça tapawutlaýarlar. Hytaýlylar buddizme, daosizme, konfusianstwo dinlerine uýýat bolsa-hueýler musulmalar hasaplanylýar.

2.Tibet-Birma topary –Gb we Go-Gb Hytaýda Hindihytaý ýarymadasynda Hindistanda we Nepalda ýaşaýarlar. Toparda 6 sany podgruppa bölünýär: Tibet, Gimalaý, birma, kaçin, iz iszu we karen.

Bu toparda has köp we giň ýaýranlary birmalylar we tibetliler (olara ýakyn sýan, nu, dulun, loba, ladakhi, bhotin, şerpy), iszu, karenler we baýlar.

### XII Parataý maşgalasy.

70 mln-dan gowrak adam degişli.

1. Taý topary.
2. Kam-suý topary.
3. Li topary.
4. Gelao topary.

Hytaýyň go-da Hindihytaý ýa-adasynda Wýetnamyň daglyk oblastlarynda Laosda, Tailand-da ýaşaýarlar.

### XIII Awstroaziýa maşgalasy.

1. Wýet-myong topary – Wýetnamda.
2. Mon-Khmer topary – Go Hytaý, Hindi-Hytaý ýa-adada.
3. Palaung-wa topary- Birmada, Assam (Hind).
4. Malakka topary - Malaýziýada.
5. Munda topary- Hindistanda merkezi daglyk böleginde ýaşaýar.
6. MLO-ÝaO topary – Hytaýyň Go-da, Wýetnamyň, Laosyň, Tailandyň dg-da ýaşaýar.

### XIV Awstroneziýa maşgalasy.

300 mln-dan gowrak adam degişli. Go-Gd Aziýany we Okeaniýany öz içine alýar. Maşgalanyň içki dil bölünişigi lingwistleriň arasynda dawalyrak. Öňki tradisiýa boýunça bu maşgala girýän halklary 4 topara bölýärler.

1.Indoneziýa topary. 100 sany Indoneziýada ýaşaýan we 40 sany Filippinlerde ýaşaýan halklar degişli. Ýawa adasynda ýaşaýan: ýawalylar, sundlar, madurlar. Sumatranyň Malaý dilli halklary (Riau, jambiýler, Palembagler, bulara ýakynraklary (banjarlar, minangkabau, bugi, makasarlar), Kalimantanyň içki raýonlarynda ýaşaýan-ibanlar, kaýýanlar-“daýaki” ady bilen şu topara birleşdirýärler. Filippinlerde Indoneziýa topara degişli halklardan (kenarýakada ýaşaýan we hristian dinine uýýanlar) – wisaýýa, tagallar, iloklar, bikollar we başgalar. Onuň go-da ýaşaýan musulman halklardan Moro (sulu-samal, magindao, lanao we başgalar) halklary hem şol topara degişli.

Filippin halklarynyň arasynda pes boýly negritoslar aýratyn tapawutlanýarlar. Olara – aeta – adanyň gadymy halklaryndan galanlar diýilýär. Indoneziýa topara

Malaýziýanyň malaýlary we Haýnan adasynda ýaşaýan: şamlar, maukenler, gaoşanlar; ýene-de Madagaskar adasynda ýaşaýan malgaşlar Indoneziýadan göçüp giden halklardyr.
2.Polineziýa topary. Ummanystanyň GO we GD taraplarynda ýaşaýan halklar degişli. Olar iki podgruppa bölünýär.

a)Gd podgruppa – taitler, tuamotuanlar, maori, gawaýlar, Kuk adasynyň halklary.

b)Gb podgruppa – samoanlar, tonganlar, ellis adasynyň ilaty girýär.
3.Melaeziýa topary. Bulara Täze Gwineýa, Bismark arhipelagynyň, solomon adalarynyň, Santa-Krus arhipelagynyň, Banks, Dg Täze Gebrid, GO Täze Gebrid, Fidji, Täze Kaledoniýa, Loýalti adalarynda ýaşaýan ilat degişli.
4.Mikroneziýa topary. Käbir alymlar bulary Melaneziýa topara girizýärler. Bulara fidjililer, maoriler, samoanlar degişli.

**XV Papuaslar maşgalasy.**

Melaneziýanyň we Täze Gwineýa adasynyň gadymy halklaryny papuaslar ady bilen bir maşgala birikdirýärler. Bu maşgala entek gowşak öwrenilen. Bu maşgala Dg halmaherleri (Indoneziýa) hem birikdirýärler.

**XVI Awstraliýa maşgalasy.**

Bu maşgala Awstraliýanyň gadymy halklary (aborigenler) degişli. Olaryň köp bölegi ýewropalylar tarapyndan ýok edilen. Olarda tire-taýpa bölünişigi saklaan. Olaryň köpüsi şu wagtlara çenli göçüp – günüp awçylyk we miwe ýygnamak bilen meşgul, edil ilkidurmuş jemgiýetde ýaşaýan ýaly.

XVII Eskimos-Aleut maşgalasy

Russiýa Federasiýasynyň dg-gd-da we Aleut adalarda ýaşaýarlar.

**XVIII Amerika indeýsleri.**

Ýewropalylar göçüp gelmänkä olaryň sany köp bolan. Olary köp gyrýarlar. Indeýsleri dilleri boýunça olary 10 topara bölýärler.

Dg.Amerikada: na-dene, algonkino-mosan, penuti, hoka-siu, astek-tanoan.

Go Amerikada: makro-otomange, makro-çibça, je-panokarib, taraski, ando-ekwatorial. Ando-ekwatorial topara-keçua, aýmara (Peru, Ekwador) halklaryny girizýärler.

Astekler we maýýalar has köp sanly hasaplanylýar.

Indeýsler Kanadanyň dg-da, Amazonkanyň we Orinokonyň daglyk, tokaýlyk basseýnlerinde, Merkezi Amerikada (Meksikada, gwatemalada) hem ýaşaýarlar.

## XII. Ýewraziýada ýaşaýan halklar we milletler.

**Ýeke-täk halkly we köpmilletli döwletleri. Slawýan, german, kelt, roman, alban, indoariýa, bask – dilliler. Semit-hamit, ural, altaý maşgalalaryna girýän halklar. Eýran, grek, kartwel, abhaz-adygeý, semit, türk, mongol, tunguz-manjur, koreý, ýapon, aýny, buriş, andaman, hytaý, tibet-birma, taý,**

**wýetnam, mon-khmer, munda, týao-ýao, drawid, indoneziýalylar, filippinler, malaýlar, melaneziýalylar, papuasslar.**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.

**Ýewraziýanyň** syýasy kartasynda onuň esasy meýdanyny Russiýa federasiýasy tutýar. Onuň çäginde köp dürli halklar ýaşaýarlar. Bu döwletde ýaşaýan halklary dil aýratynlygy(Maşgalasy) boýunça 4 topara bölýärler: **hindiýewropa, altaý, kawkaz, ural.** Hindiýewropa dil maşgalasynyň arasynda **slawýan topara** ruslar, ukrainler, beloruslar, polýaklar, bolgarlar degişli bolup, olardan has köp we giň ýaýrany ruslar hasaplanýar. Ruslar Russiýanyň Ýewropa böleginde, Uralda, Gb we Gd Sibirde, Uzak Gündogarda ýaşaýarlar. Olar respublikanyň ilatynyň esasy bölegini tutýarlar. Russiýanyň demirgazyk-günbatarynda, demirgazyk-gündogarynda we Wolganyň orta akymynda **Ural dil maşgalasynyň ugor-fin** toparyna degişli estonlar, kareller, komiler, komi-permýaklar, udmurtlar, mariler, mordwalar ýaşaýarlar. Komilerden demirgazykda nenesler Ural dil maşgalasynyň **samodiý** toparyna degişli. Günorta Uralda, Orta Wolgada **Altaý dil** maşgalasyna degişli **Türki dilli** halklardan çuwaşlar, tatarlar, başgyrtlar bar. Bulardan başga türk dilli topara Kawkazda ýaşaýanlardan azerbaýjanlar, karaçaýlylar, balkarlar, kumyklar, nogaýlar; Merkezi Aziýada -- özbekler, gazaklar, gyrgyzlar, garagalpaklar degişli. Bu halklaryň dilleri, medeniýeti, hojalyklaryny ýöredişi biri-birlerine örän ýakyn. Olar bu giňişlikde öz döwletlerini emele getirýärler. Günbatar Sibirde we Orta Sibirde umumy sany iki milliona golaýlaýän türk dilli halklardan altaýlylar, hakaslar, şorslar, tbalylar, ýakutlar, dolganlar ýaşaýarlar. Olar bu sebitiň gadymy döwürlerden bäri ýaşaýan esasy halklary hasaplanýarlar. Türki halklara degişli ýene-de gök oguzlar (Gagauzlar) Moldawiýa respublikasynda, türkler- Türkiýe döwletinde ýaşaýarlar. **Kawkaz maşgalasyna** degişli halklaryň esasy bölegi Kawkazda: olardan gruzinler- Kartwel dil toparyna edilýär. heDg Kawkazda **Abhaz-Adygeý** topara degişli halklar – kabardinler, çerkesler, adygeýler, abazinler we abhazlar girýärler. Olar Russiýa Federasiýasynyň düzüminde aýratyn respublikalarynda ýaşaýarlar. **Nah topara-** çeçenler we inguşlar girýärler. **Dagestan topara-** awarlar, lezginler, darginler, laklar degişli. Olar Dg Kawkazda we goňşy döwletlerde ýaşaýarlar. **Ural dil maşgalasy** halklary iki sany topara bölýärler. Olardan has köpräk ýaýranlary – **Ugor-fin topary**. Bu topara- estonlar, kareller, saamlar(Loparlar), komi-permýaklar, udmurtlar, mariler, mordwalar, hantylar, mansiler degişli. Bu halklaryöpüsi özbaşdak

döwlet emele getirýärler. Ural dil maşgalanyň **Samodiý toparyna** – nenesler, nganasanlar, selkuplar girýärler. **roman dil** toparyna degişli

**X111. Afrika materiginiň halklary.**

Semit-hamit, kuşit, berber, dilleri. Nil-sahara, sahara, maba, fur, şari-nil, Go cudan, koma, koýsan, hatsa, awstroneziýa, hindi-ýewropa-german, roman toparlary.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.

**Afraziýa, ýa-da Semito-hamit maşgalasy.** Gb Aziýada we Dg. Afrikada ýaýran 4 sany topara bölünýär.

**1.Semit** topary. Araplar (Saud Arabystany, Siriýa, Ýegipet).

**2.Kuşit** topary-Go Efiopiýa we Somali halklary-galla, somali, sidamo, beja.

**3.Berber** topary-kabiller, rifler, tomazigtler, şlýohler, tuaregler-Magrib ýurtlarynda ýaşaýarlar.

**4.Çad** topary-Dg. Nigeriýa we goňşy döwletleriň halklary-hausa, bade, bbura, kotoko.

**Kongo-Kordofan maşgalasy.**

**Niger-kongo** topary Gb Atlantika kenarýaka halklary-mande, gur, kwa, benue-kongo gündogar adamu.

**Fulbe**-aýratyn topar hökmünde Sahara çölünden GO ýerleşen döwletleriň hemmesinde diýen ýaly ýaşaýarlar.

**Mande** halky Senegal we Niger derýalarynyň ýokary akymlaryndan mesgen tutupdyrlar. Gurlar (mosi, lobo,bobo, dogon, senufo)-Ýokary Woltada, Gana we beýleki döwletlerde ýaşaýarlar.

**Kwa-Gwineýa** aý-ň kenarýaka döwletlerinde (Nigeriýa, Gana) mesgen tutupdyrlar.

**Benue-Kongo, bantu** halklary Tropiki Afrika döwletlerinde (Zair, Angola, Tanganiýa, Mozambik,, Rodeziýa) döwletlerinde ýaşaýar.

**Kordofan** toparyna degişliler (koalib, tumtum, tegali, talfi, katla) Sudan döwletinde ýerleşýärler.

**Nilsahara maşgalasy.** Songan, Sahara, Şari-nil toparlary bar. Songailer Niger derýasynyň orta akymynda, Sahara toparyndan kanuri, tubu, zagawa Çad kölüniň töwereginde Merkezi Saharada, şari-nil toparyna Gd Sudan halklary (dinna, nuer, luo, bari, lotuko, masai, nuba [nubiýalylar] degişli.

**Koýsan maşgalasy.**Go-Gb Afrikanyň azsanly-buşmenler, gottentotlar, daglyk damaralary degişli. Kalahari çölünde we Wiktoriýa kölüniň golaýynda ýaşaýarlar

## X1Y. Amerika matarikleriniň ilaty.

Hindi-ýewropa-german, kelt, roman, kiçi antil adalaryň halklary. Slawýan, hytaý-tibet, ýapon, indeýsler, algonkino-mosan, hoka-siu, penuti, astek-tanoan, makrootomange, taraska, makro-otomange, makroçibça, je-panokarib, eskimos-aleut, awstroneziýa halklary.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.

**Amerika indeýsleri.** Ýewropalylar göçüp gelmänkä olaryň sany köp bolan. Olary köp gyrýarlar. Indeýsleri dilleri boýunça olary 10 topara bölýärler.

Dg.Amerikada: na-dene, algonkino-mosan, penuti, hoka-siu, astek-tanoan.

Go Amerikada: makro-otomange, makro-çibça, je-panokarib, taraski, ando-ekwatorial. Ando-ekwatorial topara-keçua, aýmara (Peru, Ekwador) halklaryny girizýärler.

Astekler we maýýalar has köp sanly hasaplanylýar.

Indeýsler Kanadanyň dg-da, Amazonkanyň we Orinokonyň daglyk, tokaýlyk basseýnlerinde, Merkezi Amerikada (Meksikada, gwatemalada) hem ýaşaýarlar.

## XY. Awstraliýa we Ummanystanyň ilaty.

Hindi-ýewropa maşgalasy: german, roman, hindiariýa; awstroneziýa maşgalasy: polineziýa, mikroneziýa, melaneziýa, papuas, awstraliýa aborigenleri.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.

Polineziýa topary. Ummanystanyň GO we GD taraplarynda ýaşaýan halklar degişli. Olar iki podgruppa bölünýär.

a)Gd podgruppa – taitler, tuamotuanlar, maori, gawaýlar, Kuk adasynyň halklary.

b)Gb podgruppa – samoanlar, tonganlar, ellis adasynyň ilaty girýär.

3.Melaeziýa topary. Bulara Täze Gwineýa, Bismark arhipelagynyň, solomon adalarynyň, Santa-Krus arhipelagynyň, Banks, Dg Täze Gebrid, GO Täze Gebrid, Fidji, Täze Kaledoniýa, Loýalti adalarynda ýaşaýan ilat degişli.

4.Mikroneziýa topary. Käbir alymlar bulary Melaneziýa topara girizýärler. Bulara fidjililer, maoriler, samoanlar degişli.

**Papuaslar maşgalasy.** Melaneziýanyň we Täze Gwineýa adasynyň gadymy halklaryny papuaslar ady bilen bir maşgala birikdirýärler. Bu maşgala entek gowşak öwrenilen. Bu maşgala Dg halmaherleri (Indoneziýa) hem birikdirýärler.

**Awstraliýa maşgalasy.** Bu maşgala Awstraliýanyň gadymy halklary (aborigenler) degişli. Olaryň köp bölegi ýewropalylar tarapyndan ýok edilen. Olarda tire-taýpa bölünişigi saklaan. Olaryň köpüsi şu wagtlara çenli göçüp – günüp awçylyk we miwe ýygnamak bilen meşgul, edil ilkidurmuş jemgiýetde ýaşaýan ýaly. Eskimos-Aleut maşgalasy Russiýa Federasiýasynyň dg-gd-da we Aleut adalarda ýaşaýarlar.

# XVI. Dünýäniň ilatynyň ykdysady işeňňir bölegi, bilim derejesi we saglyk ýagdaýy.

1. **Dünýaniň ilatynyň ykdysady işeňňir bölegi.**
2. **Dünýaniň ilatynyň bilim derejesi.**
3. **Ilatyň saglyk ýagdaýy.**
4. **Işsizlik we ilatyň doly däl iş güni bilen üpünçiligi.**

**E d e b i ý a t**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Народонаселение мира в 2003 году фонд ООН в области народонаселения Нью-Йорк, 2003
Интернет sahypalary.

## 1. Dünýaniň ilatynyň ykdysady işeňňir bölegi.

Dünýäniň ilatynyň esasy bölegini ýaşlar tutýarlar. Olar ilatyň dörtden birini tutup, 1.2 mlrd-dan gowrakdyr. Olaryň geljegi ýaşaýan döwletiniň abadançylygyna, ykdysady-maddy ýagdaýyna, bilim derejesine, saglyk ýagdaýyna, ene-atasynyň we jemgyýetiň, hökümediň goldawyna bagly bolup durýar. Dünýäniň ilatynyň ýarysy, 25 ýaşa çenlisini ýaşlar we ýetginjekler eýeleýärler.

0-14 ýaş aralygyndaky ýaşlar dünýaniň ilatynyň 25,7% (1999) tutup, ony 1982-nji ýyl bilen deşdirseň, 8%-e golaý kemelipdir. Bu ýagdaý esasan ýaşlaryň we ýetginjekleriň giç öýlenmegi we durmuşa çykmagy bilen baglanyşykly.Işe ýaramly raýatlaryň ýagdaýy 1982-nji ýyl bilen deňeşdirilende soňky ýyllarda artýar. Munuň şeýledigini 1-nji jetwelden görüp bolýar. Bu esasan umumy ilatda ýaşlaryň sanynýn köplügi bilen düşündirilýär. Sebäbi ýaşlaryň sany köp bolsa, olar 14-16 ýaşdan söň işe ýaraýan hasabyna geçýär.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde işe ukyply adamlaryň sany öşýän söwletlere garanda has artyk gelşýär. Işe ukuply (ykdysady işeňňir) ilat boça Daşary Ýewropa , GDA döwletleri, Demirgazyk Amerika, Daşary Aziýa Awstraliýa we Ummanystan tapawutlanýar.

**Jedwel 1**

**Dünýäniň ilatynyň ýaş aýratynlygy •. % hasabyna**

| | 1982 | 1990 | 1995 | 1998 | 1999 |
|---|---|---|---|---|---|
| 0-14ýaş | 33,6 | 27,7 | 26,6 | 25,7 | 25,7 |
| 15-64 ýaş | 61,5 | 66,7 | 67,2 | 67,6 | 67,7 |
| 65-ýokary | 4,9 | 5,6 | 6,2 | 6,7 | 6,9 |

| Mätäçlik koeffisiýenti | 62,6 | 49,89 | 50,22 | 46,5 | 46,14 |
|---|---|---|---|---|---|
| Mätäçlik çekýän çagalar | 54,62 | 41,52 | 40,16 | 35,61 | 34,99 |
| Mätäçlik çekýän garrylar | 7,98 | 8,37 | 10,06 | 10,89 | 11,15 |

- **Internet boýunça**

**Jedwel 2**

**Dünýäniň ilatynyň dünýä bölekleri boýunça ýaş düzümi (1998), %.**

| Sebitler | Ýaş toparlary | | |
|---|---|---|---|
| | 0-14 ýaş | 15-64 ýaş | 65 ýaşdan ulular |
| **Dünýä boýunça** | 32 | 62 | 6 |
| **GDA** | 25 | 65 | 10 |
| **Daşary Ýewropa** | 20 | 67 | 13 |
| **Daşary Aziýa** | 33 | 62 | 5 |
| **Afrika** | 45 | 52 | 3 |
| **Demirgazyk Amerika** | 21 | 66 | 12 |
| **Latyn Amerikasy** | 36 | 59 | 5 |
| **Awstraliýa we Ummanystan** | 27 | 64 | 9 |

## 2. Dünýäniň ilatynyň bilim derejesi.

“Külli janly – jandarlaryň içinde Allanyň adamzada beren artykmaçlygy akyldyr. Adam akyly bilen adamdyr. Akyl oňa özge jandarlaryňkydan tapawutlanýar, ýaşaýşyny amal etmäge mümkinçilik berýar.

Adamy adam edýän akyly kämilleşdirmegiň serişdesi bilimdir hem ylymdyr. Akyly kämileşdirmek-adamzadyň akyl ýetiriş ukuplaryny ýaşaýşyň özeninde, esasynda goýmakdyr. Aslynda howaýylyk tebigaty bolan akyly anyk we janly durmuşa geçirmek ony durmuşy özgertmegiň usulyna öwürmekdir. Bilim hem-de ylym hut şu maksada hyzmat edýar” (S.Türkmenbaşy. Ruhnama .Ikinji kitap.s.303).

Dünýäniň ilatynyň bilim derejesini gowalandyrmak boýunça BMG köp işleri amala aşyrýar. 1990-njy ýyl BMG tarapyndan Halkara sowatlylyk ýyly diip ýylan edildi. Onuň guramalary tarapyndan ösýän döwletlerde sowatsyzlygy ýok etmek barada köp işler durmuşa geçirildi.Ol döwletlerde mekdepleri gurmaklyga, okuwçylary mugallym, okuw kitaby, görkezme esbaplar, dürli tehniki enjamlar bilen üpjin etmeklige uly üns berildi. Şeýlerikde ýylsaýyn sowatlylaryň sany artyp başlady.

1990-njy ýylda dünýäde 965 mln adam (ähli ilartyň 28%) 15 ýaş we ondan ýokary adamlar sowatsyz, ýagny okap we ýazyp bilmeýänler ekeni. Olaryň ýarysyndan köpüsi Hytaýda (16% erkek we 38% aýal adamlar), Hindistanda (38 we 66 %) bolupdyr. Aziýada we Afrikada sowatsyz adamlaryň sany döwletleriň

ilatynyň ýarysyndan gowragy hasaplanýar. Meselem: 1990-njy ýylda Mozambikde sowatsyz erkekler- 55%, aýllar 79%, Somalide- 64-86%, Çad respublikasynda- 58-82%, Sudanda-57-88%, Sýerra-Leonada- 69 we 89%, Kampuçiýada-52-78%, Pakistanda-53-79% bolupdyr.

1982-nji ýylda dünýa boýunça sowatsyz gyzlaryň sany ähli ilatyň 28,3% bolan bolsa 1990-njy ýylda olaryň sany 12,45 çenli aşak düsüpdir. Diýmek 17 ýylyň içinde sowatlylyk derejesi 2,5 essa golay azalypdyr. Başlangyç klaslary gutarýanlaryň sany şol ýyllar aralygynda önki durkuny saklapdyr. Orta mekdepleriň birinji basganҫagyny gutarýanlaryň sany deňeşdirilýän ýyllar aralygynda 2 esseräk köpelipdir. Orta mekdepleriň ikinji tapgyryny gutarýanlar 1,5 esse ýokarlanypdyr. Esasy guwanmaly zat soňky ýyllarda dünýäniň köp döwletlerinde ýokary bilim alýanlaryň sany artýar. 1982-nji ýyl bilen 1999-njy ýyllar aralygyny deňeşdirinde olaryň sany 5 essä golaý köpelipdir (jedwel 3).

**Jedwel 3**

**Dünýaniň ilatynyň sowatlylyk derejesi (% hasabynda) ∗**

| | 1982 | 1990 | 1995 | 1998 | 1999 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Sowatsyz, az sowatlylar** | **28,3** | **18,1** | **14,5** | **12,7** | **12,4** | | | | |
| **Baslangyç klasy gutaranlar** | **35,4** | **37,2** | **38,4** | **36,8** | **35,7** | | | | |
| **Orta mekdebiň birinji başganç. gutar-r** | **17,8** | **23,3** | **27,3** | **30,6** | **31,9** | | | | |
| **Orta mekdebiň II-i başg-y gutar-r** | **6,6** | **8,0** | **8,3** | **9,9** | **9,9** | | | | |
| **Ýokary bilim alanlar** | **0,6** | **1,4** | **2,0** | **2,6** | **2,9** | | | | |

**∗ Internet boýunça**

BMG-nyň habaryna göra häzirki wagtda ýer ýuzünde 115 mln çagalar başlanyç mekdebe barmaýarlar. Olaryň 57%-i gyzlar hasaplanylýar. 57 mln ýaş ýigitler we 96 mln ýäş gyzlar ( 15-24 ýaş aralygyndakylar) esasan hem öşýän döwletlerde ýazyp we okap bilmeýärler.

Emma ÝuNESKO-nyň berýan maglumatyna görä bilim almaklyga uly mümkinçilik döredilýär. 2000-nji ýyldan başlap BMG bilim babatynda gyzlara we aýallara giň ýoluň açylýandygyny yglan etdi: BMG bu çagyryşyna 90-n gowrak döwlet 2015-nji ýyla çenli başlangyç mekdeplerde okaýan oglanlar bilen gyzlaryň arasyndaky san boýunça deňsizligi ýok etmekligi borçlanýarlar. Tersine, käbir döwletlerde oglanlar mekdebi dürli sebäplere görä taşlaýarlar. Şeýlelikde meldeplerde okaýan gyzlaryň sany köpelýar. Oglanlaryň mekdebi taşlamagy (işe çekilmegi, uruş bolýan döwletlerde gosun gullygyna alynmagy) bilen baglanyşyklydyr.

## 3. Ilatyň saglyk ýagdaýy.

Dünýaniň ilatynyň saglyk ýagdaýna dürli ýagdaýlar täsir edýärler. Olardan has elhençlerinden biri garyplyk we açlyk hasaplanýar. BMG tarapyndan 2000-nji ýylda kabul edilen "Müň ýyllygyň Deklarasiýasy" boýunça 2015-nji ýyla çenli garyplygyň, gedaýlaryň we açlygyň masştabyny azaltmak, BIÇ/SPID-iň ýaýraýsyny peseltmek, çaga ölümini we ene ölümini azaltmak, ähli umumy başlangyç bilimi üpjin etmek we ilatyň yzygider ösüsini berkitmek ýaly dürli meseleler goýulýar. Bu meseleleri çözmek üçin ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda deňhukuklylygy berjaý etmek, saglygyny goramak, bilim almak we sagdyn nesil öndürmek, jyns saglygy barada habardar etmek, şu aýdylanlary berjaý etmek maksady bilen dürli hyzmatlary guramak zerurdyr. Şu hukuklary berjaý etmeklik dünýaniň haklaryna uly peýda getirer.

Giň ýaran garyplygy, gedaýlygy ýeňip geçmekligi, spid we beýleki ýaramaz keselleriň öňüni almaklyga mümkinçilik berer. Atlary agzalan meseleleri işeňňir çözmek üçin döwletler maddy çykdajylary göýberseler geljekki nesil üçin uly peýda getirer.

Soňky ýyllarda ýaslaryň arasynda hossarsyz, idegsiz çagalaryň sany köpelýär. Bu ýagaýa urbanizasiya, harby çaknyşyklar, bilimiň ýeterlik bolmazlygy, iş ýerleriň azlygy, hukuk peseltmek, aýal-gyzlara we ýaşlara zorluk täsir edýär

Dünýaniň käbir döwletlerinde **garyplyk** ýaşlaryň okuw okamagyna , bilim almagyna päşgelçilik berýan sebäpleriň biri bolup durýar. 2000-nji ýylyň maglumatlaryna görä gününe bir dollardan az düşýän ýaşaýjylaryň sany çen bilen 238 million adam bolupdyr. Bu takmynan dünýäniň ýaşlarynyň 22,5% - i diýmekdir. 462 million ýaş adamlaryň gününe 2 dollardan az düşýär. Şeýle garyplykda ýaşaýan ýaşlaryň ýygnanan ýeri Günorta –Gündogar Aziýa (116 million), Saharadan günortada (Afrika)- 60 mln, Gündogar Aziýa we Yuwaş okean sebitlerinde 51 million, Latyn Amerikada Garyp deňziniň basseýninde 15 mln) hasaplanýar. 11 sany iri döwlete has garyp ýaşaýan ýaşlaryň 77%, ýa-da 238 milliony gabat gelýär. Olar Hindistanda, Hytaýda, Nigeriýada, Pakistanda, Bangladeşde, Kongo demokratik respublikada, Wýetnamda, Braziliýada, Efiopiýada, Indoneziýada, Meksikada ýaşaýarlar.

Häzirki wagtda spid keseli bilen kesellän ene-atalaryň sebäbine 15 ýasyna ýetmegik 13 mln çaga ýetim galypdyr. Käbir maglumatlara görä olaryň sany 2010-njy ýyla çenli, ýene-de öňkä garanda 1 esse artar diýip çäklanylýar.

Bu keseliň ýaýramagynyň esasy sebäbini garyplyk we sowatsyzlyk diýip hasaplaýarlar. BMG ilat barada departamentiň berýän maglumatlaryna görä ýer ýüzüňde 12 mln adam töweregi (jedwel 4) spid bilen kesellän adam bar diýilýär. Olaryň esasy bölegi 8,6 mln-y Afrika materiginde hasaba alnypdyr.

**Jedwel 4**

**15-24 ýasly adamlaryň arasynda WIÇ/SPID bilen kesellänler (2001-nji ýylyň dekabr aýy)**

| Sebitler | Ýaş aýallar,% | Ýaş erkekler,% | Jemi |
|---|---|---|---|
| **Afrika (Saharadan Günorta-y döwletler)** | 67 | 33 | 8 600 000 |
| **Demirgazyk Afrika we Ýakyn gündogar** | 41 | 59 | 160 000 |
| **Gündogar Aziýa we Ýuwaş umman sebiti** | 49 | 51 | 740 000 |
| **Günorta Aziýa** | 62 | 38 | 1 100 000 |
| **Merkezi Aziýa we gündogar Ýewropa** | 35 | 65 | 430 000 |
| **Latyn Amerika we Garyp deňizi töweregi** | 31 | 69 | 560 000 |
| **Senagat taýdan öşen döwletler** | 33 | 67 | 240 000 |
| **Hemmesi** | 62 | 38 | 11 800 000 |

**Çeşmesi Ýunisef / ÝuNEYDS/WOZ, Narodonaseleniýe Mira w 2003 godu s.25.**

Adamlaryň jyns gatnaşyklarynyň üsti bilen dürli keseller ýokuşýärlar. BMG hasaba alan 330 mln adamlary jyns bedenleriniň üsti bilen sataşan kesellerinden ejir çekýärler. Olar esasan hem 25 ýaşa çenli adamlarda agdyklyk edýärler.

Dünýäniň ilatynyň esasy bölegi häzirki wagtda içgi we narkomaniýadan ezýet çekýär. Nepal döwletinde 16-25 ýaş aralygyndaky adamlaryň 50 müňüsi narkoman hasaplanýar. Söňky ýyllarda olaryň sany Russiýada, Hytaýda, Argentinada, Bahreýnde, Gruziýada, Italiýada, Ispaniýada, Latwiýada, Mongoliýada, Portugaliýada, Ukrainada köpelýär.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ýürek agyra, ýokary gan basyş we başga-da birnaçe kesellere uçran adamlara ýygy-ýygydan duş gelip bolýar. Bu keselleriň döreýşi ekologiki we ýaşaýyş şertler bilen aýrylmaz baglanyşykly.

## 4. Işsizlik we ilatyň doly däl iş güni bilen üpjünçiligi.

Dünýäniň ösýän döwletlerinde we bazar ykdysadyýetine giç geçýän döwletlerde iş ýerleri ýeterlik däl. Ýöne ol döwletlerde hem döwlet ýolbaşçylary iş ýerleri döretmek üçin täze senagat, agrosenagat, ulag, aragatnaşyk we durmuş hyzmaty kärhanalary dürýärlar. Döwletleriň köpüsinde entek iş ýerleriň döredilişii talaba laýyk gelmeýär. Şonuň üçin ösýän döwletlerden ilat ösen döwletlere (Günbatar Ýewropa, Demirgazyk Amerika işlemäge gidýärler.

Dünýäniň köp döwletlerinde çaga zähmegi, kanuň boýunça ulanylmaly däl hem bolsa ulanylýar. Olara az zähmet haky tölenýär. 2000-nji ýylda dünýä ýuzünde 5-17 ýaş aralygyndaky 352 mln çagalar we ýetginjekler ykdysady işeňňir adamlaryň hatarynda işledilipdir.

Olardan 246 mln-y bikanun ýagdaýda işledilipdir, 171 mln-y howply zähmet şertlerinde ulanylypdyr. Çaga zähmedini gadagan edýan kanunlara garamazdan

2000-nji ýylda 186 mln-a golaý 15 ýaşa çenli ( oňa 138 mln 10-14 ýaşly) çagalar senagat, ulag, umuman oba hojalyk kärhanalarda zähmet çekipdirler.

Işledilen çagalaryň arasynda (15 ýaşyna ýetmedik) 127, 3 mln-y Aziýa, 48 mln-y Afrikada Saharadan günorta döwletlerden, 17,4 mln-y Latyn Amerika we Garyp deňzi sebitlerden bolupdyrlar. 2000-nji ýylda 141 mln ýetginjekler (15-17 ýasly) zähmet işi bilen meşgullanypdyrlar.

Günorta Afrikada ýaşlaryň arasynda iş tapyp bilmeýänler- 56%, Ýamaýkada- 34% bolupdyr ( Narodonaseleniýe mira w 2003 godu, sah.10).

Ösýan döwletleriň köpüsinde işe raýatlar alnanda köplenç ýagdaýda erkek adamlara uly mertebe goýulýar. Zenanalary we ýetginjekleri işe seýrek ýagdaýda alýarlar. Işe alnanda köp ýagdaýlarda işe ýaramly adamlaryň bilim derejesine hem uly üns berilýär.

# XVII. Dünýäniň ilatynyň din aýratynlygy.

1. Diniň emele gelşiniň gysga taryhy.
2. Diniň görnüşleri.
3. Dünýäniň sebitleri boýunça diniň ýaýraýşy.

**Edebiýat.**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Народонаселение мира в 2003 году фонд ООН в области народонаселения Нью-Йорк, 2003
Интернет sahypalary.

## 1.Diniň emele gelşiniň gysga taryhy.

Din islendik jemgyýetçilik hadysasy hökmünde emele gelişiniň özboluşly taryhy bar. Alymlaryň köpüsiniň pikirine görä, din gadymy neandertal adamlaryň durmuşy bilen baglanyşykly. Şol döwrüň adamlary (60-25 müň ýyl biziň eramyzdan öň) tebigy betbagtçylyklary (ýer titremegi, sil gelmegini, derýalaryň joşmagyny) Hudaý tarapyn diýip düşünipdirler.

Ýokary paleolit döwründe diniň ýönekeý görnüşi totetizm (käbir adamlar toparynyň haýwanlar, ösümlikler bilen ýokary tebigy garyndaşlygy bardyr diýip pikir etmek emele gelipdir. Soňra asman jisimleriniň kömegi bilen jadylamak, gözbagçylyk (magiýa) etmek döräpdir.

Mezalit döwrüniň adamlary üçin animizm (ruha we adamyň janyna ynanmak), şamanizm (ýogalan adamlaryň ruhy bilen gepleşmegi başarmak, kesellileri bejermek, ýagyş ýagdyrmak we ş.m.) dini garaýyşlar häsiýetli bolupdyr.

Neolit döwründe adamlar ösümlikleriň, haýwanlaryň ruhuna, tebigy hadysalara, ýa-da tebigatyň ruhuna ynanypdyrlar.

Maşgala, nesil, urug, taýpa emele gelip başlansoň olaryň ýolbaşçylarynyň ruhuna ynanylypdyr.

Haçanda synplar emele gelip başlandann soň din synpy ýagdaýa eýe bolupdyr. Biziň eramyzdan öň 1 müň ýyllygyň ikinji ýarymynda käbir dini akymlar bir döwletiň çäginden çykyp beýleki döwletlere ýaýrap başlapdyr. Şular ýaly din ýerli ähmiýetini ýitirip, bütündünýä häsiýete eýe bolýar.

## 2.Diniň görnüşleri.

Buddizm-dünýäde iň gadymy din hasaplanylýar. Onuň iki-üç sany şahalary-hinaýana, mahaýana we lamaizm-bar. Bu din Hindistanda biziň eramyzdan öň VI-V asyrlarda Siddhartha Gautama Şakýamuni tarapyndan (oňa dünýä ýüzünde Budda diýýärler) döredilipdir.

Hindistanda buthanalar, ybadathanalar, monastyrlar bar. Hindistanyň özünde buddizm giň ýaýramady. Ol Hytaý, Ýaponiýa, Koreýa, Mongoliýa, Wýetnama we beýleki döwletlere ýaýrap dünýä dinine öwrüldi.

II asyrda buddizm Hytaýa ýaýrady 2000 ýyl dowam edenem bolsa agdyklyk ediji bolup bilmedi. Agdyklyk ediji din hökmünde ol ýerde konfusianstwo ýaýrady.

Buddizm dünýä dini hökmünde Tibetde giň ýaýrady. Oňa ynanýanlaryň sany 300 mln-dan geçýär (jetwel 1)

Hristian dini özüniň adamlara täsiri we geografiki ýaýraýşy boýunça dünýä dini hasaplanýar.

Hristian dini biziň eramyzdan öň 1-nji asyrda Rim imperiýasynyň gündogar böleginde (häzirki Izrail döwletiň çäginde emele gelipdir. Biziň eramyzyň birinji asyrynyň 60-njy ýyllarynda eýýäm bir näçe hristian obşinalary emele gelipdir.

Hristian dini üç sany ugury özüne birikdirýär; katoliňizm, prawoslawiýe, protestantizm. Olaryň hem düzüminde birnäçe birleşmeler bar. 2000 ýylyň dowamynda rim-katoliki, grek-prawoslaw ybadathanalary emele gelipdir.

Katoliňizm-hristian diniň uly şahasy, talapkär merkezleşdirilen ybadathana hökmünde bolup, onuň başynda Rim Papasy (Watikan döwletini dolandyryjy) hasaplanylýar.

Protestantizm-XVI –njy asyrda Reformasiýa döwründe katolik hereketiň garşysyna dörän. Onuň esasy ugurlaryndan: lýuteranstwo, kalwinizm, anglikanstwo, metodizm, baptizm.

395-nji ýylda Rim imperiýasy dargandan soň günbatar we gündogar böleklere bölündi. Munuň özi günbatarda Rim Papasynyň buthanasynyň, gündogarda kostantinopol, Iýerusalim, aleksandriýa buthanalarynyň döremegine getirdi.

Olaryň özaralarynda ylalaşyksyz hereketleri netijesinde 1054-nji ýylda rim-katolik we prawoslawiýe buthanalaryň bir-birinden aýrylmagyna getirdi.

Yslam dini-ynanýan adamlaryň sany boýunça hristian dininden soň ikinji ýerde durýar (1,1 mlrd adam). Ony VII asyrda esaslandyran Muhammet pygambber hasaplanylýar. Onuň dörän ýeri Arabystan ýarym adasynda Hijazdyr. Yslam dininiň ady we aýratyn dünýäniň döwletleriniň içinde ýokary.

Konfusianstwo. Biziň eramyzdan öň 1000-nji ýylyň ortasynda Hytaýda emele gelen. Onuň düýbüni tutujy filosof Konfusiý hasaplanýar. Köp ýüz ýyllyklaryň dowamynda döwlet ideologiýasyna öwrüldi. Hytaýda ýerli dindaosizm-konfusianstwo we buddizm dinleriň esasynda döredilen.

Induizm-Hindistanda döräp dini görnüşleriň köpüsini öz içine alýar. Induizm dini hindi halkynyň ýaşaýyş durmuşyna degişli ahlak, etiki meseleleri özünde jemleýär.

Sintoizm – Ýaponiýanyň ýerli dini hasaplanýar. Konfusiannstwo we daosizm dininiň käbir elementlerini (ata-babalaryň şahsyýetini goramak, maşgalada erkek adamlaryň agalyk etmegi, ululary sylamak we hormat goýmak, özünde jemleýär.

Iudaizm – biziň eramyzdan öň 1 müňünji ýylda Palestinada ýewreýler tarapyndan döredilipdir. Häzirki döwürde dürli ýurtlarda ýaşaýan ýewreýleriň arasynda ýaýran.

**3.Dünýäniň sebitleri boýunça diniň ýaýraýşy.**

Dünýäde diniň emele gelen wagtlary, olara uýýan adamlaryň sany, ýaýran ýurtlary № 1 –nji tablisada görkezilen. Talyplara gürrüň edip bermeli

# XVIII. Dünýäniň şäher we oba ilaty.

1. **Dünýäde şäherleriň ösüş taryhy.**
2. **Şäherleriň tipologiýasy we klassifikasiýasy.**
3. **Uly şäherler, aglamerasiýalar we megalopolisler.**
4. **Dünýäniň döwletlerinde urbanizasiýanyň ýagdaýy.**
5. **Obada ilatyň ýerleşişi.**

**Edebiýat :**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Народонаселение мира в 2003 году фонд ООН в области народонаселения Нью-Йорк, 2003
Интернет sahypalary.

## 1. Dünýäde şäherleriň ösüş taryhy.

Ilkidurmuş obşina döwründe Gul eýeçilik döwrüne geçilen wagtlarda şäherler emele gelendir. Ýer şarynda ilkinji şäherler 4 müň ýyl mundan ozal Eginetde, Mesopotomiýa pesliginde, Siriýada Hindistanda Hytaýda dörşpdirler.

Gadymy dünýäde şäherleriň döreýşi grek – rim eýýäminiň gülläp ösmegi bilen ( VI-IV biziň e.öňki döwürler) baglanyşykly.

Biziň eramyzdan öň V asyrda Afiny şäherinde 150-200 müň adam ýaşapdyr. Biziň e.öň 200-nji ýylda Palina ( hindistan ) şäherinde –350 müň, Aleksandriýada – 300 müň, Kadfogen we Rimde-150 müň adam bolupdyr.

Dünýäniň iň uly şäherleriniň biri Rim (b.e.öň 147-nji ýylda –320 müň; 57-nji ýylda 486 müň; B.eramyzyň 100 we 280 –ýyllarynda –650 müň adam ) hasaplanandyr. TD Rim imperiýasynyň merkezi Konstantinopol ( häzirki Sitambul) şäherlerinde 450-650-nji ýyllarda 500 müň adam ýaşapdyr.

Şäherleriň döremegi orta asyrlarda Konstantinopol gatnaşyklaryň ösmegine ( merkezileşdirilen döwletleriň, haryt-pul gatnaşyklaryň kapitalistik önümçilik usullaryň döremegine ) sebäp bolupdyr. 1400-nji ýylda Ýewropanyň uly şäheri Parižde –275 müň adam, Milanda –125 müň, Wenesiýada –110 müň, Gendiýada-100 müň Pragada-95 müň, Florensiýada –61 müň, Londonda –45 müň, Nowgorodda-50, Pskowda-35, Moskwada-30 müň adam bolupdyr.

Şol döwürde Aziýada Nankinde –470 müň, Widžawanagarda –350, Pekinde –320, Kiotoda –200, Samarkandda-100 müň, Afrikada:- Kairde-450 müň adam ýaşapdyr.

Häzirki wagtda şäherleriň köpüsi kapitalizm döwründe emele gelen. Olar täze dörän döwletleriň paýtagty, uly söwda we syýasy merkezi hökmünde dörän şäherler hasaplanylýar.

XIX asyryň başynda dünýäniň uly şäherleriniň biri hökmünde London –865 müň, Pariž –550 müň, Neopol –430, Lissobon –237 müň, Wena –230 müň Amstardam –200, Moskwa –251 müň, Peterburg –330 müň, Aziýada Pekin we Kaniton –800 müňden, Konstantinopol –570, Eto (tokio) –492 müň Osaka we Kiotada –380 müň adam ýaşapdyr.

1800-nji ýylda ilatyň 5 müň adamdan geçýän 750 sany şäher bar ekeni. Şolaryň 180 şäherinde –50 müňden gowrak, 65-sanysynda 100 müňden gowrak, 24 –sanysynda –200 müňden köpräk, 6-synda 500 müňden köpräk adam bolupdyr.

1200 –nji ýylda 100 müňden köpräk ilat ýaşaýan 300 sany şäher, olardan 43 sanysynda 500 müňden gowrak, 16-synda 1 mln-dan gowrak ilat ýaşan.

1800 –nji we 1980 –nji ýyllar aralygynda Ýer şarynyň ilaty 4,5 esse aditeon bolsa şäher ilatynyň sany 36 esse köpelendir, ýa-da 1800-nji ýylda dünýäniň şäherlerinde 50 mln adam ýäşan bolsa, 1980-nji ýylda 1807mln,ýetipdir 95,1 we 41%). 1990-njy ýylda dünýäniň şäherlerinde ýaşaýan adamlar 45% barabar bolupdyr. 2000-nji ýylda 51%-den geçendir diýip çaklaýarlar.

## 2. **Şäherleriň tipologiýasy we klassifikasiýasy**.

Şäher önümçilik (senagat kärhanalary), dolandyryş (etrap, welaýaty, döwleti dolandyryş edaralary ), hojalyk-guramaçylyk ( ilata hyzmat edýän gulluk), medeni, ulag işleri amala aşyrýan köp ilatly merkez..Şäheriň ululygy we kiçiligi onda ýaşaýan ilatyň sany bilen kesgitlenilýär.

Şäheriň „şäher“ diýilmegi üçin dünýä boýunça belli-bir ölçegi, ýa-da gelinen netije ýok. Käbir döwletlerde obanyň şähre öwrülmegi kanun esasynda amala aşyrylýar. Olara Russiýa, ABŞ, Kanada, Alžir, Türkmenistan we beýlekiler degişlidir. Latyn Amerikasy döwletlerinde şäher taryhy we statistiki manyda goraýarlar. Daniýada, Şwesiýada, Finlýandiýada eger obanyň ilaty 200-den geçýän bolsa, Kanadada, Awstriýada 1000 adam ýaşaýan bolsa şäher diýýärler. Meksukada, Wenesuellada, ABŞ –da eger ilaty 2,5 müň adamdan geçse şäher diýip aýdylýar. Awstriýada, Hindistanda,Eýranda şäher bolmak üçin ilatyň 5 müň adamdan köp bolmaly. Nigeriýada we Niderlandiýada şäheriň ilaty 20 müň adamda geçmeli. Russiýada, GDA-döwletlerinde ilaty 12 müňden geçen we ilatyň 85% -i işçilerden we gullukçylardan durýan bolsa oňa şäher diýip aýdylýar.

Şäherleriň görnüşi we bölünişi. Öňki SSSR-de, häzirki GDA we köp döwletlerde:

Kiçi şäher – ilatyň 20 müň adama çenli;
Orta şäher – 20-100 müň adalygy
Uly şäher – 100 müňden köp bolsa ;
Iri şäher – 500 müňden ýokary bolanda;
Millioner şäherler – 1 mln-dan köp adam ýaşaýan bolsa diýilýär.

## 3. **Uly şäherler, aglamerasiýalar we megalopolisler**.

Ilaty 100 müňden geçen şäherlere uly şäherler diýip aýdylýar. Şolar ýaly şäherlerden Türkmenistandan 5 sany şäher bar. Iň ulusy Aşgabat – 604,7 (1999 ýyl),

Türkmenbaşy – 203,0 (1999 ý),

Daşoguz – 165,4

Mary - 123,0

Balkanabat – 107,0 müň adam

Bular ýaly uly şäherler dünýäniň döwletlerinde has köp. Uly şäherler biri-birine golaý ýerleşip birleşýärler. Bu ýagdaýa ykdysady geografiýada konurbasiýa diýilýär. Ol latynça con – bile, urbs- şäher, birleşýän şäher diýmekdir. Golaý ýerleşen şäherler ykdysady, medeni- durmuş, ulag, suw, elektrik energiýa üpjünçiligi boýunça bir-biri bilen baglanyşykly bolýarlar.

Bir –birine golaý ýerleşen şäherler uzagyndan adalara has golýlaşyp birleşýärler. Olar ýaly şäherlere aglamerasiýa diýilýär. Ol latyn aggalomerare – sözünden birleşmek, jemlenmek diýmekdir. Mysal: London, moskwa, nýu-ýork, we ş.m. aglamerasiýalary. Olar birnäce şäherleri özleriçe birleşdirýärler. Şäher aglomerasiýasy hojalyk, zähmet medeni – durmuş taýdan bir-birleri bilen baglanyşykly bolýarlar. Olar golaýynda ýerleşen obalary hem özlerine birikdirýärler. Urbanizasiýanyň has uly basgançagy „megalopolis“ bolup, birnäçe aglamerasiýalaryň biri-birine golaý ýerleşip, birleşmeklerine aýdylýar. Bu adalga ilkinji gezek geograf Žan Gottman tarapyndan ulanylmaga girizildi. 1950-nji ýyllarda ABŞ-nyň Boston we Waşington şäherleri arasynda dörän bir-birine golaý ýerleşen şäherleriň birleşmegini göz öňüne tutupdyr. Häzir Bos-Waş-megolopolsde 50 mln – dan gowrak adam ýaşaýar. Has uly megalopolis Ýaponiýada Tokio bilen Osaka şäherleriniň aralaygy „Tokaýda“ 60mln adam bar. Başgada Çikago – Pitteburg ( Çik – Pitte) –20mln gowrak san-fransisko-san –diýego ( san-san)-20mln adam, san-paulo-rio-deženeýro ( san-rio)-40mln, pekin –týanszin (pektýan) –20 mln adam ýerleşýär.

## 4. Dünýäniň döwletlerinde urbanizasiýanyň ýagdaýy.

Eger döwletde şäherde ýaşaýanlaryň sany umumy ilatyň 50 % -inden ýokary bolsa, olar ýaly döwlete ýokary urbanizasiýalaşan döwlet diýilýär. Eger-de döwletiň çägindäki adamlaryň 20-50%-i şäherlerde ýerleşen bolsa, olara orta urbanizasiýalaşan, eger-de şäher ilaty umumy ilatyň 20 %-inden az bolsa, oňa gowşak urbanizasiýalaşan diýilýär. Ykdysady taýdan has ösen döwletlerde ähli ilatyň 75-80 % şäherlerde ýaşaýarlar.

1900-nji ýylda dünýäniň şäherlerinde - 14 % ilat, 1950-nji ýylda - 29 %, 1990-nji ýylda -45 %, 2000-nji ýylda 50 %-dan gowyrak adam ýaşapdyr (Tab. 2).

Dünýäniň döwletleriniň ilaty we hojalygy esasan uly şäherlerde (100 mün den gowrak ilatly) jemlenen. Olaryň 1900-njy ýylda sany 360-a golaý bolan bolsa 1990-njy ýylda 2500-e ýetipdir.

Soňky ýyllarda Ýer ýüzünde millioner şäherleriň sany köpleýär. Olaryň sany 1990-njy ýylda 10 bolan bolsa 1980-nji ýylda 200-e golaý, 2000-nji ýylda 400-e golaý boldy. Biziň paýtagtymyzyň käbir çaklamalara görä 2008-nji ýylda 1 mln-dan agar diýilýär.

Soňky ýyllarda şäherleriň meýdany giňelip, ekerançylyga, dynç almaga ýaramly ýerleri eýeläp, özlerine golaý ýerleşen şäherler bilen birleşýärler. Netijede şäher we oba aglomerasiýalaryny döredýärler.

Ha uly şäherlerde ilatyň gürlügi şeyleräk : Parižde –1 inedördül km ýerde 32 müň adam, Tokioda – 16 müň, Seulda – 18 müň, Bombeýda – 47 müň, Kalkuttada – 21 müň, Dakkada, Jakartada, Hoşiminde, Ahmedabadda – 40-50 müň, Gonkongda – 90 müň adam ýerleşýär.

Gury ýer bölekleriň içinde has şäherleşen (urbanizasiýalaşan) D.g. Amerika hasaplanýar (75 %). Şäherleşmek boýunça has pesi daşary Aziýa (34 %) hasaplanylýar (Tablisa 3).

## 5. **Obada ilatyň ýerleşişi.**

Ähli gury ýer boýunça oba ilaty 2 topara bölünýär. Birinji topary oturymly ilat, ikinjisi çarwa ilat. Çarwa ilat esasan hem maldarçylyk we aw awlamak bilen meşgullanýan oba ilaty hasaplanýar. Dünýäniň ilatynyň takmynan 49 %-i obalarda ýaşaýarlar. Olarda ýaşaýanlaryň hemmesi oba hojalyk işleri bilen meşgullanmaýarlar. Olaryň köpisi şäherlerre gatnap işleýärler. Bu ýagdaý ykdysady taýdan ösen döwletlere häsiýetli. Olaryň ýasäýjykary şäherlerde işläp, agşamlaryna obalarda dynç almagy gowy görýärler. Sebäbi, oba ekologik taýdan şäherre garaňda has arassa hasaplanylýar. Ösýän döwletlerde munuň tersine ilat obadan şäherleregöçýärler. Ol esasan iş ýerleri bilen baglanyşykly. Obalarda daýhançylyk işleri köplenç el z``ahmedi bilen bagly. Mehanizasiýa derejesi pes.iş ýagdaýy agyr, ekinlerden alynýan hasyl pes. Şonuň üçin eklenç zerarly oba ilatynyň belli bir bölegi şäherlere iş gözlegine gidýärler.

Gury ýer bölekleriň arasynda Aziýada oba ilaty köp ýaşaýar. Şol sebäpli Aziýa „Dünýäniň obasy“ diýýärler.beýleki ýerlere garanda Aziýa şäher ilaty az. Bary-ýogy ähli ilatynyň 34-35 %-i şäherlerde 1995-nji ýylyň maglumatlaryna görä hytaýda oba ilatynyň möçberi 70 %, Kambojada – 79 %, Laosda – 78 %, Taýlandda – 80 %, Wýetnamda – 79 %, Bangladeşde – 82 %, utanda 94 %, Hindistanda – 73 %, Nepalda – 86 %, şrilankada 78 %, Omanda 87 %.

Obalary ilatynyň sany boýunça :

- Owunjak oba- 5-100 adam
- Ownuk – 100-500 adam
- Orta – 501-1000 adam
- Uly – 1001-3000 adam
- Has uly – 3001-5000 we köp

Oba ilatynyň gürlügi dürli-dürli. Köp ýerlerde oba ilatynyň gürlügini umumy meýdan boýunça, käbir döwletlerde ekilýän ýerleriň meýdanyna paýlap çykarýarlar. Şoňa görä oba ilatyň gürlügi köp döwletlerde 1000 adamdan (1 inedördül km ýere) ýokary, käbir döwletlerde 10-15 adamdan ýokary däl.

**Jedwel 1**

**Dünýäniň has iri şäherleri.**

| Şäherler | Ilatyň sany, mln. adam | |
|---|---|---|
| | **1994** | **2015 (çaklama)** |
| Tokio | 26,5 | 28,7 |
| Nýu-Ýork | 16,3 | 17,6 |
| San-Paulu | 16,1 | 20,8 |
| Mehiko | 15,5 | 18,8 |
| Şanhaý | 14,7 | 23,4 |
| Bombeý | 14,5 | 27,4 |
| Los-Anjeles | 12,3 | 14,3 |
| Pekin | 12,0 | 19,4 |
| Kalkutta | 11,5 | 17,6 |
| Seul | 11,5 | 13,1 |
| Jakarta | 11,0 | 21,2 |
| Buenos-Aýros | 11,0 | 12,4 |
| Osaka | 10,5 | 10,6 |
| Týanszin | 10,4 | 17,0 |
| Rio-de-Janeýro | 9,8 | 11,6 |

**Jedwel 2**

**Dünýäniň şäher ilatynyň ösüşi.**

| Ýyllar | Şäher ilaty, mln adam | Dünýäniň ilatynda paýy, % |
|---|---|---|
| 1850 | 81 | 6 |
| 1900 | 220 | 14 |
| 1950 | 730 | 29 |
| 1970 | 1381 | 37 |
| 1990 | 2276 | 45 |
| 2000 | 3190 | 51 |

**Jedwel 3**

**Dünýäniň sebitlerinde urbanizasiýanyň derejesi (1990)**

| Sebitler | Şäher ilatynyň paýy, % |
|---|---|
| GDA döwletleri | 66 |
| Daşary Ýewropa | 73 |
| Daşary Aziýa | 34 |
| Afrika | 34 |
| Dg Amerika | 75 |
| Latyn Amerika | 72 |

| | |
|---|---|
| Awstraliýa we Ummanystan | 71 |
| Dünýä boýunça | 45 |

## XIX. Ilatyň üznüksiz köpelişi

Ilatyň üznüksiz köpelişiň sebäpleri. Demografik partlaýyş adalganyň emele gelmeginiň sebäpleri. Ilatyň köpelişiniň görnüşleri.

Edebiýat

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Народонаселение мира в 2003 году фонд ООН в области народонаселения Нью-Йорк, 2003

Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная геодрафия: Основы науки. М. Владис, 2003.

Demografiki partlaýyşyň sebäbi nämede? Bu öňi bilen ähli ýaş toparlarynda ýogalyşyň birneme peselmeginiň netijesidir. Dogluş bolsa umuman, üýtgewsiz derejede galdy (ösýän döwletleriň aglabasynda), ýa-da az-kem peseldi, ýöne edil ýogalyş ýaly derejede däl (2-nji surat).

Durmuş demografiki partlaýyşyň netijeleri baradaky sussypeslik (pessimistik) çaklamalardan ýüz öwürdi. Eýýäm 80-nji ýyllaryň ortalarynda Ýer togalagynyň ilatynyň ýyllyk artyşy 17‰-e çenli pese gaçdy, ýagny demografiki partlaýyşyň ýokary çägi yzda galdy.

Dogrudan hem, näme bolup geçdi? Bu soraga *demografiki geçiş* taglymaty jogap berýär. Onuň bilen baglanyşykda adamlaryň dogluşy we ýogalyşy biologiki kanunlar bilen däl-de, eýsem durmuş şertleri bilen bolup geçýär. Şeýlelikde, demografiki geçiş ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine baglylykda ilatyň dogluşy, ýogalyşy we tebigy artyşynyň yzygiderli üýtgeýiş hadysasyny aňladýar.

Demografiki geçiş nazaryýeti demografiki syýasaty geçirmegiň möhüm ylmy esasy bolup hyzmat edýär. Ol demografiki hadysalaryň yzygiderli çalşygy bilen düşündirilýär. Ilaty öwreniji alymlar şeýle geçişiň biri-birini çalyşýan dört döwrüni (kähalatlarda dört fazasyny, basgançagyny) tapawutlandyrýarlar.

Adamzadyň tas bütin taryhy üçin hasiýetli bolan *birinji döwürde* ilatyň örän ýokary dogluş we ýogalyş derejesi, degişlilikde örän pes tebigy artyşy bolupdyr. Ilatyň artyşynyň bu basgançagy (fazasy) jemgyýetiň-adamlaryň ýogalyş derejesine täsiriniň örän göwşak bolanlygy sebäpli, ilatyň üznüksiz köpelişiniň “ýönekeý” görnüşi adyny aldy. Ol häzirki wagtda duşmaýar diýen ýalydyr.

*Ikinji döwür* (basgançak) ýogalyşyň üzül-kesil kemelmegi (öňi bilen saglygy saklaýyş ulgamyndaky gazanylan üstünlikler esasynda) we adatça ýokary dogluşyň saklanmagy, şoňa baglylykda tebigy artyşyň ýokarlanmagy bilen häsiýetlendirilýär. Dogluşyň we ýogalyşyň derejesiniň arasyndaky bu uly çäk “demografiki partlaýyşyň” ýüze çykmagynyň baş sebäbi boldy. Afrikanyň ähli döwletleri (ilatyň köpeliş badynyň entek peselmedik ýeke-täk dünýä bölegi), Aziýanyň we Latyn Amerikasynyň aglaba ýurtlary bu basgançakda saklanýarlar. Bu basgançaga köplenç ilatyň üznüksiz köpelişiniň “giňeldilen” görnüşi diýilýär.

*Üçünji döwür* üçin ýogalyşyň pes görkezijileriniň saklanmagy (kähalatlarda ilatyň “garraşmagy” sebäpli eýsem onuň artmagy-da görünýär) häsiýetlidir. Dogluş hem peselýär, ýöne adatça aram giňeldilen üznüksiz köpelişi we ilatyň sanynyň az-kem artyşyny üpjün edip, bary-bir ýogalyşyň derejesinden agýar. Bu basgançak Merkezi Aziýa, Latyn Amerikasynyň, Gündogar Ýewropanyň käbir ýurtlary, Gündogar Aziýa ýurtlary üçin häsiýetlidir. Oňa ilatyň üznüksiz köpelişiniň “geçiş” görnüşi diýilýär.

*Dördünji döwre* (“geçişden soňky” görnüşe) geçilende dogluşyň we ýogalyşyň görkezijileri peselýär we deňleşýär, kähalatlarda bolsa ilatyň tebigy kemelmegi görünýär. Bu ilatyň sanynyň durnuklaşmagyna geçişi aňladýar. Günbataryň ösen ýurtlary, Ýaponiýa, Gündogar Ýewropa ýurtlary (Albaniýadan başgasy), Russiýa,

Ukraina, Belarus bu basgançakda durýarlar. Ýokary dogluş derejesi häsiýetli bolan ösýän döwletlere gapma-garşylykly bu ýurtlaryň käbirinde ilatyň tebigy kemelmegi – *depopulýasiýa* ýüze çykýar. Meselem, GFR-de, Wengriýada, Daniýada kä ýyllarda pes derejedäki dogluş ýogalyşyň öwezini dolmaýar. Bu bir tarapdan ilatyň umumy sanynda garrylaryň paýynyň artmagy bilen baglanyşyklydyr.

**Ilatyň köpelişiniň görnüşleri.** Dünýä ýurtlarynda ilatyň köpelişiniň tapawutly, birnäçe görnüşini häsiýetlendirmek mümkin. Has umumylaşdyrylan görnüşde ilatyň üznüksiz köpelişiniň esasy iki görnuşi (tipi) barada gürrüň açmak bolar.

*Ilatyň köpelişiniň birinji görnüşi: demografiki krizis (çökgünlik).* Ilatyň üznüksiz köpelişiniň birinji görnüşi üçin dogluşyň, ýogalyşyň we degişlilikde tebigy artyşyň derejesiniň pes görkezijileri häsiýetlidir. Ol ykdysady taýdan ösen ýurtlarda, täze industrial döwletlerde, bazar ykdysadyýetine geçýän ýurtlaryň birnäçesinde we käbir ösýän ýurtlarda (esasan ada ýurtlarynda) ýaýrandyr (3-nji surat). Soňky döwürde ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň köpüsinde ilatyň umumy sanynda garry we uly ýaşdaky adamlaryň paýynyň artýandygyny bellemek gerek. Munuň özi dogluşyň derejesiniň pes bolmagyna we ýogalyşyň görkezijisiniň ýokarlanmagyna getirýär. Emma demografiki sebäpkärlerden başgada ýokanç keseller, durmuş oňaýsyzlyklary, harby hereketler, jenaýatçylygyň ösmegi, önümçilikde ýüze çykýan ýitgiler, dürli görnüşdäki tebigy we tehnogen betbagtçylyklar, heläkçilikli ýagdaýlar, şeýle hem tebigy gurşawyň hiliniň peselmegi ýaly ilatyň ýogalyşynyň ýokary derejesiniň bolmagyna getirýän durmuş-ykdysady häsiýetdäki sebäpler hem uly orun tutýarlar.

Ýöne ilatyň üznüksiz köpelişiniň birinji görnüşi häsiýetli bolan ýurtlaryň arasynda hem üç topary tapawutlandyrmak mümkin.

*Birinjiden*, ilatyň tebigy artyşynyň ortaça ýyllyk görkezijisi 0,5-1% (ýa-da 1000 ýaşaýja 5-10 adam, ýa-da 5-10‰) bolan döwletler. Ol döwletlere ABŞ, Kanada, Awstraliýa mysal bolup biler.

Onuň üçin ähli maşgalalaryň takmynan ýarysynyň iki, beýleki ýarysynyň bolsa üç çagasynyň bolmagy zerurdyr. Iki çaga wagtyň geçmegi bilen ene-atalaryny “çalyşýarlar”, üçünjisi bolsa diňe bir kesellerden, heläkçiliklerden we başgalardan ýüze çykýan kemelmäniň, çagasy bolmaýanlaryň nesilsizliginiň “öwezini dolman”, eýsem ýeterlik umumy ösüşi-de üpjün edýär.

*Ikinjiden*, “nol” görkezijili ýa-da oňa ýakyn tebigy artyşly döwletler. Şeýle artyş Italiýada, Beýik Britaniýada, Polşada eýýäm ilatyň giňeldilen üznüksiz köpelişini üpjün etmeýär. Ol ýetilen derejede durnuklaşýar.

*Üçünjiden*, kemelýän tebigy artyşly döwletlerde ýogalyşyň derejesi dogluşdan ýokarydyr. Netijede olaryň ýaşaýjylarynyň sany diňe bir ösmän, eýsem peselýär. Bu hadysany depopulýasiýa ýa-da *demografiki çökgünlik* diýip atlandyrýarlar. Ol Ýewropa ýurtlary üçin häsiýetlidir. Ýewropa döwletleriniň onlarçasy (Belarus, Ukraina, Wengriýa, Bolgariýa, Germaniýa we baş.) ilatyň tebigy artyşynyň noldan pes derejesine eýedir. Şeýlelikde, ykdysady taýdan ösen ýurtlarda ilatyň tebigy köpelişiniň ortaça görkezijisi 0,4% deň. Olarda ilatyň ýaşaýyş derejesi ýokarydyr.

Dünýäde her ýylda 140 mln. adam dogulýar. Degişlilikde her sekuntda 3, her minutda – 175, her sagatda 10,4 müň, her gije-gündizde bolsa 250 müň adam dünýä

inýär. Her hepdede Gamburg, Harkow ýaly täze şäher ýüze çykýar, her aýda Awstriýa ýa-da Tunis ýaly döwletleriň ilaty goşulýar.

Bu döwletler üçin ilatyň üznüksiz köpelişiniň “rasional” tipi diýlip atlandyrylýan görnüşi häsiýetlidir. Ýöne, bu ýagdaý Ýewropanyň döwletleriniň bir toparynyň ösüşine zyýanly täsir edýän, ýa-da edip biljek, demografiki krizisi (çökgünligi) başdan geçirýändiklerini aradan aýyrmaýar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň tebigy artyşyň we dogluşyň derejesiniň pes bolmagynyň sebäpleri :

1)Ömrüň ortaça dowamlylygynyň artmagy netijesinde ilatyň garraşmagy, ýagny garry adamlaryň paýynyň ýokarlanmagy. Bu görkeziji ykdysady taýdan ösen döwletlerde erkekler üçin ortaça 74-75 ýaşa, aýallaryňky bolsa 77-78 ýaşa deňdir.

2)Nika bozulmalaryň sanynyň artmagy. Nika baglaşylmagynyň her 3-ne nika bozulmalaryň 1,5-2-si (şäherlerde bu gatnaşyk - 2:1) düşýär.

3)Nikalaşman ýaşamaklyga ymtylmak meýilliligi. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde şeýle ýaşaşýan jübütleriň (nikadan daşarda ýaşaýanlaryň) paýy ähli aýal-erkek jübütleriniň 20%-ne golaýlaýar.

4)Jyns ýetişikligi ýaşyndaky hiç haçan çagasy bolmajak aýallaryň sanynyň artmagy. Bu hadysa dürli keseller, nesil yzarlamak, psihiki stressler, göwredäki çagany aýyrtmak we göwrelilige garşy serişdeleri giňden ulanmak, çilimkeşlik, arakhorlyk, neşekeşlik ýaly nogsanlyklar sebäp bolýarlar.

5)Hiç hili çaga islemeýän maşgala jübütleriniň bolmagy. Ilatyň köp bölegi bolsa maşgalada 1-2 çaga bilen çäklenýärler. Bu ýagdaýda eýýäm giňeldilen (iki ene-ata derek 3-4 çaga) däl-de, eýsem ýönekeý köpeliş ýüze çykýar: iki ata-enäniň ornyna şeýle sandaky ýa-da bir çaga gelýär. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde maşgala agzalarynyň ortaça sany azdyr. Ol döwletlerde maşgalada çagalaryň sanynyň çäklendirilmegini maliýa-ykdysady nukdaý-nazary bilen baglanyşdyrylýar. Çagany saklamak gymmat düşýär; çagasyz ýaşaşmaklyga ymtylýan är-aýallaryň sany köpelýär.

6)Aýallaryň önümçilige, jemgyýetçilik durmuşyna köpçülikleýin çekilmegi.

7)Urbanizasiýanyň (şäherleşmegiň) ýokary derejedäki kanunalaýyk paýynyň bolmagy - ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň 70% -den köprägi şäherlerde ýaşaýarlar. Olarda tebigy artyşyň derejesi pes bolup, bary-ýogy 1-2 ‰-e ýetýär.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde we täze industrial döwletlerde şäherlerde dogluş we tebigy köpeliş koeffisentiniň oba ýerlerine garanda has pes bolýandygy kanunalaýyk ýagdaýa öwrüldi.

Döwletleriň bu toparynda ýogalyşyň esasy sebäpleri adamlaryň bilkaslaýyn ölüm-ýitimi we häzirki zaman keselleridir:

1)Ýürek - gan damar keselleri

2)Onkologiki, uly bolmadyk derejede diabetiki keseller

3)Bilkaslaýyn ölüm-ýitim - jana kast etmek, öz-özüne kast etmek, ulag ýollaryndaky ölüm-ýitim, önümçilikde we beýleki ýagdaýlardaky bolýan ölüm-ýitimlerdir.

*Ilatyň üznüksiz köpelişiniň ikinji görnüşi: "demografiki partlaýyş".* Ilatyň köpelişiniň ikinji görnüşi üçin dogluşyň we tebigy artyşyň ýokary, ýogalyşyň bolsa birneme pes görkezijileri häsiýetlidir. Ol öňi bilen ösýän ýurtlarda aýdyň görünýär.

Bu ýurtlar kolonializm zulumyndan azat bolup, garaşsyzlygyny gazananlaryndan soňra häzirki zaman saglygy saklaýyşyň, sanitariýanyň we gigiýenanyň- ilkinji nobatda ýokanç kesellere garşy göreş üçin gazananlaryny giňden peýdalanmaga mümkinçilik aldylar. Bu bolsa ýogalyşyň üzül-kesil peselmegine getirdi. Dogluş bolsa köp babatda ýokary derejesinde saklandy.

Dogrydan hem, ol köp derejede münýyllyklardaky irki nikalar we maşgalada köpçagalylyk däpleri bilen düşündirilýär. Maşgalanyň ortaça ululygy häzir hem 6 adama ýetýär. Däp bolşy ýaly, bu üç nesilden ybarat (ene-atasy, olaryň çagalary we agtyklary) maşgaladyr. Ondan başga-da ol ýaşaýyşyň iň bolmanda aşaky derejesini saklamagyň esasy serişdesi bolup galýar we çagalar heňiz-de ata-eneleriň garrylyk döwründe esasy daýanjy bolup hyzmat edýär. Şeýle-de, çaga ölümi bu ýurtlarda entek hem ýokary bolmagyna galýar. Oba ilatynyň agdyklyk etmegi, bilim derejesiniň ýeterlik bolmazlygy, aýallaryň önümçilige pes derejede çekilmegi ýaly sebäpler hem täsir etmegini dowam etdirýär.

Bu görkeziji ykdysady taýdan ösen ýurtlara garanyňda 5,5 esse ýokarydyr. Emma şu ýagdaýda hem has gowşak ösen ýurtlar düýpli tapawutlanýarlar. Olarda 600 mln adam ýa-da dünýäniň ilatynyň 1/10 bölegi ýaşaýar. Bu döwletlerde ilatyň tebigy artyşynyň iň ýokary depgini (2,6%) saklanýar. Ilatyň ortaça ýyllyk artyşy boýunça dünýäde öňdebaryjylary Tropiki Afrika we Günorta-Gunbatar Aziýa ýurtlarynyň arasyndan tapmak mümkin. XX asyryň ortalarynda üznüksiz köpelişiň ikinji görnüşiniň döwletlerinde ilatyň çalt artmagynyň şeýle ýokary depgini *demografiki partlaýyş* düşünjesiniň döremegine getirdi. Şol döwletlerde bu ýagdaý entek biziň günlerimizde hem dowam edýär.

Bu döwletlere Hytaý bilen bilelikde dünýäniň ähli ilatynyň 4/5 bölegi we onuň ýyllyk artyşynyň 90% düşýär. Şol sanda Aziýanyň ilaty her ýylda takmynan 45 mln adam, Afrikanyňky-takmynan 20 mln, Latyn Amerikasynyňky bolsa 6 mln-dan köpräk artýar.

Eger-de 1900-nji ýylda dünýäniň ilatynyň sany boýunça iň uly döwletleriň 15-den 7-si Ýewropada, 5-si - Aziýada, 3-si Amerikada ýerleşen bolsa, indi 2004-nji ýylyň çäklerinde bu sanawda Ýewropada diňe bir döwlet (GFR) galdy. Ýöne oňa derek Aziýadan 9 döwlet (Hytaý, Hindistan, Indoneziýa, Pakistan, Banladeş, Ýaponiýa, Wýetnam, Filippinler, Ýegipet) şeýle hem üç amerika (ABŞ, Braziliýa, Meksika) bir Afrika döwleti (Nigeriýa) we Russiýa bu sanawa girýär.

Bularyň hemmesi ösýän döwletleriň bütin dünýäde demografiki ýagdaýa täsirini ýetirýändigini, ilatyň sanynda we üznüksiz köpelişinde aýgytlaýjy orun eýeleýändigini, geljekde dünýäniň ilatynyň ösmegine täsir etmegini dowam etdirjekdigini aňladýar.

Ilatyň köpelişiniň ikinji görnüşiniň ýurtlarynda (3-nji surat) tebigy köpeliş dogulyşyň (40-50‰) we ýogalyşyň (20-25‰) ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin-de tebigy artyş her ýylda 20-25‰ ýa-da 2,0-2,5%-e deňdir. Ol Afrikanyň käbir ykdysady taýdan yzagalak ýurtlarynda (Ýemen, Zambiýa,

Keniýa, Mozambik we baş.) has ýokarydyr (3,2-4,6%). Bu bolsa sany 18 mln adam bolan Mozambigiň ilaty her ýylda takmynan 600 mün adam köpelýändigini aňladýar. Hindistanyň we Hytaýyň ilaty, hat-da her ýylda 1,0-1,2 % ösüşe eýe bolsa-da, ýylda 12-13 mln adama çenli artýar, Indoneziýada bolsa – ýyllyk köpeliş 3 mln adama barabardyr.

Ol ýurtlarda dogluşyň ýokary derejesiniň esasy sebäpleri:

1) Ilatyň durmuş, sowatlylyk we intellektual derejesiniň pes bolmagy;

2) Däp-dessurlara we adatlara baglylykda maşgalada çagalaryň sanyny çäklendirmezlik, erkek oglanlary köp dogurmaklyga ymtylyş, sebäbi olaryň jemgyýetde aýal-gyzlar bilen deňeşdirilende ornunyň ýokary bolmaklygy häsiýetlidir.

3) Göwreliligi kesmek, çaga aýyrtmak din tarapyndan gadagan edilmegi (hristiançylyk, musulmançylyk we beýleki dinler göwreden çaga aýyrtmaklyga garşy durýar).

4) Ir nika baglaşmak, sebäpli aýallaryň önelgelilik möhleti artýar. Maşgalada ortaça 5-8, köp halatlarda 10-a çenli çaga terbiýelenýär.

Ikinji görnüşiň ýurtlarynda ýogalyş başga sebäplere görä ýüze çykýar-bu garyn-içege keselleriniň, ýokanç keselleriniň ýaýramagy, açlyk we ş. m. Her ýylda açlykdan we doýa-garny doýmazlykdan 12-18 mln. adam ölýär, olaryň 75%-i çagalardyr. Bu babatda Afrika döwletleri has tapawutlanýarlar.

Çaga (bäbek) ölümi ýogalyşyň umumy görkezijisine uly täsir edýär, sebäbi ösýän döwletleriň ilatynyň 40% töweregini çagalar düzýärler. Her 1000 täze doglan çagalara (ýagny 1 ýaşyna ýeten) bu görkeziji Hindistanda 74 we Ýegipetde 62 çaga bolanlygyndan, Owganystanda 164 we Malide 284 çaga çenli güýçli üýtgeýär.

Ömrüň ortaça dowamlylygy bu döwletler toparynda soňky 20 ýylda ýokarlandy we ortaça 55 ýaşa barabar boldy. Käbir döwletlerde bolsa 60-65 ýaşa çenli ýetdi.

## XX. Ilatyň köpelişini çäklendiriji demografiki syýasatlar.

Ilatyň tebigy köpelişini çäklendiriji syýasatyň zerurlygy. Hytaýda we Hindistanda amala aşyrylýan demografik syýasatlar.

Edebiýat:

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.

Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.

Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.

Народонаселение мира в 2003 году фонд ООН в области народонаселения Нью-Йорк, 2003

Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная геодрафия: Основы науки. М. Владис, 2003.

Her bir döwletde göz öňüne tutulýan ykdysady, syýasy we medeni çäreleri amala aşyrmakda ilatyň ösüşi hem-de kemelişi uly täsir edýär. Ilaty çalt köpelýän döwletlerde onuň tebigy ösüşini peseltmek, kemelýän bolsa artdyrmak üçin göreşilýär. Şonuň üçin dünýäniň döwletlerinde özboluşly demografik syýasat alnyp barylýar. Ony ýoretmegiň zerurlygy ýurtlaryň köpüsi tarapyndan oňlanylýan çäredir. Demografiki syýasat – bu döwlet tarapyndan ilatyň tebigy hereketine täsir etmek, şol döwlet üçin özboluşly aýratynlygy bolan ilat meselelerini çözmek maksady bilen geçirilýän dürli çäreleriň ulgamydyr.

HHR-nyň konstitusyýasynda är-aýalyň, meýilleşdirilen çaga dogluşyny alyp barmagynyň hökmanydygy barada aýdylýar. Meýilleşdirilen çaga dogluşy barada ýörite Komitet döredildi. Nika durmagyň has giçki ýaşy bellenildi (gyzlar-20 ýaş, oglanlar-22ýaş). Ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplara okuwlaryny tamamlamazdan nika baglaşmak rugsat edilmeýär. Hytaýyň demografiki syýasatynyň esasy şygary "Bir maşgala - 1 çaga". Bu syýasaty Hindistan ösýän döwletleriň arasynda ilkinji bolup, baryp 1951-nji ýylda resmi döwlet syýasaty hökmünde maşgalany meýilleşdirmeginiň milli maksatnamasyny kabul etdi. Nika baglaşmak ýaşy ep-esli ýokarlandyryldy (gyzlar-18 ýaş, oglanlar-21 ýaş). "Bir maşgala – iki çaga" şygar bilen dört adamly maşgala wagyz edilýär. Bu çäreleriň netijesinde dogluş we tebigy köpeliş az-kem peseldi, ýöne şeýle-de bolsa dünýäde täze dogulýan çagalaryň 1/5 bölegi Hindistanyň paýyna düşýär.

Demografiki syýasata dogluşy höweslendirmeklige gönükdirilen ykdysady, dolandyryş-hukuk we wagyz etmek çäreler toplumy girýär. *Ykdysady* çärelere köp çagaly maşgalalara, ýaş çatynjalara, çaganyň dogulmagy bilen yzygiderli pul kömeginiň berilmegi, köp çagaly we ýekebara enelere çagany terbiýelemek boýunça dürli möhletdäki tölegli dynç alyşlaryň we dürli ýeňillikleriň berilmegi, eneleriň we çagalaryň saglygyny bejermek we dikeltmek boýunça lukmançylyk kömeginiň berilmegi, mekdebe çenli çagalar edaralaryndaky orunlaryň giňeldilmegi we ş. m. degişlidir. *Dolandyryş-hukuk* çäreleri hökmünde nika ýaşyny üýtgetmek, maşgalada nikanyň bozulmagy bilen eneleriň we çagalaryň emläk hukuklaryny giňeltmek, enäniň göwresindäki çagany aýyrtmagy gadagan etmek ýaly çäreler giňden peýdalanylýar. Şeýle-de eneligiň we atalygyň abraýyny we durmuşdaky möhüm ornuny ýa-da göwreliligiň öňüni alyş serişdelerini peýdalanmagy ündeýän *wagyz etmek*, ýaşlary jyns gatnaşygy taýdan terbiýelemek çäreleri-de giňden peýdalanylyp biliner.

Dürli ýurtlarda demografiki syýasatyň ugry olarda ýüze çykýan ilat ösüşi meselelerine bagly bolup durýar. Meselem, ilatyň köpelişiniň örän ýokary derejesi häsiýetli bolan ýurtlarda ol ilat ösüşini peseltmeklige gönükdirilýär. 70-80-nji ýyllarda dünýäde iň köp ilatly Hytaý Halk Respublikasynyň hökümetiniň maksady – ilatyň köpeliş derejesini çürt-kesik peseltmek, ýurdy bir çagaly maşgalaly döwletleriň hataryna çykarmak bolupdy. Şonuň üçin-de HHR-da garaşylýan ýokary netije bermedik dolandyryş-hukuk çärelerden gysga wagtyň içinde wagyz ediş we

ykdysady çärelere geçildi. Netijede maşgalany meýilleşdirmekde uly öňegidişlikler gazanyldy - ilatyň tebigy artyşynyň ortaça ýyllyk görkezijisi 28‰ – den (1968 ý.) 10-11‰ -e (90-njy ýý.) çenli peseldi. Bu bolsa dünýä boýunça ortaça görkezijiden hem pesdir.

Demografiki meseleleri çözmekde HHR-nyň gazanan tejribesi ilatyň tebigy köpelişiniň ýokary derejesi häsiýetli bolan ýurtlar üçin nusga boldy. Köp ilatly Hindistan hem şu ýoly saýlap aldy, ol ýerde "bir maşgala - iki çaga" şygary giňden ýaýrady. Ýöne bu döwletde demografiki syýasat garaşylýan ýokary netijelere getirmedi. Dogluşy çäklendirmegiň döwlet syýasaty Bangladeş, Indoneziýa, Şri-Lanka, Pakistan we beýleki birnäçe Aziýa we Latyn Amerikasy ýurtlary tarapyndan hem geçirilýär. Afrikanyň ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlerinde demografiki syýasatyň netijeleri has-da pesdir, Tropiki Afrikanyň ýurtlarynda bolsa şeýle syýasat ýöredilmeýär. Köp halatlarda ony ýerine ýetirmek maliýe serişdeleriniň ýetmezçiligi sebäpli kynlaşýar hem-de köplenç wagyz edilmegi bilen çäklenilýär. Kähalatlarda ýurduň raýatlary tarapyndan köp çagalylyk däp-desurlary, eneligiň ýa-da atalygyň ýokary durmuş derejesi zerarly bu syýasat düýbünden kabul edilmeýär. Ýöne häzirki döwürde ilatyň köpelişiniň ýokary derejesi bilen häsiýetlendirilýän bu döwletlerde işjeň demografiki syýasaty geçirmek iňňän möhüm häsiýete eýedir.

Ykdysady taýdan ösen döwletleriň köpüsinde, esasan-da Ýewropa ýurtlarynda (Fransiýa, GFR, Daniýa, Belgiýa, Wengriýa we baş.) demografiki syýasat ilatyň tebigy artyşyny ýokarlandyrmaklyga gönükdirilendir. Bu döwletleriň hökümiýetleriniň dogluşyň ösüşini höweslendirmek üçin geçirýän çäreleri dürlüdir we pul kömegini, iki we ondan köp çagaly maşgalalara ýeňillikleri bermek, enäniň göwresindäki çagany aýyrtmaklygy gadagan etmek (GFR) we beýleki çäreleri öz içine alýar.

Garaşsyz baky Bitarap Türkmanistan döwletinde hem ilatyň artyşyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen işjeň döwlet demografiki syýasaty alnyp barylýar. Şonuň netijesinde bolsa ilat ösüşinde uly netijeler gazanyldy. Ýurduň ilatynyň tebigy artyşynyň bady ýokarlanýar.

## XXI. Dünýäniň ilatynyň köpelişine dürli geografiki we demografiki garaýyşlar.

1. Ilatyň köpelişi barada Ýewroaziýa, Amerika alymlarynyň garaýyşlary.
2. Dünýäniň ilatynyň köpelişi barada dürli çaklamalar.
3. Ilatyň sanynyň köpelmegi bilen döredýän we çözülmegi mümkin bolan meseleler.

**Edebiýat.**

Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň heşirýaty, 2004.
Çaryýew B.Ç., Hudaýýarow M., Çerkezowa A.H. Dünýä sebitleriniň döwletleriniň ilaty we durmuş ykdysady ösüş meseleleri. Aşgabat, 2004.
Брук С.И. Население Мира. Этнодемографический справочник. М., Наука, 1986.
Население Мира. Демографический справочник. М., Мысль, 1989.
Народонаселение мира в 2003 году фонд ООН в области народонаселения Нью-Йорк, 2003

Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная геодрафия: Основы науки. М. Владис, 2003.
Internet habarlary.

**1. Ilatyň köpelişi barada Ýewroaziýa, Amerika alymlarynyň garaýyşlary.**

XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap dünýäde ilatyň ösüşi barada her hili taslamalar döräp başlady. Rim klubynyň howandarlyk etmeginde (1968-nji ýylda hökümete we partiýa garaşsyz gurama belli italýan ykdysatçysy, jemgyýetçilik wekili we biznesmeni **Aurelio Peççei** tarapyndan döredildi) "Parahatçylyk - 2" (1970-nji ýyl) ülnesi (modeli) Massaçuset tehnologik uniwersitetiniň professory **Ž. Forrester** tarapyndan işlenilip düzüldi "Dünýä-2 (Mir - 2)" modelde dünýäniň ilatynyň sany , esasy serişdeler (kapital), oba hojalyk kapitalyň tutýan orny, dikeldip bolmaýan tebigy baýlyklar we ýeriň hapalynyşy ýaly meseleler seredilipdir. Modelde 1900-2100-nji ýyllar aralygynda önümçilik häzirki ýagdaýynda össe, onda 2050-nji ýyla çenli tebigy gurşawyň hapalanyşy 7-8 esse (1970-nji ýyla garanda) ýokarlanar. XXI asyryň 20-30-nji ýyllarynda Ýer togalagynyň ilaty 1,5 esse azalar, ýagny 2 mlrd adam kemeler. Dikeldip bolmaýan tebigy baýlyklar 2100-nji ýylda gutarmagy mümkin. Gutarmasa-da häzirki ätiýaçlylygynyň 1/3 galar. Tebigy baýlyklaryň we ilatyň sanynyň kemelmegi XXI asyryň ortalarynda senagat önüminiň öndürilişiniň kemelmegine getirer. Siwilizasyýanyň pese gaçmagy daşky gurşawa salynýan antropogen agramy peselder. 2100-nji ýylda onuň hapalanyşy öňkülere seredeňde azalar diýip çaklapdyrlar.

1972-nji ýylda **D. Medouz** tarapyndan ýolbaşçylyk edilen alymlar topary "Dünýä - 3" (Mir - 3) bütindünýä ülňüni işläp düzdüler. Bular hem 1900-2100-nji ýyllar aralygy modelirläpdirler. Bularyň hem gelen netijeleri **Forrestoryň** çaklamasyna golaý bolupdyr. Medouzyň ýoldaşlarynyň pikiriçe "Eger önümçilik häzirki ösüşi ýaly össe, onda XX asyryň aýagynda XXI asyryň başynda Ýeriň hapalanmagy, tebigy baýlyklaryň azalmagy, senagat önümçiliginiň peselmegi zerarly elhenç ýagdaý "ahyr zaman" bolar" diýip çaklapdyrlar. Şu heläkçilikden çykmak üçin Medouzyň pikiriçe hiç bir çäre bu heläkçiligiň öňüni alyp bilmez. Şonuň üçin "adamzat siwilizasiýasynyň ösüşini saklamaly" diýen netijä gelýär. Onuň dokladynyň ady **"ösüşiň çäkleri** (Predely rosta)" diýip atlandyrylypdyr. Bu iki model boýunçä, eger-de jemgyýetiň ösüşi häzirki ýagdaýynda saklansa, onda XXI asyrda krizisiň boljakdygy gümansyzdyr. Tebigy baýlyklar garyplaşjak, häzirkisinden ep-esli hapalanjak.

Soňra **M. Mesarowiç (ABŞ), E. Pestel (GFR)** 1974-nji ýylda Rim klubyna özleriniň dokladyny "Ýaşamaklygyň strategiýasy (strategiýä wyžywaniýa)", ýa-da "Adamzat öwrülýän duralganyň ýanynda (Çeloweçestwo u poworotnogo punkta)" diýip atlandyrylypdyrlar. Olaryň gelen netijesine görä "2025-nji ýyla çenli "Baý döwletler" garyp döwletlere kömek berseler yzagalaklygy ýeňip geçip bolar. Eger şeýle edilse dünýäniň häzirki ösüşinde köp sebitlerde elhençlikler (katastrofa) bolar. Bu elhençlikler **Medouzyň** toparynyň çäk edýän wagtyndan öň bolar diýip çaklapdyrlar ösen döwletler üçin esasy heläkçilik- tebigatyň hapalanmagy, ýadro energetikasynyň ösmegi, ösýän döwletlerde tebigy baýlyklaryň ätiýaçlygynyň

azalmagy, ilatyň sanynyň artmagy, onuň bilen baglanyşykly azyk meselesiniň ýüze çykmagy bolup durýar. **Mesarowiçiň we Pesteliň** pikirini ösen döwletleriň köpelişi sapak edinip, ösýän döwletlere ykdysady kynçylyklardan çykmak üçin dürli hili kömek berýärler. Bu ýagdaýda Müsür, Wenesuella, Awstriýä, Hindistan, Finlýandiýa we beýleki birnäçe döwletler ykdysady taýdan has ösen döwletlerden kömek alýarlar.

1985-nji ýylda Amaly ulgamlary seljermek boýunça **Halkara instituty** (Meždunarodnyý institut prikladnogo sistemnogo analiza -**MIPSA**) Ýewropanyň sebitleri üçin häsiýetli bolan ekologiki meseleleri çözmek maksady bilen **"Ýewropada daşky gurşawyň geljegi** (Buduşeýe okružaýuşeý sredy w Ýewrope)" atly taslamany işläp düzdüler. Taslamanyň esasy maksady 2030-njy ýyla çenli Ýewropanyň daşky gurşawynyň uzak möhletleýin ýagdaýyny dolandyrmak bolup durýardy. Taslamanyň esasy bolup Ýewropanyň sosial-ykdysady we syýasy ösüş ugurlary göz öňüne tutulypdyr. Bulardan başga-da ösüşiň bolaýjak öwrümleri nokatlary: uruş, garaşylmaýan güýçli ykdysady peseliş, ykdysady-durmuş we ekologiki kynçylyklar bilen baglanyşykly ilatyň göçüşi (migrasiýasy), energiýany ulanmaklygyň netijeliligi, adaty bolmadyk energiýa çeşmelerini ulanmak (günüň, ýeriň, daşgyn-gaýtgynyň, ýerasty gyzgyn çeşmeleriň we ş.m.) hasaba alnypdyr.

Ykdysady we ekologiki bütewiligiň bütindünýä ulgamy 1979-njy ýylda BMG tabşyrygy bilen hünärmentler topary **W. Leontýewiň** ýolbaçylygynda "Dünýä ykdtysadyýetiň geljegi" atly taslama işlenilip düzüldi. Bu model **Leontýew** tarapyndan taýýarlanan "pudagara seljerme usuly" (önümi öndürmrk üçin çykarylan çykdaýjy usuly) ulanyp, ol özüne 2500 deňlemäni birleşdirip, dünýä hojalyk ulgamy bu taslamada 270 sany ugur boýunça seljerilýär. Taslamada: - ykdysadyýetiň tebigata täsir ediş düzüminiň mehanizmi görkezeliň; - pudagara ykdysady gatnaşyklara daşky gurşawyň hapalanmagyna garşy göreş çäreleri beýan edilen; - hapalanmaklyga göreş çäreleriň ugurlary açylyp görkezilipdir. Esasy gelnen netije ösen döwletler bilen ösýän döwletleriň arasyndaky aratapawut tebigaty goramak meseläni kynlaşdyrýär. Tebigaty hapalanmaklyga garşy göreşmek üçin jemi öndürlýän önümiň girdejisimiň 1,5-2,5% (mümkin bolan ýagdaýynda 4-5%) tebigaty goramak çärelerine sarp edilmeli diýilýär.

**"Daşky gurşawyň hili boýunçä Sowetiň"** 1988-nji ýylda çäp edilen "2000-nji ýylyň bütindünýä meseleleri" ady bilen ABŞ-nyň prezidentine ýazylan çykyş ilatyň arasynda uly seslenme döretdi. Bu çykyşda Dünýäniň ýagdaýyna oňat häsiýetnama berilipdir. Çykyşda daşky gurşawa ýetirilen we garaşylýän zyýanlaryň hasaba alnan ýagdaýy görkezilipdir. Doklad-da, eger dünýäniň ykdysadyýetiniň ösüşinde häzirki ykdysady, syýasy, tehniki ýagdaýlar saklanylsa, uruş bolmadyk halatynda, howply wakalara garaşyp ýörmegiň hajaty ýok diýilýär. Doklad-da şeýle netijä gelinýär: Ösýän döwletlerde 2000-nji ýylda 5 mlrd adam ýaşar. Şolardan 1,3 mlrd adam doýa-garna iýmit iýip bilmezler, açlykdan ezýet çekerler. Tropiki tokaýlaryň 40%-i çapylyp ýok ediler. Ýene-de 28 ösýän döwletlerde tokaýlar galmaz.

1976-njy ýylda Angliýaly **D. Gabor** "Asyrdan aňyrda talaňçylyk (za predelami weka rastoçitelstwa)" diýen çykyşynda Bütündünýä heläkçilikden (krizisden)

çykmak üçin: adamlaryň ýaşamagy üçin zerur durmuş şertleri döredilmeli we täze "göwnejaý jemgyýet" döredilmeli, şol jemgyýet Ýer togalagynyň ýaşaýjylarynyň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmaga ukyply bolmaly we adamyň tebigata dünýewi gatnaşygyny, tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagyny başarýan bolmaly.

Umumy ykdysady ulňeleriň (modelleriň) arasynda okyjy köpçüligine belli bolan LINK ulgamy (ABŞ-da **L. Kleýniň** ýolbaşçylygynda döredilen, Ekonometriki çaklama beriji Uorton assosiýasiýasynyň işgäri) hökümet guramalaryna kömek bermek üçin niýetlenendir. Bu ulgamda köp kapitalistik döwletler boýunça (ABŞ, Kanada, Fransiýa, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Italiýa, Şwesiýa, Finlýandiýa, Belgiýa, Niderlandlar, Awstriýa, Ýaponiýa, Awstraliýa) 13 sany aýratyn ülňeler birleşdirilen, ösýän döwletler boýunça 4 ülňe, SOWMOD (SSSR) ülňeler toplumy girizilip, LINK ulgamy elmydama täzelenýär we giňeldilýär.

Bütindünýä energetika ülňeleri boýunça köp maglumatlar (ondan gowrak) toplanan. Bu topar boýunça **(Welf, 1960; Hefel, 1982)** ülňelerde nebit we dürli energoätiýaçlyklaryň bazarynyň ýagdaýynyň çaklamasy görkezilen.

Önümçiligi we energiýä ätiýaçlyklarynyň sarp edilişini has takyk seljermek bilen hojalygyň galan pudaklary olara garaşly hökmünde seredilýär. Bu ýagdaýda demografik meseleleriň çaklamasy (prognozy) şertli ýagdaýda berilýär.

Rim klubynyň 6-njy doklady "Energiýa: yza hasaplaýyş (Energiýä: obratnyý sçot)" meselä bagyşlanan. Bu çykyş 1978-nji ýylda **Fransiýaly T. Monbrial** tarapyndan taýýarlanan. Çykyşda esasy netije ýene-de "Energetika gytçylygyň (krizisiň)" dörejekdigi, "energetiki heläkçilik (katastrofa)" arkaly köp adamalr "energetik oýunyň (drama) pidalary" bolar diýip çaklaýarlar.

Azyk meselesiniň gytçylygyna bagyşlanan çaklamalar hem bar. Olaryň arasynda esasy üns berilýän çykyş 1974-nji ýylda taýýarlanylan **Linnemanyň** (Gollandiýa) proýekti hasaplanýar. Onuň proýektinde dünýäde azyk ýetmezçiligi wagtlaýyn zat, onuň käbir döwletlerde ýetmezçilik edýänliginiň sebäbi durmuş-ykdysady sebäplere bagly diýip görkezilýär.

8-nji doklad ösýän döwletlerde azyk meselelerine bagyşlanan bolup "Üçünji dünýä: dünýäniň ¾ -i" diýip atlandyrylýar. Bu doklady düzüji **M. Gerniýe** (1980, Fransiýa) ösýän döwletleri oba hojalygy üýtgedip durap özlerini azyk bilen üpjün edip bilerler diýen netijä gelýär.

Baha emele getiriş usuly boýunça içki we daşky bazarlarda azyk bolçulugyny döretmekligiň ykdysady meselelerini öwrenmeklige bagyşlanan iňlis bütindünýä ülňünde **(SARVM, 1977)** başgaça çemeleşilýär. Bu modelde görkezilişine görä azyk meselesini diňe oba hojalyk bilen çözmän, eýsem ykdysady, demografik we ekologiki soraglar bilen baglanyşyklydyr. Ähli ylmy taslamalardan görnüşi ýaly, häzirki zaman demografik ýagdaýlara görä dünýäde ilat 11,6 mlrd adama ýeter we soňra düzgünleşer. Rim klubyna ýazylan iki bölekden ybarat bolan jemleýji **"Birinji bütindünýä rewolýusiýasy"** (1991) atly doklad-da esasy mesele hökmünde "dolandyrmaklyga" bagyşlanan. Şeýle häsiýetde taýýarlanylýan we ýazylan taslamalarda beýleki ylymlaryň wekilleri bilen birlikde geograflar hem çykyş edýärler. Olar esasy ünsi adamzadyň isleglerini kanagatlandyrmaga, bütindünýä meseleleri

adamzadyň we tebigatyň peýdasyna çözmeklige, adamzadyň ýakyn onýyllyklarda nähili meseleler bilen ýüzbe-ýüz boljakdyklaryna uly üns berýärler. Döreýän meseleleriň bütindünýä häsiýetlidigi sebäpli olary meýdan-çäkler, sebitler boýunça geografiki seljeriş geçirmek zerur hasaplanýar.

## 2. Dünýäniň ilatynyň köpelişi barada dürli çaklamalar.

Taryhy we arheologiki maglumatlaryň görkezmegine görä mezolit döwrüniň başynda (15 müň ýyl b.e.öň) ýer ýüzünde adamlaryň sany onçakly köp bolmandyr. Olaryň köpelmezligine dürli keseller, iýmit ýetmezçiligi, tebigy şertler sebäp bolupdyrlar. Neolit döwrüniň başynda (b.e.öň 7 müň ýyllykda ýer ýüzünde 10 mln-a golaý adam ýaşapdyr. Adamlaryň sany haýal artypdyr. Ilatyň esasy bölegi G/o we G/d Aziýada, Afrikada, G/o Ýewropada, Merkezi Aziýada ýerleşipdir. Şol wagtlar Awstraliýada birnäçe müň, Amerikada 100-200 müň adam ýaşapdyr **(W.I.Kozlow, 1978, s.3-4).** Gadymy adamlaryň arasynda ölüm-ýitim köp bolupdyr. Olar açlykdan, ýokanç kesellerden, tire-taýpa uruşlardan, tebigy betbagtçylyklardan horluk çekipdirler. Adamlaryň ortaça ýaşy 20 ýyl bolupdyr. Sagdyn, fiziki taýdan daýaw adamlar 50 ýyl ömür sürüpdirler. **W.I. Kozlowyň (1978, s.7)** maglumatlaryna görä biziň eýýamimiziň başynda ýerde 200-250 mln adam ýaşap, şondan Rim imperiýasynda 50 mln – dan gowrak (şol sanda Italiýada – 7-8, Iberiýada 5-7 mln). Öňki SSSR-iň çäginde 5 mln adam ýaşapdyr. Şol döwürde ilatyň köp ýygnanan ýeri häzirki Hytaýyň we Hindistanyň çägi, ol ýerlerde çak bilen 40-50 mln adam ýerleşipdir.

1830-njy ýylda ýer togalagynyň ilatynyň sany 1 mlrd-a ýetýär. Soňra onuň ilatynyň 2 esse artmagy üçin 100 ýyl gerek bolupdyr. 1930-njy ýylda 2 mlrd, 1962-3 mlrd, 1976-4 mlrd, 1987-5 mlrd, 1999-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 12 –sine 6 mlrd-dan geçdi.

1930-1999-njy ýyllar aralygynda dünýäniň ilaty 3 esse artypdyr. 1950-1970-nji ýyllar ilaty öwrenýän hünärmenleriň arasynda “demografik partlaýyş” diýip atlandyrylýar. “Demografik partlaýyşyň” başlanmagy bilen demograflar we statistikler ilatyň artyşy barada birnäçe çaklama düzýärler. Käbir çaklamalar ilat köpçüligini hopuklandyryjy hasaplanýar. Olar çaklama düzenlerinde ilatyň köpelişi mydama birmeňzeş bolar diýip pikir ýöredýärler. Käbir çaklamalara görä XXI-asyryň ortasynda dünýäde 50 mlrd adam ýaşar we onuň gury ýerde ortaça gürlügi 1 inedördül km ýerde 370 adam bolar. Käbir çaklamalara görä **2300-nji** ýylda ýeriň ilaty 1 trln adama ýetmegi mümkin. Angliýaly bir statistiň çaklama hasaplamasyna görä, eger ilat her ýyl 1,5 % össe, **3000-nji ýylda** ýeriň ilaty 14 trln-a golaýlar. **5000-nji ýylda** ilatyň sany yzy **27 nolly sifre** deň bolar. Eger şeýle derejede ilatyň sany artsa **3000-nji ýylda** ýeriň her bir ýaşaýjysyna **103 inedördül santimetr** gury ýer degişli bolmagy mümkin. Ilatyň köpelişine demograflar başgaça seredýärler. Bu ugurda işleýän alymlaryň köpüsi geljekde ilatyň tebigy ösüşiniň azaljakdygy barada ýazýarlar. Olardan ilkinjileriň hatarynda **S.G.Strumilini we B.S.Urlanisi** bellemek bolar. **B.S.Urlanisiň** pikirine görä aýallaryň we erkekleriň orta ýaşynyň 74,8 ýyla ýetmegi bilen ilatyň tebigy ösüşi 13,4 promillä deň bolar. Şonluk bilen 15 ýaşa çenli çagalar ähli ilatyň 20 %-i, işe ýaramly adamlaryň (15-64 ýaş) sany 63 %, 65 ýaşdan

uly adamlaryň sany 17 %-e ýeter. Onuň pikirine görä bu ýagdaý XXII-asyryň başynda bolup, ýer ýüzüniň ilaty 12,3 mlrd adam bolar (Jetwel 1). Soňra, 1984-nji ýylda Mehikoda geçirilen BMG-nyň 4-nji Bütündünýä maslahatynda hem alymlar XXII-asyrda dünýäniň ilaty 10,5 mlrd adam möçberinde saklanar diýlen netijä geldiler. 1992-nji ýylda BMG-nyň çaklamasyna görä geljekde erkek adamlaryň ýaşy 82,5 ýyl, aýallaryňky 87,5, soňra erkekleriň ýaşy 87,5, aýallaryňky-92,5 ýyla ýetende dünýäniň ilatynyň sany azalyp durnukly ýagdaýa geçmegi mümkin. **2150-nji ýylda** D/g Amerikada ýaşaýan zenanlaryň ortaça ýaşy 92,5 ýyl bolar. Dünýäniň ösen döwletlerinde biziň günlerimizde her bir maşgala 1 ýa-da 2 çagadan köp edinmeýärler. Diýmek geljekde dünýäniň ähli döwletlerinde şäher ilatynyň artmagy bilen ilatyň tebigy ösüşi öz durkuny saklar.

**Jedwel 1.**

**XXIII – asyra çenli dünýäniň esasy sebitleri boýunça ilatyň artyşy (mln. adam)**

| Ýyllar | Dünýä boýunça | Şol sanda | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | GDA | Daşary Ýewropa | Daşary Aziýa | Afrika | Amerika | Awstraliýä we Ummanystan |
| B.E. 5000 ýyl ozal | 30 | 1 | 3 | 20 | 5 | 1 | 0,5 |
| 0 | 230 | 5 | 35 | 155 | 30 | 4 | 1 |
| 1000 | 305 | 10 | 43 | 195 | 40 | 15 | 1,5 |
| 1500 | 440 | 15 | 75 | 260 | 60 | 27 | 2,5 |
| 1650 | 550 | 20 | 82 | 330 | 100 | 15 | 3 |
| 1800 | 952 | 50 | 160 | 620 | 90 | 30 | 2 |
| 1850 | 1247 | 75 | 205 | 790 | 110 | 65 | 2,5 |
| 1900 | 1656 | 130 | 295 | 950 | 130 | 145 | 6 |
| 1950 | 2516 | 180 | 393 | 1376 | 224 | 331 | 12,6 |
| 1980 | 4433 | 265 | 484 | 2568 | 481 | 612 | 22,7 |
| 1998<br>1999.12.10 | 5930<br>6000 | 283,5 | 416 | 3589 | 778,5 | 803,6 | 29,5 |
| 2008 | 6749,7 | 277,5 | 731,1 | 4075,4 | 987,0 | 891,5 | 34,7 |
| ortaça çaklama | | | | | | | |
| 2050 | 11081 | 391 | 592 | 6500 | 2005 | 1543 | 50 |
| 2100 | 12257 | 399 | 589 | 7134 | 2435 | 1647 | 52 |
| 2125 | 12277 | 399 | 586 | 7145 | 2446 | 1648 | 52 |

### 3. Ilatyň sanynyň artmagy bilen döreýän we çözülmegi mümkin bolan meseleler.

Ýer togalagynyň ilatynyň artmagy bilen adamzadyň durmuşynda birnäçe meseleler emele gelýärler. Olaryň ilkinjileriniň biri azyk meselesi. Ýer ýüzünde ilata azyk meselesini çözmek üçin BMG we onuň guramalary FAO, YUNESKO ykdysady taýdan gowşäk ösen döwletlere hemmetaraplaýyn kömek berýärler. Ol döwletleriň oba hojalygyny, ekerançylygyny we maldarçylygyny ösdürmeklige uly

ýardam edýärler. Azyk öndürmek mümkinçilikleriň ylmy esaslaryny öwrenýärler. Olaryň oba hojalyk kärhanalarynda işlär ýaly ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlapberýärler. Azatlygyny gazanan ösýän döwletleriň köpüsinde ekerançylykda hasyllyk pes. Hasyllygy ýokarlandyrmak hakda köp aladalar edýärler.

Ilatyň sanynyň artmagy bilen ýüze çykýan meseleleriň ýene biri ilatyň saglyk meselesi hasaplanýar. Dünýäniň ilatynyň sagatlygy üçin, adam bedenine gerekli iýmit ýeterlik bolmaly. Medisina hyzmaty göwnejaý guralmaly. Her bir döwlet sagaldyş öýleri keselhanalar, dynç alyş öýleri bilen üpjün edilmeli. Bu zatlary döretmek üçin maddy çykdajylar talap edilýär. Bu ýagdaýhemme döwletlere ykdysady taýdan ösen döwletler maddy, medeni, ykdysady taýdan goldaw bermeseler medisina hyzmatyny doly berjaý etmek gowşak ösen döwletlere başartmaýar.

Öňki mowzuklarda belläp geçişimiz ýaly ýaşlary, ýetginjekleri her hili häzirki zaman kesellerden goramak meselesi iň derwaýys meseleleriň biri bolup durýar. Ýaşlaryň arasynda neşekeşlik, ýokançly keseller ýaýran. Şol kesellerden ýaşlary goramak her bir terbiýeçiniň, ene-atantň borjy hasaplanýar.

Döwrüň esasy meseleleriniň biri ekologiki meseleler bolup durýar. Zawod-fabriklerde işleýän, olaryň golaýynda ýaşaýan ilaty hapaçylykdan goramak zerur bolup durýar. Şonuň üçin zawodlarda, fabriklerda arassalaýyş desgalary gurmak zerur bolup durýar.

Dünýäniň ilatynyň başga-da birnäçe çözmeli meseleleri bar. Olardan bilim, sowatlylyk, ýaşaýyş jaý, agyz suwy, durmuş hyzmaty, uruş we parahatçylyk we ş.m. meseleler ýüze çykarýarlar. Olary az wagtynda çözmek üçin her-bir döwleti ykdysady, medeni, ylym-bilim taýdan kuwwatlandyrmak zerurdyr.

| Sebitler | Ilat sany, mln | 2050 proekt | Ilat osusi 2005-2010 | Urban-Iziya % | Urban Artysy 2005-2010 | Daneli ekin-ler ga | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| | 6540,3 | 9075,9 | 1,1 | 49 | 2,0 | | 2,58 | 62 | 8,76 | | | 4696,000 | 80/77 | 1.734 | 83 |
| | 1214,5 | 1236,2 | 0,2 | 74 | 0,5 | | 1,58 | 99 | | | | | 10/9 | | |
| | 5325,8 | 7839,7 | 1,3 | 43 | 2,5 | | 2,79 | 57 | | | | | 87/85 | | |
| | 777,4 | 1735,4 | 2,3 | 27 | 4,0 | | 4,80 | 34 | 1.330 | | | | 155/144 | 306 | 58 |
| Afrika-1 | 925,5 | 1,937.0 | 2,1 | 38 | 3,2 | | 4,77 | 47 | | | | 1.196.052 | 156/143 | | |
| | 294,5 | 678,7 | 2,3 | 22 | 3,7 | | 5,35 | 35 | | | | | 153/138 | | |
| Burundi | 7,8 | 25,8 | 3,7 | 10 | 6,8 | 4,7 | 6,81 | 25 | 660 | 19,9 | 0,7 | 2.960 | 185/162 | | 79 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| Eritreýa | 4,6 | 11,2 | 3,1 | 19 | 5,2 | 5,5 | 5,20 | 28 | 1,050 | 9,8 | 2,0 | 8,183 | 84/78 | | 57 |
| Efiofiýa | 79,3 | 170,2 | 2,3 | 16 | 4,0 | 5,1 | 5,56 | 6 | 810 | | 3,4 | 68,629 | 164/149 | 299 | 22 |
| Keniýa | 35,1 | 83,1 | 2,6 | 21 | 3,9 | 4,7 | 5,00 | 42 | 1,050 | 25,2 | 1,7 | 70,577 | 115/99 | 494 | 62 |

| | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Madagas-kar | 19,1 | 43,5 | 2,6 | 27 | 3,5 | 3,6 | 5,04 | 51 | 830 | 8,7 | 1,7 | 16,043 | 123/113 | | 45 |
| Malawi | 13,2 | 29,5 | 2,2 | 17 | 4,7 | 3,6 | 5,81 | 61 | 620 | 14,4 | 3,3 | 68,418 | 172/162 | | 67 |
| Mawrita-niýa | 1,3 | 1,5 | 0,8 | 42 | 1,1 | 1,2 | 1,95 | 99 | 11,870 | 13,6 | 2,2 | 139 | 18/14 | | 100 |
| Mozam-bik | 20,2 | 37,6 | 1,8 | 35 | 3,9 | 3,2 | 5,24 | 48 | 1,160 | | 2,9 | 68,671 | 171/154 | 430 | 42 |
| Ruanda | 9,2 | 18,2 | 2,3 | 19 | 6,5 | 5,4 | 5,36 | 31 | 1,300 | 7,4 | 1,6 | 24,016 | 204/178 | | 73 |
| Somali | 8,5 | 21,3 | 3,1 | 35 | 4,3 | 5,0 | 6,17 | 34 | | | 1,2 | 3,240 | 192/182 | | 29 |
| Uganda | 29,9 | 126,9 | 3,6 | 13 | 4,8 | 2,8 | 7,11 | 39 | 1,520 | 11,6 | 2,2 | 61,945 | 135/121 | | 36 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| Tanza-niýa | 39,0 | 66,8 | 1,8 | 24 | 3,5 | 5,6 | 4,63 | 46 | 660 | | 2,4 | 64,268 | 169/153 | 465 | 73 |
| Zambiýa | 11,9 | 22,8 | 1,7 | 35 | 2,1 | 1,4 | 5,33 | 43 | 890 | 9,3 | 2,8 | 80,514 | 169/153 | 502 | 55 |
| Zimbabwe | 13,1 | 15,8 | 0,6 | 36 | 1,9 | 2,3 | 3,29 | 73 | | 16,1 | 2,8 | 44,253 | 120/106 | 767 | 83 |
| Merkezi Afrika | 112,6 | 303,3 | 2,7 | 40 | 4,1 | | 6,16 | 54 | | | | | 203/181 | | |
| Kamerun | 16,6 | 26,9 | 1,6 | 55 | 3,1 | 1,1 | 4,26 | 62 | 2,090 | 8,5 | 1,2 | 8,391 | 164/148 | 429 | 83 |

| | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Angola | 16,4 | 43,5 | 2,8 | 53 | 4,0 | 3,0 | 6,54 | 47 | 2,030 | | 2,4 | 18,807 | 245/215 | 606 | 50 |
| Merk.Afr. respublika | 4,1 | 6,7 | 1,4 | 38 | 1,9 | 1,4 | 4,70 | 44 | 1,110 | | 1,5 | 5,371 | 183/151 | | 75 |
| Çad | 10,0 | 31,5 | 2,7 | 25 | 4,4 | 1,8 | 6,66 | 14 | 1,420 | 11,0 | 2,6 | 4,202 | 206/183 | | 34 |
| Kongo DR | 59,3 | 177,3 | 3,1 | 32 | 4,9 | 4,3 | 6,72 | 61 | 680 | | 0,7 | 22,886 | 208/180 | 293 | 46 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
| Kongo R. | 4,1 | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | | | | | | | |